**TÜRKMENISTANYŇ BILIM MINISTRLIGI**

**Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersiteti**

***JANABAÝ ŞYHYÝEW***

# MOTIWASIÝANYŇ PSIHOLOGIÝASY

**Ýokary mekdepleri üçin okuw gollanmasy**

***Türkmenistanyň Bilim ministrligi tarapyndan hödürlenildi***

**AŞGABAT 2010**

**Şyhyýew J.**
**Motiwasiýanyň psihologiýasy.** Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw gollanmasy.– A.: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2010. 137 sah.

# Giriş

Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow döwlet başyna geçen gününden jemgyýetiň geljegi bolan ýaş nesle döwrebap bilim-terbiýe bermekligi ileri tutulýan meseleleleriň hatarynda goýdy. 2007-nji ýylyň Mart aýynyň 4-nde "Bilim-terbiýeçilik edaralarynyň işini kämilleşdirmek" hakyndaky Karara gol çekilmegi, bilim ulgamynda alnyp barylýan işleriň hilini ýokarlandyrmaga, mugallymlaryň okuw-terbiýeçilik işlerini netijeli guramaga esas döretdi. Okuw işi, guralýan terbiýeçilik çäresi özüniň milli düzüjisini özünde jemläp, ýaşlarymyzyň olary dogry we doly özleşdirmegi we amal etmekleri üçin zerur şertlere daýanýar.

"Psihologiýa" bölüminde bu dersiň dünýä derejesindäki ylmy we amaly gazananlary barada maglumatlar beýan edilýär. Bölümleriň we Baplaryñ saýlanylyşy talyplary şahsyýetiň maksadalaýyk ösüşiniň,adamlaryň bir-biri bilen göwnejaý aragatnaşyklaryny guramagyñ, özüñi we beýleki adamy şahsyýet hökmünde añlamaklygyñ möhüm şerti bolup durýan özeni psihologik düşünjeler bilen ýaraglandyrmak maksadyna gönükdirilendir. Alnan psihologik bilimler geljekki hünärmen mugallyma, ýolbaşça okuw we zähmet toparlarynda okuw-terbiýeçilik işini kadaly guramaga, ösýän şahsyýetiň okadylyşynda we terbiýelenşinde döreýän dogry we meseleleri döredijilikli çözmäge ýardam eder.

Dersde meýliň we emosiýanyň psihologiýasy boýunça esasy düşünjeler, dersiň wajyp meseleleri, wezipeleri, meýilleri öwrenmek boýunça ylmy taglymatlaryň netijeleri we tejribe barlaglarynyň öňdebaryjy usullaryny, tärlerini, serişdelerini talyplaryň dykgatyna ýetirilmeklik maksat edilýär. Adamda ýüze çykýan emosional ýagdaýlaryň özara baglanşygy we ýüze

çykyş ýollary, olaryň adamlaryň özlerini alyp barşyna edýän täsiri öwrenmek bile okuw-terbiýeçilik işleri alynyp barlanda, adamlar bilen iş salyşylanda zerurlygyň ýüze çykýanlygyny bellemelidiris. Psihologiýa ylmynda motiwleriň we emosiýalaryň aýratyn ders hökmünde öwernilmrgi talypara bu düşünjeler bilen baglanyşykly meseleleri ylmy hem-de onuň amalyýet taraplaryny doly öwrenmäge, tejribeleriň esasynda ýüze çykarmaga, gelinen netijeleriň hil we mukdar derejelerini kesgitlemäge mükinçilik döreder.

# 1-NJI BAP. MOTIWLERIŇ FIZIOLOGIK ESASLARY

**I. Motiwleriň fiziologik taýdan esaslandyrylyşy.** Haýwanlar ac bolanda ýa-da suwsanlarynda olaryň aşgazanlarynyň boşlygy zerarly bolup geçýän fiziologik özgerişlikler bolman, onuň esasynda beýniniň işi ýetýär. Syçanlarda geçirilen tejribede, olaryň aralyk beýnidäki «açlyk merkezini» aýyrsaň onda, ol açlyk duýman ölüp galar.

Şonuň üçin-de zerurlyk ýa-da ýetmezçilik bedeniňmotiwiniň başlangyjy bolup durýar we duýgur nerwlere öz täsirini ýetirýär. Açlygy duýmak üçin ilki öňe göz ýetirmeli (osoznat), ony bilmek hem nerw ulgamy esasy orun tutýar. Diýmek, motiwiň aýrylmaz fiziologik şerti M.N. ulgamynyň işine baglydyr.

Nerw — fiziologik esaslary öwrenmegimize itergi berýän zat psihologiýa bilen baglanyşykly soraglardyr. Esasy mesele, bizi hereketlendiriji we işi amal etmäge ýardam berýän zat — ol şertli reflekslerdir.

Paleý we Penskeýanyň geçýän tejribelerinde (mekdebe çenli çagalarda we kämillik ýaşyna ýetenlerde) purjyny gysmak bilen baglanyşykly mysalda reaksiýanyň ýüze çykyşy, aratapawudy, tizligi, ak göwünden ýerine ýetirilmegi tejribä gatnaşýanlaryň M.n.s. işine, görnüşine baglydygyny ýüze çykardy.

Murewýan N.P. şertli refleksleriň geçişini haýwanlarda tejribe geçirýär (iýmitiň möçberi (koliçestwo) we tagaly (wkus). Şertli we şertsiz refleksler özara baglanyşykly bolup daşky täsiriň netijesinde ýüze çykýar.

Meselem, çagalara täze şekilleri görkezseň, olarda (bilesigelijilik motiwi döreýär), kämillik ýaşyna ýetenlerde bir zat aýrsaň (sosial taýdan baha bermek motiwi) döreýär.

Refleksler hem biri-birinden tapawutlanýarlar. Gyjyndyryja bir ýa-da birnäçe organ jogap berýär. Funksional ýagdaýda gyjyndyryja jogap berlende nerw sistemasynda özgerişlik bolýar.

Funksional ýagdaýda motiwiň kanagatlanmasy ýa-da kanagatlanmazlygy gyjyndyryja baglydyr.

Motiwiň gönükdirilmesi — haýwanlarda synag edip bolar.bu ugurda Uhtomskiniň tejribeleri has aýdyň subut edýär. (Dominantlyk mehanizmi). Meselem: ajygan wagtynda ýa-da söýgi meselesinde.

**II. Şirmanyň, Uhtomskiniň, Anohiniň geçiren tejribeleriniň netijesi.** Şirman, 1923 ýyl. Şertli-hereket sorag reflensini açdy (oda degende eliňi çekip almak). Başda jaňjagaz bilen tejribe geçirilýär, soňra haýwanlarda geçirýär (gyzgyndan eliňi çekip almak). Soňra öz tejribesine jaňjagazy ornaşdyrýar we jaň kakylanda eliňi çekip almagy talap edýär.

Uhtomskiý A.A. dominantlyk düzgünini derňemek bilen motiwirlenen hereketiň gönükdirilme häsiýetini öwrenýär. Dominantyň esasynda daşky we içki gyjyndyryjylaryň täsiri netijesinde hereket ýüze çykýar. Meselem: gorag, ýumdyrmak, jyns gatnaşyklary. Haýwanlar ot iýen wagtynda diňe bir ýuwdunman, olar doýýançalar ot iýýärler.

Anohin P.K. Akseptor hereketi — nerw öýjükleriniň ulgamy bolup, oýanmanyň netijesinde herekete gelýär we duýujy sensaor merkezlerini hereket etmäge gönükdirýär.

Eger deňeşdirme esasynda aýtsak, beýni hereket edýän maşynynyň mehanizmi bolup durýan bolsa, onda ol silindir bolýar, dominant bolsa maşynyň roludyr. Motiw bilen emosiýa biri-birine aýrylmaz baglanyşyklydy, emosiýa haçan-da motiwiň kanagatlandyrylan ýa-da kanagatlandyrylmadyk ýagdaýynda ýüze çykýar.

Dürli emosiýalaryň ýüze çykmagy üçin ilki oýanyş bolmaly, soňra orentirleýji reaksiýa, kanagatlanmak ýa-da gaharlanmak ýüze çykýar. Eger gyjyndyryjy gowşak täsir

etse reaksiýa gowşak täsir ýüze çykýar, güýçli täsirde — agyry emele gelýär.

Uly ýarym şarlaryň gabygynda we gabyk astynda aýratyn uçastoklardan gelýän habarlar işlenilýär we jogap reaksiýasy bolup geçýär.

Adamda döreýän islendik motiw emosional ýagdaýyň ýüze çykmagyna getirýär we kanagatlanmany görkezýär.

Gipotolamusyň yzky bölegine täsir edilende oýanyş reaksiýasy orentirleýji reaksiýa, gahar-gazap bildirmek, täsin galmak ýüze çykýar.

Gowşak gyjyndyrmada onuň öňki bölegine täsir edilende uka gitmek, güýçli täsirde bolsa agyry, ejir çekmek ýüze çykýar. Ähli nerw kemala gelmeler (obrazowaniýe) emosiýanyň we motiwiň üsti bilen kadalaşdyrylýar. Spesiwik bolmadyk bölekler hem emosiýany kemala getirmäge gatnaşýarlar. Olar diňe bir ýarym şertleriň gabygynda däl, eýsem uly ýarym şertlerde ýerleýärler. Meselem: elektrik täsiri ýetende gasynlarda oýanyş emele gelýär.

Ýarym şarlaryň üstki bölegi nerw öýjükleri bilen örtülen dürli bölümlerde ýerleşýärler. Meselem: yzky bölekde ýerleşýän nerw öýjükleri görüşe jogap berýär.

Emosiýanyň ýüze çykmagy bilen baglanyşykly nerw kemala gelmeleri nerw ylgamynyň ähli böleklerinde bardyr. Gabyk asty bölümlerde dogabitdi emosiýalary kadalaşdyrýan nerw apparatlary ýerleşýär, gabykda-aňlanylan, sosial häsiýete eýe bolnan bölekler ýerleşýär.

Emosiýanyň psihologik tarapyny ýüze çykarýan M.n.s. bolsa-da, onuň belli bir býlekleri jogap berýär. Spesifik nerw kemala gelenleri gabydyň ýokary gatlagynda ýerleşýärler. Olaryň köp bölegi gipotalamusda, maňlaý bölekde ýerleşende. Gyjyndyryjy täsir eden wagtyda haýsyda bolsa obýekte gönükdirilen açyk ýüze çykýan häsiýete eýe bolýar. Meselem: iýmite, goraga, hüjüm etmäge, jyns gatnaşyklar.

Eger «açlyk merkezini» aýyrsak, onda haýwan iýmit gözlegine çykman açlygyndan öler ýa-da gipotalamusyň beýleki bir bölegini aýyrsa haýwan doýsada iýmesini dowam etdirýär.

Eger-de haýwanlara elektrik ýa-da hikimi usul bilen täsir edilip, olaryň M.n.s. maňlaý bölegine täsir etseň, onda gorag reaksiýasyny görmek bolar. Adam ýaralanmak zerarly ýarym şarlaryň gabygyna zyýan ýetse, onda akyl hem hünär gyzyklanmalary ýitýär.

Spesifik özüni alyp baryş ýapyk ulgamy emele getirmek bilen bir bütewi hereket edýär. Gipotalamus bilen gabygyň göni we aýrylmaz baglanyşygy bardyr.

Spesifiki däl bölekleri.

Ol esasan emosional ýagdaýlara öz täsirini ýetirýär we motiwirlenen hereketi ýola goýýar.

Nerw ulgamynda emosiýanyň we motiwiň nerw apparatlary giňişlik babatda çäklenýän däldirler, şonuň üçin-de olaryň funksional baglanyşygy ýeňilleşýär.

Hallyň reduksiýa taglymaty beýniniň görnükdiriji hereketi onuň kanagatlanýanlygyna ýa-da kanagatlanmaýanlygyna baglydyr diýip belleýär.

Kanagatlanmanyň peselmegi emosional ýagdaýa baglydyr (ejir çekmek, kanagatlanmazlyk).

**III. Motiw we endikleriň özara baglanyşygy.** Motiw we endikleriň özara baglanyşygy (newyk). Endikleri kemala gelmekde motiwiň orny uludyr. Endikler motiwiň belli bir ugra gönükmegine we durnuklylygyny üpjün edýär. Meselem: zähmet endikleri motiwleriň berkleşmegine getirýär. Başga bir tarapdan okuw we zähmet endikleri çalt kemala gelmegi we berkemegi üçin, okuwçynyň yhlas bilen okamagy, şol dersi içgin öwrenmegi, hünäri söýmegi bilen baglanyşyklydyr.

Motiwiň işjeňligi içki agzalaryň täsiri. Meselem: ajykmak ýa-da suwsamak. Ol näçe wagtdan bäri suwsaýar, ajygýar? Emma ähli adamda emosiýa we

motiwi deň derejede ýüze çykmaýar. Meselem: adamyň özi açlyga ýa-da suwsuzlyga çydamlylygy nähili.

Zerurlygy duýmak ýa-da kabul etmek — bu matiwiň başlangyç we orta zwenosydyr.

Endokrin ulgamy — meýillere degişli bolup, esasy wezipäni ýerine ýetirýär. Ner-tizologik ýagdaýlary üýtgemegine iýmitiň özleşdirilmegi, dem alyş, ganyň himiki düzümi degişlidir.

## 2-NJI BAP.GAHARJAŇLYK MEÝLINIŇ BAŞLANGYJY WE ŞAHSY AÝRATYNLYKLAR

**I. Gaharjaňlyk meýli we şahsy aýratynlyklar hakynda.** Gaharjaňlygyň derňewleri netijesinde, ýagny 50-nji ýyllaryň ortalarynda şahsy aýratynlyklary düşündirmäge synanyşyklar edilipdir. Bu synanyşyklar synlaýan gaharyň ýüze çykyşyndaky şahsyýetiň gurluş düzümi bolan gaharjaňlyk we gahary ýatyrmak (peseltmek) ýagdaýlarynda geçirilipdir. Alymlar (derňew geçirýänler) şahsyýetiň gurluşyny hem-de meýillerini ölçemek üçin birnäçe usullary işläpdirler. Emma, 60-njy ýyllaryň başynda elektrorazýadly tejribehanalaryň döredilmegi bilen ol usullar yza geçirilipdir. Jemgyýetçilik öwredilme taglymatynyň ornuna täsir ediş şertiniň garşy durmagy, şahsyýetara tapawutlar hem meýle psihologik taýdan zyýan ýetmegine, şertli gahar hereketiň seljerişiniň üns berilmezligine getirdi. Kabul edişiň tejribe ýagdaýyndaky şahsy aýratynlyklar alnan maglumatlaryň hasabat ýalňyşlyklarynyň arasy bilen ýok bolup gitdiler. Bu ýagdaý tejribede duşmançylykly we enjamlaşdyrylan galyndy gahary oýandyrýar. Şahsy aýratynlyklaryň saýlamalarda gözegçilik edilmezliginiň sebäbi, dürli şertli ýagdaýlara garamazdan tejribede alynýan netijeler gapma-garşylykly bolup, gaharyň şertlerini aýdyňlaşdyrmak hiç hili ösüşde bolmandyr.

**II. Şahsyýetiň häsiýetnamalary.** Alymlar şahsyýetiň häsiýetlerine ýüzlenmek bilen, olary ölçemeklik başga maksatlar üçin döredilen hem bolsa ahyrky netijeleriň has önümli bolýandygyny birnäçe mysallarda görkezýärler.

Adamlary gaharjaňlyk derejesi boýunça tapawutlandyrylanda çärýek ölçegi MMPI (Minnesatyň köp derejeli şahsyýet soragnamasy) ulanylýar. Uilkins we Ştarff şol ölçeg boýunça ýokary we pes derejeli gaharjaň adamlary kesgitläpdirler. Birinji ýagdaý, ýokary derejesi sap enjamlaşdyrylan otagda adamlar mejbur edilende ýüze çykypdyr, ikinji ýagdaý, pes derejesi adamlaryň göwnüne degilen ýagdaýynda döräpdir. Şeýle-de dürli şahsyýetiň häsiýetleriniň hatary bolup, ol gaharyň togtadylma derejesine gönükdirilendir. Mysal üçin: Darski öz tejribesinde Teýloryň usulyny ulanypdyr. Şonda iň oňat wagta ýaryş gurnalyp, synag geçirilýän adamlary jemgyýetçilik biynjalyksyzlar boýunça bölüpdir. Haçanda ýörite kömekçi adam toguň güýçlüligini kem-kemden artdyranda, pes biynjalyksyz synag geçirilýän adamlar şol derejede, ýagny toguň güýçlülik derejesi bilen jogap beripdirler. Şol bir wagtda ýokary ynjalyksyz synag geçirilýän adamlar üçin bolsa kiçi güýçlülik ulanylypdyr. Kömekçi adamyň özüniň hemaýaty bilen güýçlülik ulanylanda, diňe ýokary derejeli jemgyýetçilik ynjalyksyz synag geçirilýän adamlar özlerine erk edijilik bilen saklapdyrlar. Pes derejeli jemgyýetçilik ynjalyksyzlara garanyňda bu ýagdaý tersine bolan bolsa, olar toguň ortaça güýjüni dört (4) gezek ýygy-ýygydan ulanardylar. Şolar ýaly netijeleri Teýlar test arkaly ýüze çykarypdyr. Onuň netijeleri «ýokary gözegçilikli» synag geçirilýän adamlaryň testlere bellän jogaplary esasynda öz-özüne baha bermek häsiýetiniň ýykgynlygyny barlaýan duşmançylygyň ýatyrylmagyna getiripdir. Özleriniň ýoldaşlaryna bu synag geçirilýän adamlar hemişe toguň kiçi güýji bilen jogap beripdirler. Dengerinkyň, O'Liriň

we Kaşneriň işlerinde bu ýagdaý adamlaryň daşky gözegçiligine garşy goýlan içki gözegçiliginde görkezilendir. Bu agzalan şahsyýetiň häsiýetleri jezaň öňündäki gorka ugrukdyrylan gaharyň içki togtamasynyň yz ýanyndan öz-özüne baha bermek netijesinde özüniň gaharjaňlygynyň günä duýgusyna täsir edýär. Knot, Leýzeýter, Şumman we beýlekiler gaýgyçyllyk günäni bellik edýän testi ulanyp, gaharyň içki togtamasyny ýüze çykarypdyrlar. Bassa-Darki test esasynda gaharjaňlygy we duşmançylygy kesgitläpdir.

**III. Taglymatyň bölekleýin işlenilşiniň esasy.** Öň görkezilen taglymatyň başlangyjy esasynda hyýaly gaharyň anyklygy boýunça yzarlanan gapma-garşylykly gahar derejesini we onuň togtamasyny ýüze çykarýar. Oňa Olweusyň gaharjaň endik derejesiniň we onuň togtama endik derejesiniň aratapawut esaslaryny mysal getirmek bolar. Ol şeýle ýazýar: «Adamyň gaharjaň endik derejesi kesgitli synp ýagdaýyna baha bermäge, ýagny howply we zyýanly ýaly düzülýär. Işjeňligiň esasy ugrukdyryjy bahasy adama zyýan ýetirýär ýa-da ynjalyksyzlygyň üstünden eltýär». Şu esaslar üç üýtgemäniň arasynda ýakynlaşdyrylan baglanyşygy ýola goýýar: oýandyryjy ýagdaýyň derejesi; meýliň durnukly güýji we şu pursatdaky meýliň güýji.

Bu üýtgemeleriň arasyndaky ähmiýeti ugurdaş hasaplanýar, sebäbi bu ýagdaý gaharyň täsir meýilnamasynda bolşy ýaly, onuň togtama meýilnamasyna hem häsiýetlidir. Kornadt öz seljermesini iki çaklama meýillerde — gahar we gaharjaňlygy ýatyrmak ýaly garaýyşlara esaslanypdyr. Onuň pikiriçe: «Ähli hadysalaryň başlangyjy haýsydyr bir kynçylyklar bilen, ýagny howpdan ýa-da adama göçgünlilikden ýetirilen agyrydan başlanýar» diýip belleýär. Şolaryň arasynda-da gowy, ýaramaz hem-de hiç hili gatnaşyklaryň ýoklugy anyklanypdyr. Şolaryň içinde käbir alymlar öz netijelerinde birnäçe bulaşyklygy kesgitleýärler. Olardan

Massen we Neýlar hyýaly gaharyň we gorky jezalaryň arasynda aratapawutlary geçirip, hyýaly gahar bilen ýetginjeklerde 9-dan 15 ýaşda hakyky gaharly ýagdaýlaryň arasynda oňat (gowy) gatnaşygyň barlygyny kesgitleýärler. Alnan maglumatdan netije çykarylanda şeýle aýdylýar: gaharyň togtamasyna gowşak meýil bildirilýär. Köp derejede dar baglanyşyk, haçanda gaharyň togtamasynda goşmaça gorky jeza ýagdaýy ýüze çykanda bolýar. Şol maksat bilen hem Mak-Kesland içki we daşky togtama çeşmelerini şöhlelendirýär. Esasanam, içki sypatlary kadaly ýetginjeklere häsiýetlidir. Lesseriň barlaglarynda 10-13 ýaşly ýetginjekleriň gahary öz deň-duşlaryna garşylyk çäreleri görkezýär, haçanda olaryň özüni alyp barşynyň gaharjaňlygy r=+0,41, eger gahary kabul etmese, olar ýaramaz gatnaşyk bolup r=-0,41 deňligi görkezilýär.

Kagan 6-10 ýaşly oglanlar üçin birnäçe suratlary oýlapdyr. Ol suratlarda oglanlaryň deňleri bilen dawaly ýagdaýlary, esasanam özüňi alyp barşyň nusga görnüşlerini (mugallymyň bahalandyryşy boýunça) şekillendirilen. Şolar ýaly suratlaryň kömegi bilen garaşylan ugurda görkeziji we gaharjaňlygy mekdep durmuşynda ýüze çykaryp bolýar.

**IV. Meýilleri ölçemek.** Meýilleri ölçemekde Olweusyň we Karnadyň işleriniň üstünlikleri hyzmat edýär. Olweus test we çyzgy usulyny işläp düzýär. Ilki bilen onuň test usulyna seredeliň. Bu test ýetginjekler üçin gahar testdir we ol bäş sany bölekden düzülendir:

1) Dil üsti gahar — (ululara garşy gönükdirilen, şonda ýetginjek adalatsyz gatnaşyklar bilen gabar gelýär. Mysal üçin: «Haçanda haýsydyr bir uly maňa gaharlansa, men gaharymy daşyma çykaranymy duýmaýaryn»).

2) Fiziki gahar; (öz deňlerine garşy gönükdirilen. Mysal üçin: «Haçanda haýsydyr bir oglan meni gaharlandyrsa, meniň oňa ýumruk beresim gelýär»).

3) Gaharjaňlygyň derejesi; Mysal üçin: «Men ýygy-ýygydan şeýle bir gaty gaharlanýaryn, şonda bir zady oklasym, döwesim gelýär»).

4) Gaharyň togtamasy — mysal üçin: «Men köplenç özüme gahar edýärin, sebäbi özümi nädogry alyp baranlygym üçin», ýa-da «Men ulular gaharlananda, özümiň nädogry hereket edendigimi duýýaryn».

5) Öz-özüňe hasabat — «Mekdepde men hakda hiç hili ýaramaz gürrüň edenoklar».

Şolar ýaly şertler esasynda düzülen testi Olweus 12-den 16 ýaş aralygyndaky okuwçylaryň iki synpyndan 4 sany okuwçyda synag edip, şeýle ölçegleri alypdyr:

Onuň çyzgy usuly gaharyň togtama derejesini häsiýetlendirýär. Ýokardaky tablisadan görnüşi ýaly tekst usuly diňe açyk we togtadylan gahary işeňňirleşdirýär. Indi bolsa çyzgy usulyna seredeliň. Onuň esasy düzüjisi bolup, dört sany gutarylmadyk wakalar düzýär. Synag geçirilýän adamlaryň ýaşy 12-den 14-e çenli ýetginjekler. Şol gutarylmadyk wakalaryň her birinde uly erkek adam ýetginjekler üçin närazylyk we howply ýagdaýlary dörediji edip beýan edilipdir. Synag geçirilýän ýetginjeklerden şol hödürlenen ýagdaýda üç soraga jogap bermegi we wakanyň dowamyny düzmegi, şony gutarmagy (soňlamagy) talap edilýär.

Olweus şu usulyny geçirmeklik bilen şeýle netije çykarýar we test hem çyzgy usulyny deňeşdirýär: ýagny, test geçirilendäki ýagdaý bilen çyzgy usulynyň täsiri gaharyň derejesine we onuň togtamasyna birmeňzeş ýetirilýär. Synag geçirilýän adamlary köpsünde bularyň ikisem bir wagtda işjeňlenýär. Baglylyk derejesi r=0,90 deň. Esasy synag geçirilýän adamlar ýetginjekler bolandygy üçin Olweus deňeşdirmede gündelik durmuş ýagdaýyny hem belläpdir.




Kornadt bu usullaryň has inçe serişdesini hödürleýär. Ol özüňi alyp barşyň meýilli gaharjaňlyk derejesini we gaharjaňy hem gaharyň togtamasyny, ölçemekligini ýüze çykarypdyr. Onuň esasy täsir düzüjisi bolup, erkek adamyň şekili, görnüşi şekillendirilen sekiz sany suratdyr.

Esasy erkin, gowşak, ortaça we güýçli gaharyň pursatlaryny dörediji iki sany suraty ulanypdyr.

Kornadtyň geçirişi hem Olweusyňky ýaly tertipde geçirilipdir, ýöne hiç hili waka bilen baglanyşykly meýli we gaharyň togtamasynyň meýli bolup durýar. Tejribeden alan maglumatlarynyň esasynda çykaran netijesi: içki ylalaşyklygyň ugurdaş görnüşi r=0,50 deň, esasy meýilleriň derejeleri (ikisi hem üçin) bolsa k=0,90 golaýlapdyr. Şonda esasy ýüze çykan meýilleri: üstünlige garaşmak; maksada ýetmek; işjeňlik; jezaň ýa-da kynçylygyň öňündäki gorky ýa-da mertlik; gynanç, şatlyk bildirmek we beýlekiler diýip belleýär. Hemme aýdylanlary jemläp, şeýle netije çykarmak bolar: adamlarda, esasanam ýetginjeklerde gahary ýatyrmaklyga synanyşmalydyr. Sebäbi gahar etmek, gaharly bolmak agyr kesellere, howply ýagdaýlara eltip biler. Hiç haçan gahar etmezlige çalşyň! Öz gaharyňyzy basyp ýatyryň!

## 3-NJI BAP. MAKSAT WE MOTIWLER

Adamyň mötiwiniň işjeňligini kesgitlemek üçin işjeňlige näderejede dahyllylygyny kesgitlemelidiris. Adamyň öňde goýan maksadyna ýetmegi onuň ukybyna, başarjaňlygyna, alyp barýan işiniň aýratynylygyna we ony öňe hereketlendirýän güýje (motiwe) baglydyr. Meselem: Egerde dalaşgärde ýokary okuw mekdebinde okamaga höwesi ýok bolsa, ol giriş söhbetdeşligini tabşyrmaz, eger-de sportsmen utuş gazanamak üçin ymtylmasa, baş baýragy alyp bilmez.

Motiw obýektiw zerurlyk esasynda ýüze çykýar. Meselem: ajykmak, suwsamak, nämede bolsa bir zat ýetmese. Biziň ýokarda sereden mysallarymyzda: biliminiň pes derejededigini, sportsmeniň taýýarlygynyň pesligi bolup durýar. Adamyň öňde goýan maksadyna ýetmäge bolan ymtylyşy ýönekeý bir serişde bolup çykyş edýär. Muňa «maksadyň mazmuny» diýip at berýär.

Şonuň üçinde hemişe maksat bilen netije bir bolup durmaýar. Aýry-aýry motiwleriň üsti bilen hem maksadyňa ýetseň bolar. Meselem: ýokary okuw mekdebine okuwa girende. a) Şol ylym bilen içgin gyzyklanmak; b) Hünär edinmek; w) Ýokary tölegli işde işlemek. Esasy mesele, obýektiwlikdir. Jemgyýetiň talaplaryndan ugur alynmagy, jemgyýetçilik ähmiýeti bolmagy zerurdyr.

Çözülýän meseläniň ähmiýeti we maksady başga-da bolup biler. Meselem: Sportmen, öň şöhratyny artdyrmak üçin rekord gazanyp biler, şol bir wagon öňünde ol öz döwletiniň we klubynyň abraýyny artdyrýar. Öz işiňde obýektiw talaplara göz ýetirmek, şonuň netijesinde maksady oňlamak bolup deçýär. Meselem: ýaş çagalarda zähmet işine gatnaşdyrylan, olaryň ýerine ýetiren işleriniň jemgyýetçilik ähmiýetine göz ýetirmekleri zerurdyr. (Zähmet okuwynda) ýa-da önümçilikde işleýän adam köp gazanç etjek bolup brak önüm öndürse, jemgyýet zyýan çekýär.

Adamyň işinçe haýsy motiwiň güýçli täsir edýänligine köp zat baglydyr. Meselem: Ol maksada ýetmäniň düzümine doly göz ýetirmeýär. Bäşlik almany arzuw eden okuwçy öz çykyşyna özi ýokary baha berýär.

Motiwiň maksada täsir edýänligini görmek tejribede başardýar. Meselem: Birnäçe signallary birmeňzeş reogirlemek bilen çalt-çaltdan gaýtalanýan signala tiz jogap berýär, beýlekisine-de haýal. (W.D.Iwannikyň tejribesi, 50-51 sah.) Islemeýän zadyň gaýtalanmajak ýoly bolup görünýär.

Kä ýagdaýda maksat özüne çekiji bolmaga elýetmez ýaly bolup görünýär. Oňa sebäp bolýan zatlaryň biri-de işjeň motiwiň ýoklugydyr. Tersine, örän kyn tabşyryklar hem adamda işjeň motiw bolanda aňsatlyk bilen hötde gelinýär. Meselem: razwedçikler.

Maksada göz ýetirmek üçin haýsy şertler gerek:

1. Obýekt, predmeti saýlap-seçip almak;

2. Hereketleri takyk kesgitlemek.
3. Maksada ýetmek üçin ynamly bolmak.

Bularyň üçüsi-de motiwiň aýrylmaz şertleri bolup durýar.

Bu meseläni doly aýdyňlaşdyrmak üçin Ahyň geçiren tejribesine seredip geçeliň (51 sah.). Meselem: birnäçe gezek gaýtalamak bilen tejribe gatnaşýanda assosasiýa döretmek. Eger tabşyryk takyk berilse, jogap dogry bolýar, bolmasa köp sanly ýalňyşlyk goýberilýär. Ah muňa «Erkiň ýöriteleşen determinasiýasy» diýip at berýär. Durmuşda-da biz şu kanundan ugur alýarys.

Motiwiň işjeňligine maksada ýetmäniň dowamlylygy we giňişligi (prostranstwo) öň täsirini ýetirýär. Meselem: haýwanlarda geçirilen tejribelerde. Olar iýmite ýetmek üçin ýörite guralan geçmeli bolýarda, ol hem öň gezginde birnäçe bölekden durýar. Eger jandar iýmite tarap ýokary çaltlyk bilen hereket etse, onda açlyk oňa ýiti täsir edýär. Emma, şol bir hereket birnäçe gezek gaýtalansa, endigi bolsa, onda iýmite golaýlaşdygyça hereketi güýçlenýär. Bu hadysa ABŞ alym Hell gradiýentom seli (maksady grafiýenti) diýip et berýär.

Maksadyň gradiýenti motiwiniň ilkibaşdaky güýjüne baglydyr. Meselem: Eger-de haýwan 48 aç bolan bolsa, 24 sagat açlyk çekene seredeniňde maksada ýetmek üçin tizlik ýokary bolýar.

Bu meseläni P.Gortunkel sportsmenlerde öwrenmek bilen ok atýan sportsmenler şahsy ýa-da toparlaýyn ýeňiş gazanmak isleýärlermi, olaryň özleri çözýärler. Eger iki motiw öňe çyksa, adam haýsy-da bolsa birini saýlap almaly bolýar.

A.S.Makarenko öň pedagogik işinde bu meselä aýratyn üns beripdir. Meselem: Okuwçylary jemgyýetçilik -zähmet işinde kollektiwiň öňünde duran maksatlar dürlidir.

a) Ýakyn; b) Orta (aralyk); w) geljekki maksatlar. Motiwe täsir edýän zatlaryň biri-de onuň jemgyýetçuluk-ahlak tarapydyr.

Maksada ýetmäniň ähmiýetine üns çekmek. Meselem: Okuwça dürli derejedäki çylşyrymly meseleler hödürlenen bolsa, iň kyn meseläni çözmek üçin ýokary işjeňlik görkezýär. Meselem: Ruhnamadan geçirilen bäsdeşikler ilki 25 sorag, soňra 100, 800 sorag. Esasy zat adamda öňde duran wezipä amal etmek üçin berk ynam bolmaly.

Işiň netijesine anyk göz ýetirmek maksady bilen, ilki döredilen şerti we bildirilýän talapy ýüze çykarmaly. Meselem: talyp haýsy kanunlary göz öňünde tutup meseläni işlemelidigini göz ýetirse, ony dogry çözmeklige ymtylyş ýokary derejede bolýar.

Diýmek maksat bilen motiw özara baglanyşykly düşünjeli bolup durýar. Adamy motiwem, maksadam ýaş aýratynlygyna, hünärine, durmuşyna görä özgerýär. Sebäbi adamyň maddy we ruhy islegleri ýokarlanýar.

A.S.Makarenko toparyň öňünde goýulan maksady kesgitlemek meselesine aýratyn üns çekýär. Toparyň näçe jemgyýetçilik — zähmet işjeňligi ýokary bolsa, şonda-da öňde goýlan maksada çalt we netijeli amal edip bolýar.

Adamyň durmuşda öňde goýan maksady motiwiniň jemgyýet-ahlak häsiýetine baglydyr. Indiwidual motiwlerde öňde goýlan maksat bilen adamyň işjeňligi özara ylalaşykly hereket edýär. Meselem, Okoneşnikowanyň geçiren tejribelerinde çagalar öňler üçin salfetka, korzina taýýarlanlarynda işjeňlik ýokary derejede bolsa, eger-de olara taýýarlan zatlaryňyzy mugallyma tabşyrmaly diýilse peselýär

Diýmek şahsy motiw bilen jemgyýetçililik mptiwiniň arasynda aratapawut duýulýar.

Motiwiň işjeňligi jemgyýetiň öňündäki jogapkärçilige bolan garaýşyna baglydyr. Amala aşyrylyp

bolmajak arzuwlarda motiw ýuwaş-ýuwaşdan öz güýjüni ýitirýär (Jigelin tejribesi).

Işiň maksady onuň obýektiw şertleri öwrenilenden soň ýüze çykýar. Adam özüniň nämä mätäçlik çekýänligini kesgitlemek üçin, haýsy zatlaryň, predmetleriň zerurlygynh anyklamaly we onuň özüne zerurlyk gatnaşygyny takyklamaly. Meselem: eger talybyň öwrenýän ylmy düşünjesi, ylmy kanunlary geljek durmuşynda peýdalanmaly bolsa, onuň şu meseläni içgin öwrenmäge bolan gyzyklanmasy ýokary derejede bolýar.

Işiň maksadyna aňly-düşünjeli göz ýetirmek üçin obýektiw sebäpleri töwerekleýin öwrenmeli, ege rşeýle etsek onda biziň hereketimiz yzygiderli, maksadaokgunly bolar, şol pursatda peýdalanmaly usullarymyzy we serişdelerimizi ýerlikli peýdalanyp bileris.

Adamyň jemgyýetçilik-syýasy meýilleri onuň dünýägaraýşyna, jemgyýetçilik işjeňligine baglylykda ýüze çykýar we kämilleşýär. Adamyň şeýle derejede işjeň bolmagyna öz maksatlaryny jemgyýetiň maksatlaryna laýyklykda guramaklygyna degişlidir.

Diýmek meýil bilen maksat baglanyşykly diýen netijä gelip bolar. Adam öz öňünde nähili maksat goýsa oňa täsir edýän, herekete getirýän güýç hem şol derejededir. Kä ýagdaýda maksatlar takyk goýulmaýar, oňa ýetmegiň ýollary aýdyň kesgitlenilmeýär. Maksat goýlanda amal edilip bolunjak, hakyky we ýakyn aralykda bolmalydyr.

Adamyň maksady, onuň herekete getirýän güýçler hem ömrüniň dowamynda üýtgeýär. Meselem: okuw döwründe täze bir garaýyşlar, gyzyklanmalar, maksatlar talyplara özboluşly täsir edýär. Ýa-da zähmetde hünäriňe bolaý täze gyzyklanmalar ýüze çykýar. Meýliň şeýle üýtgemegine täsir edýän 2 zat bar: 1) Adamyň maddy ýagdaýlarynyň üýtgemegi; 2) Ruhy isleginiň kämilleşmegidir.

Belgiýaly psiholog Hýuteni aýtmagyna görä (56 sah.): «Her bir motiwiň aňyrsynda organizmiň daşky gurşawy bu gatnaşygy ýatyr» diýip belleýär. Motiw ýüze çykmak üçin öz islegini kanagatlandyrmak üçin adama haýsy zadyň, predmetiň zerurlygyny ýüze çykarmaly, kesgitlemeli bolýar. Bu ýagdaý ilkinji bolsa-da, onuň aňyrsynda aňly kesgitlenen hereket ýatyr. Adam tebigata, jemgyýete we öz-özüne göz ýetirmek bilen özüniň hereketlerini kadalaşdyrýar. Bu bolsa motiwoň rosional görnüşi bolup, motiwiň üýtgemegi dünýä we özüňe bolan gatnaşykdan gözbaş alyp gaýdýar.

Platon 2200 ýyl mundan öň öz işinde (Gippiý mladşiý): «Haýyr (ýagşy) işleri durmuşda, dünýäde barlygyna ynanýan, şoňa uýýan adamlar amal edip bilerler».

## 4-NJI BAP.KÖMEK MEÝILLERI

**I. Psihologik kömegiň derňeliş taryhyndan.** Jemgyýetçilik özüňi alyp barşyň «negatiw» görnüşinden tapawutlylykda ýaramaz gatnaşyklary öwrenmeklikde nerw bozulmalarynyň sebäbini düşündirmäge dürli alymlar dürlüçe çemeleşdi. 60-njy ýyllaryň II-nji ýarymynda özüňi alyp baryş kömeginde derňewleriň sany birden köpeldi, onuň sebäbiniň düşündirilişi ylymda bolşy durmuşda hem bardyr. Oňa ilki bilen güýçli jemgyýetçilik çagyryşy 2 waka degişlidir. Birinjisi Eýhmanyň üstündäki işde ýüze çykypdyr, adamlara gijiräk ünsi çekeji, olar II jahan urşunda ýewreýleri ýiti howply şertlerde ýok edilmeginden halas edipdir.

1962-nji ýylyň netijesinde ABŞ-da jemgyýetçilik topary öwrenilipdir. Onuň esasy maksady maksady hem topardaky adamlaryň şahsy häsiýetlerini we meýillerini ýüze çykarmakdyr. Gynansakda, berlen synaýşyk şahsy ýetiň psihologiýasynda dörese-de, önümsiz bolup çykdy.

Hasda beteri derňewçileri diňe 27 sany ýüzüni üýtgedip ýetişen şertleri topary ýygnamak başartdy. Söhbetdeşlik netijesinde olara degişli birnäçe aýratynlyklary başdan geçirmeleri, ahlak taýdan ene-atalar bilen gatnaşyklary, jemgyýetçilik şertleri ýüze çykaryldy.

Ikinji waka 1964-nji ýylyň Nowruz aýynyň 13-inde gije Nýu-Ýorkuň wokzal meýdany Bronksde öldürilen aýal (Ketrin Lenawez) bilen baglydyr. Ganhora 3 ugruny pida aýala ugrmaklyk üçin we soňunda öldürmeklik üçin ýarym sagat wagt gerek bolupdyr. Şoňa garamazdan goňşy jaýlarda 38 sany adamlar ýatmandyr, olar äpişgä gelip bu ýagdaýy synlap durupdyrlar. Olaryň hiç haýsysy goşulmandyr, kömegi hem çagyrmandyr. Aýylganç sesden adamlar howsalaly we aljyraňly ýagdaýa düşüpdirler. Bu wakany hiç bir alym alym doly düşündirip bilmändir. Şoňa derek alymlar bu geçen ýagdaýy bilen mezlik, ýüregiň gynmaklyk, ýekelik ýaly sebäpler diýip belleýärler. Bu ýagdaý birnäçe durmuş psihologlaryň kazyýet düşünjelerinden ol çekiji özüni alyp baryşy we hakyky durmuşa gabat gelýän kömek hereketlerini öwrenmeklige iterdi. Durmuşy psihologiýanyň tarapdarlary tejribe otagynda tejribede «hakykatdanda bölege» garşy durýarlar. Kömek soraýjy ýagdaýlaryň derňewleri kömekçiler we gatnaşyjylar tarpyndan köçelerde, ulaglarda geçirilýär. Kömege mätäç adam geçip barýanlara ýa-da şol ýerde bar bolanlara nätanyşdyr. Kömek ýagdaýyny ulanyjylary ýardam we hal-ýagdaý sypatlara bölýärler, olar çylşyrymly bolup durýar. Olaryň birinjisine şu görnüşdäki soraglar bilen ýüzlenýär «Sagat näçe?», ýa-da «Bu ýerden nädip geçmeli?» jaň etmeklik üçin soramaklyk, zerur bir iş bilen meşgul adamdan nämedir bir zat soramaklyk;

Agyr ýagdaýlar şu sypatlar bilen görkezilendir: adamyň çaşmagy ýa-da goňşy otagdan aýalyň merdiwanda ýykylşynyň esidilmegi, köçede kimdir biriniň özünden gitmegi we şuňa meňzeşler. Şu wakalarda biz üçünji şaýat

hökmünde gatnaşyp, şol ýagdaýlara düşen adamlaryň haýsyna kömek berilýändigine ýa-da berilmeýändigini kesgitlemelidir.

**II. Ýagdaýyň şerti.** Kömek ýagdaýynyň başlangyç seljermesi Latena we Darliniň «Çagyrylmadyk şaýat: Näme üçin ol kömek edýär?» atly ylmyň aýry-aýry ugurlaryndan düýpli edilen iş tarapyndan berilendir. Ilki bilen gündeki ýagdaýlarda saklanalyň. Nýu-Ýork metrosynyň ýolagçylaryna we geçip barýanlara dürli sebäpler boýunça birden kömek soralýar. Şol ýerden alnan maglumatlar örän ýönekeý, ýagny berlen ýagdaýda kömek beren adamlaryň sany göterimde görkezilýär. Mysal hökmünde geçip barýandan az mukdarda pul kömegini hyýş etmek. Eger adam: «Siz maňa 25 sent berip bilmersiňiz» diýip sorasa, onda diňe adamlaryň 34% onuň haýyşyny bitirerler. Bu görkeziji haçanda soraýjy öz adyny goşan wagtynda 49% haýyşyny jaň etmeklik arkaly aňlatsa 64%, ýa-da gapjygym ogurlandy diýip aýtsa 72% köpelýär. Bu mysal başga-da birnäçe dürli mysallar ýaly kömek hereketini beriji adamyň ilki ýagdaý bilen oňat ýakyndan tanyşmalydygyny we bolup geçýän zatlara aýdyň göz ýetirmeli, ýagny dogurdan hem kimdir biri kömege mätäçmi ýa-da oňa goşulmalymy ýa-da ýokdugyny kesgitlemelidigini görkezýär. Geçip barýanlar, mysalda gürrüň edilýän ilki bilen özünden kömek soran adamyň meýlini bilmäge synanyşypdyrlar.

**III. Çykdajynyň we peýdanyň hasaby.** Alnan maglumatlary düşündirmek üçin Latena we Darli «çykdajy we peýda» üns beripdirler. Olar bu pikiri ulanmaklyk üçin ýönekeý shemany düzüpdirler. Bu shema kömek beriji adamyň kömek edýän we etmeýän ýagdaýyndaky hereketleriniň çykdajy we peýda gatnaşyklaryny hasaplamaklyga degişlidir. Bu ýagdaýlary barlamaklyk üçin Nýu-Ýorkuň metrosynda şeýle tejribe

geçirilipdir. Tejribäniň 2 sany kömekçisi ($P_1$ we $P_2$) wagona girýärler; $P_1$ ýolagçylaryň biriniň ýanynda oturýar, $P_2$ olaryň ýanynda oturýar, $P_2$ olaryň ýanyna baryp, birbada ikisindenem otlunyň merkeze tarap barlanýanlygyny soraýar. Oňa $P_1$ nädogry jogap gaýtarýar. Başga ýagdaýda sahnadaky oýunlar tejribe geçirilipdir: $P_2$ $P_1$-iň aýagyna basýar. Birinji ýagdaýda $P_1$ gaharlanýar, ilkinji ýagdaýda bolsa gaharyny saklamak, sabyrly bolmak bilen çäklenýär. Alnan netijeler çykdajysynyň täsiri bilen ylalaşýar. $P_2$ $P_1$-iň aýagyna basmaklygynyň birinji ýagdaýy 16%, ikinji ýagdaýy bolsa 28% toplady, soňky iki ýagdaýda ýardam etmäge taýýar ýolagçylar goşulmagy gorkan bolmagy mümkin. Sebäbi ýolagçylar kömek bermäge goşulyşsalar, ýanyndaky oturan galmagallap, bar gaharyny olardan çykarmagy ähtimal. Bu derňewde bir wagtyň özünde şeýle ýagdaý bellenilen, ýagny dürli ýagdaýdaky kömek faktory — öz üstünden jogapkärçiligi aýyrýar. Bu tejribäniň esasy aýratynlygy, beýleki derňewlerde bolşy ýaly «köçedäki adam bilen» netijeleriň aýdyňlygy we düşnükliligi bolup durýar. Şeýle ýagdaýy Penner, Sammers, Brukmaýr we Dertke derňäpdir.

Alymlar öz derňewlerinde «ýitirilen dollar» mysaly ulanypdyrlar. «Ýitirilen» dollar iş gapjykda (eýesiniň ady we adresi hem bar) ýa adresli bukjada ýa-da ýönekeý ýerde we oturgyçda ýatan bolmaly. Dollar diňe üç dürli otaglarda tapylmagy mümkin:

1) Öz bölüminiň (psihologiýa bölümi) tejribe otagynda şol ýerde synag geçirilýän adam hökmünde ýekelikde ýumuşy ýerine ýetirýän talyp tapandyr.

2) Başga bir bölüminiň otagynda ol ýerde talyp haýsydyr bir sapak diňleýärkä tapandyr.

3) Uniwersitetiň hajathana otagynda tapylandyr.

Biziň öňden garasysymyz ýaly, bilinmeýän ýerden tapylan dollar ýygy-ýygydan özüňki hasaplanýar. Ýagny hajathanada — 58%, başga bir bölümde — 18% öz bölümiňde — 15% ýagdaýlarda. Ondan başga-da

bilinmezlik derejesinden dollar örän seýrek eýesine gaýtarylýar. Otaglardaky ýagdaýda 18%; 35% we 40% yzyna berilýär (galan ýagdaýda dollar gaýtarylmaýar). Şol bir wagtyň özünde tapylan ýerine garaşsyzlykda iş gaýjykdaky dollar bukjadaka garanyňda ýygy eýesine gaýtarylypdyr, soňky ýagdaýda bolsa ýönekeý ýerde ýatan dollar hasaplanyp, öz adyna geçirýärler. Bu ýagdaýlary ýaňky ady agzalan alymlar çyzgylar arkaly deňeşdirýärler.




a) Tapylan ýeriň täsiri

b) Tapylan tapyndynyň özboluşlylygyna täsiri

Derňewdäki şol tejribe esasynda synag geçirilýän adamlara dokuz öýjükli matrisa şerti göz öňüne getirmegi haýyş edilip soralypdyr. Olaryň pikiriçe şolar ýaly ýagdaýda özleri we beýleki adamlar nähili hereket ederler? Bu sowalyň netijeleri ýokardaky maglumat bilen doly gabat gelýär. Derňewe gatnaşmak synag geçirilýän adamlar birinjiden eýesine nähili zyýan ýetiriljekdigini, ikinjiden öz adyňa geçirmekligiň sebäpleriniň nähili boljakdygyny, üçünjiden şolar ýaly öz adyňa

geçirmekligiň sebäpleriniň nähilidigini bahalandyrmalydyr. Olaryň hemmesi şeýle netijä geldiler: uly derejedäki ýitgi iş gapjykdaky (ýit) dollaryň eýesine ýetiriler, kiçi derejedäki ýitgi bolsa, ýönekeý ýatan dollaryň eýesine ýetiriler. Iň howply ýagdaýy synag geçirilýän adamlar öz bölüminde adyňa geçirmeklik diýip hasaplanýar. Iň howply ýagdaýy bolsa hajathanada tapyp, öz adyňa geçirmek diýip belleýärler.

**IV. Jogapkärligiň diffuziýasy.** Adaty kömek ýagdaýdan tapawutlylykda wajyp bahalar basym kömek bermeklik häsiýetlenýär. Şeýle ýagdaýlar duýdansyz döreýär, ýagny adamyň öňünde ozaldan hereket meýilnamasyna laýyklykda taýýarlanan betbagtly ýagdaýlar örän seýrek bolýar we oňly özüňi alyp barmaga ýardam etmeýär. Ondan başga-da şeýle ýagdaýlar adamyň hal-ýagdaýyna, saglygyna, özüniň durmuşyna howply bolmagy mümkin. Ahyrynda-da agyr ýagdaýlar çalt pikirlenmäni we çalt netijä gelmäni talap edýär. Şeýlelikde-de birden kynçylykly ýagdaý dörände ilki bilen onuň sebäbini we mümkin bolan kömekleri ulanman, eýsem şonuň iň gereklisini we şol ýagdaýa laýyk gelýänini saýlamaly. Diňe şondan soň öz üstüne jogapkärçiligi alyp bolar. Şonuň üçin-de, meselede derrew kömek berilýändigine geň galmaly däldir. Şeýle edilse, onda şaýat betbagt ýagdaýa düşer. Latane we Darli bu ýagdaýlary «köpçülikleýin bihabarlyk» we «jogapkärçilik diffuziýasy» diýip düşündirilýär. Köpçülikleýin bihabarlyk ýagdaýy, bahalandyrmak adam ýekelikde däl, gurşap alanlaryň täsiri hem ulanýar. Şol bir wagtda hem her bir gatnaşyjy täze täsirini saklaýar, sebäbi özüniň howlukmaçlygy ýa-da çakdanaşa uly güýji bilen amatsyz ýagdaýa düşmezligini we beýlekileriň oňa üns bermezligini gazanýar, haçanda adam berlen kömege jogapkärçiligi duýanda, ol beýleki gatnaşyjylardan hem şeýle jogapkärçilige garaşýar, ol bolsa diffuziýanyň güýjüne we jogapkärçiligiň ýokarlanmagynda bolýar.

Jogapkärçiligiň diffuziýaly şu aşakdaky ýagdaýlary düşündirmäge mümkinçilik berýär.

1) Tejribe geçirilýän otagyň jaýrygyndan duýdansyz tüsse görnende ýekelikde isleýän synag geçirilýän adam derrew raýatsyzlanyp daşynda duran tejribeçä habar berýär. Şonda adam ýekelikde jogapkärçiligi ýiti duýýar (75%) (ikiji adama garanyňda 10%).

2) Goňşy otagdan biriniň merdiwandan ýykylyp, agyrsyna çydaman gygyrşyny ýekelikde ýumuşy ýerine ýetirýän synag geçirilýän adamlaryň 70% kömege barýar, emma bilelikde işleýän diňe 40% kömege ýetişýär.

Ýolagçynyň duýdansyz ýykylmagy ýaly betbagtçylykly ýagdaýda kömek bermeklik ýolagçylaryň sanyna bagly däldir. Betbagtçylykly ýagdaýyň şaýatlary nätanyş adamlarda hem jogapkärçilik diffuziýasy duýulmaýar.

## 5-NJI BAP. HÖKÜM ETMEK MEÝLI

**I. Höküm etmek meýliň kesgitlenilişi.** Höküm etmegiň hereketleri umumy esasda derňew edilip, höküm etmek meýliniň şahsy düzüjisi hökmünde ölçegi ýüze çykaryldy. Ilki bilen Mýurreýiň garaýşyna üns bereliň. Ol 1938-nji ýylda höküm etmek meýline «dominantlyk talaby» diýip at berýär we ony şeýle kesgitleýär:

Islegler we effektler. Maslahatyň, buýrugyň ynandyrmagyň kömegi bilen beýleki adamlaryň özüni alyp barşyna täsir etmek, ony gönükdirmek, çäklendirmek, saklamak, rugsat bermezlik. Başga adamlary öz talaplaryňa we duýgularyňa laýyk hereket etmäge iteklemek, olaryň kömegini gazanmak.

Hereketler (umumy) — täzir etmek, ýykgynlyk etmek, alyp barmak, ynandyrmak, gönükdirmek, dolandyrmak, ýolbaşçylyk etmek, tabyn etmek, höküm sürmek, kanunlary döretmek, çäkleri girizmek, özüňi alyp

baryş şertlerini düzmek, karara gelmek, çaknyşyklary çözmek, jeza bermek, azatlykdan mahrum etmek, başgalary özüňi diňlemäge tabyn etmek...

Bu agzalan hereketler diňe höküm etmek hereketlerinden durýar we alty çeşmelerden üçüsini görkezýär:

1. Düzgünli (normatiw) höküm etmek.

2. Tabyn etmek we jezalandyrmak arkaly höküm etmek.

3. Nusgaly (etalonly) höküm etmek.

**II. Weroffyň kesgitlemesi.** Weroff Mýurreýden tapawutlylykda kabul edişi ýüze çykarýan sowalnama esaslandyrylan höküm etmek meýlini ölçemegiň birinji usulyny işläp düzdi. Weroff şeýle kesgitleme berýär:

«Höküm etmek meýli diýip, biz ýerleşişimizi göz öňünde tutýarys. Ol başga adamlara gözegçilik etmek arkaly oňa täsir etmekden lezzet almaga gönükdirilýär».

Höküm etmek temasy:

a) birine täsir edilende ýüze çykýan duýgy ýagdaýlar. Adam jedelde ýeňiş lezzet alyp bilýär ýa-da öz islegleri boýunça hereket edilmese, närazy bolup bilýär. Duýgy ýagdaýlarda öz ejizligiňi aýan etmezlik islegi hem ýüze çykyp bilýär. Meselem: ýokary derejeli adamyň göwnüne degmek, özüňe tabyn edip bilmezlikden çekinmek we ş.m.

b) Täsir etmek serişdelerine gözegçilik etmek. Olara gözegçilik edýän adam belli bir ýagdaýa eýe bolup bilýär, bir zady subut edip bilýär, talap edip bilýär, buýuryp bilýär we ş.m

ç) Şahsyýetara gatnaşyklar. Olar ýerine ýetirilende, berlen medeniýet boýunça görnüşi kesgitlenilýär: tabyn şahsyýete täsir etmegiň serişdelerine gözegçilik edýäniň üstünde durýan kimdir biri.

Weroffyň höküm etmek meýliniň kesgitlemesi — höküm etmek çeşmelerini gazanmak, olara eýeçilik etmek ýaly ýagdaýlaryň töwereginde aýlanyp durýar. Adamyň mümkinçiliklerine, ruhy maksatlaryna üns berilmeýär. Höküm etmek hereketleriň özleri kölegede galýar. Birinji derejä bolsa duýgy ýagdaýlar goýulýar. Höküm etmek çeşmeleriň bolsa, şu aşakdakylary derňelen:

1. Tabyn etmek arkaly höküm etmek.
2. Düzgünli höküm etmek.
3. Maglumatly höküm etmek.

Weroff höküm etmegi adam esasan gözi bilen kabul edýär diýen düşünjäni öňe sürýär. Adam höküm etmek çeşmelerini ýitirmekden gorkup, höküm etmek hereketlerini beýleki adamlara gönükdirýär. Şonuň üçin Weroffyň usuly boýunça alnan netijeler — höküm etmegiň dürli görnüşleriň ýoklugy we beýleki adamyň höküminden subýektde gorky ýüze çykýandygyny görkezdi. Şeýlelikde, Weroff we onuň kärdeşleri 1957-nji ýylda pes girdejili adamlarda, dul adamlarda höküm etmek meýliniň ýokary derejededigini kesgitlediler.

**III. Ýulimanyň we Uinteriň kesgitlemesi.** 1972-nji ýylda Ýuliman ölçenilýän düzüjiniň adyny «höküm etmek zerurlygyndan», «täsir etmek zerurlygyna» üýtgetdi. Ol şeýle kesgitleme berýär:

«Birinji tarap ($C_1$) ikinji tarapa ($C_2$) laýyk hereket edýär. Ol ikinji tarapyň ($C_2$) jogap bermegini gazanýar. Birinji tarapyň hereketi ýörite ýa-da tötänleýin bolup bilýar — ýokary jemgyýet derejesi ýa-da abraý. Abraýyň düzüjilerine baýlyk, jemgyýetdäki orny — bir guramanyň agzasy, geçmiş barada pikirleriň ýok bolmagy — gorkynyň bolmazlygy, hereketiň yzygiderliliigi... degişli. Taraplar geljeki işjeňligiň meýilnamasyny düzýärler ýa-da maslahat soraýarlar — bir tarap beýleki tarapyň gyzyklanmalaryna zyýan edip biljek hereket edýär — bir tarap beýleki tarapdan güýçli aýrylmagy». Bu ýerde birinji orunda höküm etmek hereketleri goýulýar. Höküm etmek

hereketlerinden bolsa, sylag-serpaýly höküm etmek we düzgünli höküm etmek ýüze çykýar.

Uinteriň usuly kabul edişi ýüze çykarýan sowalnamasyna esaslandyrylan. Uinteriň höküm etmek meýli kesgitleýşi:

«Jemgyýet hökümi — beýleki adamlaryň özüni alyp barşynda garaşylýan effekti ýüze çykarmak mümkinçiligi».

Adam ýa-da adam tpary — adamyň, toparyň ýa-da dünýäniň ýüzünde öz höküminiň döredilmegi, goldaw berilmegi barada alada edýär;

1. Adamyň öz hökümi barada aladasy hereketde ýüze çykýar:

a) başga adama gönükdirilen işjeň zorlukly hereketler. Meselem: adama topulmak.

b) başga adam tarapyndan goldaw soralmasa-da, kömek bermek, maslahat bermek, galdamak.

ç) adama höküm etmek synanşygy — oňa göni täsir etmek ýa-da onuň özüni alyp barşyna täsir etmek.

d) täsir etmek, yandyrmak, satyn almak arkaly razylygy gazanmak.

e) başga adama ýa-da bütindünýä täsir etmek synanşygy.

2. Bir adam beýleki adama beýleki adama dürli duýgularyň ýüze çykmagyna getirýän hereket, iş edýär.

3. Kimdir biri öz abraýy hakynda alada edýär.

Höküm etmek gorkusy:

a)höküm etmek bilen bagly maksat adamyň ähmiýeti üçin ýetilýär.

b)Subýekt öz üniň täsir edip biljekdigine, höküm edip biljedigine ikirjeňlenýär, yanmaýar.

ç)Hekaýanyň ýazyjysy höküm etmeklik ýalan, aldawlyk we onuň ýetmezçiliginiň bardygyny hasap edýär.

Uinteriň derňewi öz içine örän köp üýtgeşikleri we höküm etmek hereketlerini alýar. Adamyň mümkinçiligi aýdyň däl ýüze çykýar. Sebäbi höküm etmek hereketleri

dürli meýilleriň esasynda döräp bilýär. Jemgyýetiň haýryna gönükdirilen hýküm etmek hereketleri hököm etmek gorkusy bilen bagly.

Şnakers we Klýaýnbek hököm etmek meýlini şeýle kesgitlediler:

«Öz netijeleriňi, meýilleriňi jemgyýet ýagdaýyna gözegçilik etmek bilen baglylykda durmuşa geçirmek. Şeýlelikde, olaryň hemmesi adamlaryň özüni alyp barşyna we ykbalyna täsir edýär».

**IV. Hököm etmek meýliň tipologik döwürleri.** Mak-Klelland hököm etmek meýliniň döredýän hereketini öwrendi, medeni-antropologik we psihologik esaslaryny derňäp, özüňi alyp baryş — hököm etmegiň bir taraplaýyn baglanşygyny döredýär we bu birtaraplaýynlyk günbatar medeniýetiň däp-dessurlary bilen baglydygyny görkezmäge synanyşdy.

Mak-Klelland hököm etmek meýlini şeýle kesgitleýär: «Birinjiden, özüňi güýçli duýmak, ikinjiden öz güýjüňi hereketde görkezmek zerurlygy. Adamlara täsir etmek özüňi güýçli duýmak usulynyň biridir».

Mak-Klellandyň derňewi ýerine ýetirilýän hökümiň görnüşlerinde 4-nji döwürde guralýar we Eriksonyň psihoanalitiki taglymatyna baglanyşýar. Mak-Klelland hököm etmegiň çeşmelerini we hakykatyň böleklerini subýekt we onuň daşky gurşawy düzýändigini ýüze çykardy. Şeýlelikde, hököm etmek meýliniň kemala gelmeginiň 4 döwri tapawutlanýar:

(I) — assimilýasiýa (intake).

(II) — awtonomlylygy (autonomy).

(III) — özüňi ykrar etmek (assertion).

(IV) — produktiwligi (generativity).

Görkezilen 4 döwür alymyň pikiriçe adamyň kemala gelmeginde yzygiderli bolup geçýär. Ýokary döwre ýetmeklik beýleki döwürleri ýok etmeýär. I döwürň mysaly («bir zat maňa güýç berýär») ene bilen çaganyň aragatnaşygy bolup durýar. II döwrüň mysaly («men öz-

özüme güýç berýärin») eneden garaşsyz bolmak bilen bagly. III döwrüň mysaly («men başgala täsir edýärin») hemişe dostlaryny çalşyp durýär, bäsleşige üstün çykmak maksady bilen gatnaşýan ýetginjegi häsiýetlendirýär. IV döwrüň mysaly («men öz borjumy ýerine ýetiresim gelýär») uly adamyň ýagdaýyna laýyk gelýär. Kemala gelmegiň meňzeş taglymatyny J. we J.B. Werofflar hödürledi. Kabul edişi ýüze çykarýan sowalnamany bolsa Stýuart işläp düzdi. Onuň üçin ol Garwardyň 1-nji kurs talyplaryndan 6 adamdan ybarat bolan toparlar saýlap aldy.

Dürli döwürlerde höküm etmegi 4 ugur boýunça kesgitleýär.

(I) abraýly adama bolan gatnaşygy.

(II) adamlara we zatlara gatnaşygy.

(III) duýgular.

(IV) hereketler.

Meselem: (I) döwürde — abraýly adam garşylanýar.
(II) döwürde — ol barada gürrüň edilýär.
(III) döwürde — ol tankytlanýar.
(IV) döwürde — ol topardan gysylyp çykarylýar.

Mak-Klelland aýallarda höküm etmek meýliniň ýöriteleşen roluny öüze çykarmaga synanyşdy. Onuň üçin ol özüňi alyp baryş görnüşlerinden aýallara mahsus bolan häsiýetleri ýüze çykardy. Meýle bagly bolmadyk indiki aýratynlyklar ýüze çykaryldy: başga adamlar tarapyndan döredilýän ruhygalkynyşyň güýji, hemme zady soňky pursada çenli goýmak ýykgynlygy, çagalara bolan söýgi... Mak-Klelland şu netijelere esaslanyp, aýallaryň höküm etmek meýli maşgalada aragatnaşygy saklamak we oňaýly duýgy atmosferany döretmek bilen bagly diýip hasaplaýar. Ol şeýle ýazýar:

«Aýallar — adamlar we durmuş bilen gyzyklanýarlar. Höküm etmek meýli bolsa, olaryň ünsüni çeşmeleriň köpelmegine gönükdirilýär».

Höküm etmek meýli — maksada ýetmek meýlinden we baglanyşmakdan has çylşyrymly ýüze çykýan hadysadyr. Kömek etmek meýli onuň çeşmeleriniň saklanyp galmagyna gönükdirilen. Özboluşly höküm etmek meýli höküme eýe bolmak gatnaşygynda çäklenen bolýar.

Höküm etmek meýli bilen bagly gatnaşyk görkezijisi. Ýönekeý we ýörite görkezmeli höküm etmek meýli.

Höküm etmek meýlini kesgitlemek üçin dürli sowalnamalar ulanyldy. Bu sowalnamalaryň esasy ähmiýeti dürli ýaşlarda höküm etmek meýliniň ýüze çykyşyny kesgitlemekden ybarat. Netijelerden görnüşi ýaly aýallarda we erkeklerde bu meýliň ýüze çykyşy dürli döwürlerde dürlüdir. Aýallarda bu meýil esasan öz mähriňi, söýgiňi beýleki adamlara gönükdirmekden ybarat. Höküm etmek meýline höküm hereketleri uly ähmiýete eýedir. Adamyň ähli işjeňligi şol hereketleriň üsti bilen amala aşyrylýar we adamlarda höküm etmek meýliniň ösüş derejesini kesgitlemäge kömek edýär. Meselem: şol hereketleriň üsti bilen esasan ýolbaşçylyk edýän adamlaryň häsiýetini kesgitlemek bolýar. Umuman, höküm etmek meýlini kesgitlemek örän ähmiýetlidir. Çünki, onuň üsti bilen adamyň höküm etmek meýli kesgitlenip, onuň ösüş derejesi boýunça belli bir ýola ugrukdyrmak bolýar.

# 6-NJY BAP. GAPMA-GARŞYLYK, ÇAKNYŞMAK (KONFLIKT) TAGLYMATY

**I. K.Lewiniň gapma-garşylyk taglymaty.** Konflikt-çaknyşma latynçadan terjime edilende çaknyşmak manyny aňladýar. Psihologiýanyň esasy bölegi özüňi alyp baryşda çaknyşmalary öwrenmekden ybarat. Şol esasda Miller çaknyşmanyň nusgasyny işläp düzdi. Bu nusga «gönükmek — gaça durmak» diýip at berdi. Onuň esasy pikirlerini dewin 1931-nji ýylda ýazan «Sylag bermek we jezalandyrmak ýagdaýynyň psihologiýasy» diýen işinde has-da kämilleşdirdi. Ol ýerde şu kesgitleme berilýär:

«Çaknyşmany adama gönükdirilen gapma-garşylykly, emma ululyklary deň bolan güýçleriň täsir etmeginde döreýän ýagdaý diýip häsiýetlendirmek bolar». Lewin çaknyşma ýagdaýlaryň esasan 3 göwnüşini tapawutlandyrýar. Sirs we Howlend onuň 4-nji görnüşini girizipdirler:

1. «gönükdirmek-gönükmek» çaknyşmasy — maksat üçin 2 sany obýekt berilen. Olaryň ikisi deň talap ediji häsiýete eýedir. Adam olaryň ikisinden birini mümkinçiligi boýunça saýlamaly. Ýagny, bu iki sany saman üýşmeginiň öňünde açlykdan ölýän eşegi häsiýetlendirýän ýagdaý.

2. «gaça durmak-gaça durmak» çaknyşmasy — bu ululyklary boýunça deň bolan iki sany üýşmeginiň arasynda saýlamak ýagdaýy. Meselem: okuwçy öýe berlen ýumuşy işlemeli ýa-da soňra jerime hökmünde berlen ýene-de bir ýumuşy ýerine ýetirmeli.

3. «gönükmek-gaça durmak» çaknyşmasy — şol bir wagtyň özünde hem çekýär hem-de itekleýär. Meselem: öýlenmek arkaly söýgüli adamyňy ýanyňda saklap bolýar, şol bir wagtyň özünde azatlykdan, öz garaşsyzlygyňy ýitirmekden gorkýar.

4. «jübüt gönükmeler-gaça durmak» çaknyşmasy — meselem: kimdir biri oňaýly we oňaýsyz taraplary deňräk bolan iki hünäriň arasynda birini saýlamaly bolýar.




Suratda hemme dört çaknyşma ýagdaýlaryň görnüşi berlen. «Gaça durmak-gaça durmak» çaknyşmanyň gurluşy psihiki boýun egdirmä gabat gelýär. Bu bolsa adamyň hereket meýdanyndan çykyp bilmeýändigini aňladýar.

Lewiniň çaknyşma taglymaty şu mysalda has aýdyň görüner: üç ýaşly çaga deňiz tolkunlaryndan öz guwuny aljak bolýar. Jäjek ony özüne çekýär, emma çaga tolkunlara has golaý gelende, ol yzyna çekilýär. Şu mysala esaslanyp Lewin «gönükmek-gaça durmak» çaknyşmanyň maksada okgunlygy itekleýji güýçlere görä ösýändigi diýen netijä gelýär. Kesgitli aralykda gönükmekligiň we gaça durmaklygyň arasynda deňagramlylyk bolmaly. Örän uly aralykda özüňe çekýän güýçler itekleýji güýçlerden has ýokary bolýar. Şonuň üçin çaga guwa tarap hereket edýär. Ýöne ol belli çäkden geçende, itekleýji güýçler ýokarlanýar we çaga yzyna gaýdýar.

Lewiniň pikiriçe özüňi alyp baryş güýjüniň ululygy iki sany üýtgeýjä baglydyr: 1. Maksadyň derejesiniň ululygy.

2. Maksada çenli bolan aralyk.

Miller Lewiniň pikirini Hallyň çaklamasy bilen baglanyşdyrýar. Bu çaklamanyň kömegi bilen Hall haýwanlaryň maksada ýetende, olaryň ylgaýşynyň çaltlanýandygyny gözegçilik etdi.

Miller çaknyşma degişli 6 çaklamany öňe sürýär:

1. gönükmek güýji maksada çenli aralyk näçe ýakyn bolsa şonça-da artýar.

2. gaça durmak güýji howpy döredýän ýagdaýyň golaýlaşmagy bilen artýar.

3. gaça durmak güýji gönükmek güýjünden çalt ösýär.

4. iki sany garşylyk ýagdaýlaryň has güýçlisi üstün çykýar.

5. gaça durmak ýa-da gönükmek güýjüniň ululygy maksada okgunlyk güýjüne baglydyr.

6. kömekçi güýjüniň ululygy kömegiň mukdary boýunça ulalýar. Bäşinji çaklama görä iki ýagdaýyň gatnaşygy özüňe çekiji güýçleriň üýtgedilmegine baglydyr. Meselem: açlyk duýgusy ulalanda, haýwanyň iýmit gözleginde gönükmek güýji artýar.

Gaça durmak güýjüniň gönükmek güýjünden çalt ösýär diýen çaklama nämä esaslanýar? Miller muny gönükmeleriň aratapawudy bilen düşündirýär.

Braun 3 we 5 çaklamalary tejribe arkaly subut edýär. Dört tarapdan ybarat bolan synag edilýän haýwanlaryň (syçanlar) 2 topary hemişe iýmit tapýardylar, şol bir wagtyň özünde bir toparyň haýwanlary aç bolupdyr. Galan 2 topar dokdy we şol bir ýerde tok urgusyny alýarlar. Bir topar — güýçli urgy, beýleki topar — pesräk urgy. Soňra Braun haýwanlaryň maksada gönükmek we ondan gaçmak güýçlerini ölçeýär. Has giçki barlaglarda 4 we 5 çaklamalar birleşip subut edildi. Haýwanlar şol bir ýerde

çaknyşma ýagdaýyny döredýän hem tok urgusyny, hem iýmit alypdyrlar. Netijeler çaklamalara gabat geldi.

**II. Konflikt-çaknyşmak nusgasynyň ulanylyşy.** Çaknyşmalaryň nusgasyny ulanmak uly mümkinçiliklere eýedir. Belläp geçişimiz ýaly maksada çenli aralyk hökmany giňişlik bolup durmaly däl. Ol wagtlaýyn ýakynlyk ýa-da birinji maksada meňzeşlik derejesi bolup biler. Soňky ýagdaýda meňzeşligiň yzygiderli peselmegi nerw çaknyşmalarda we olaryň bejerilişinde aýratyn ähmiýete eýedir. Ilkinji tolgunma ýagdaýy howpy az döredýän başga bir ýagdaý bilen çalyşýar. Gaça durmak güýji gönükmek güýjünden näçe uly bolsa, birinji ýagdaý bilen ony çalşan ýagdaýyň arasyndaky meňzeşlik şonda-da kiçelýär. Milleriň çalyşmak meselesiniň nusgasy şundan ybaratdyr:

Çalyşmak üçin meňzeşligiň derejesi togtama ýagdaýynyň iň uly bahasyna deň bolmaly. Muňa tejribe subutnamasy tapyldy. Garaňky jaýyň içinde iýmit tapmaga öwrenişen syçanlar iýmitlenýär wagtynda tok urgusyny alyp başladylar. Soňra olar ol ýerden gaça durup başladylar. Soňra bu jaý ýene-de iki sany jaýlar bilen birleşdirilýär. Jaýlaryň arasynda gapylar edildi. Iki goňşy jaý beýlekiden diwarynyň reňki boýunça tapawutlanýar. Olar gara däl-de, biri çal, beöýlekisi akdy. Şeýlelikde, meňzeşligi peselýän güýç döredi. Birinji jaýa salnan haýwan maksatdan kesgitli aralykda bolýar. Ikinji jaýa geçmeklik bu aralygy kiçeldýär, üçünjä geçmeklik bu aralygyň iň kiçi derejesine ýetmegine getirýär. Bu mysal Milleriň çaklamasyny doly subut edýär.

Çaknyşmalaryň wagtda kesgitlenen görnüşleri bar. Meselem: ekzamen, zerur bolan operasiýa... Bir tarapdan olardan gorkýarlar, beýleki tarapdan olary yzda galdyrmak üçin garaşýarlar.

**III. S.Epsteýniň geçiren barlaglary.** S.Epsteýn öz barlaglaryny uçardan aşak bakýan adamlarda böküşiň öň ýanynda geçirýär. Şonda gönükmek we gaça durmak

güýçleri şeýle kesgiendi: «wakany çaltlaşdyrmak, böküşi amala aşyrmakdan lezzet almak» we «bökmekden boýun gaçyrmak we yzyňa gaýtmak, gorky».




Bu suratda böküşden soňky 28 adamyň öz-özüni bahalandyryşy şu zyzygiderlikde berlen:

1. Soňky hepde.
2. Soňky gije.
3. Böküşiň öň ýanyndaky ertir.
4. Uçuş meýdanyna gelenden soň.
5. Böküşiň öň ýanyndaky türgenleşik wagtynda.
6. Paraşuty geýýän wagtynda.
7. Uçara oturmak wagtynda.
8. Uçuş wagtynda.
9. Taýýarlyk ýagdaýy wagtynda.
10. Daşyna çykmak wagtynda.
11. Itergi garaşýan wagtynda.
12. Erkin gaçyş wagtynda.
13. Paraşuty açandan soň.
14. Gonuş wagtynda.

Elbetde öz-özüňi bahalandyryş gönükmek we gaça durmak güýçlerini aýdyň kesgitläp bilmeýär. Suratdan görnüşi ýaly gaça durmak güýji artýar, emma aýgytlaýjy waka ýetende ýene-de peselýär. Soňky barlaglarda Fens paraşut asylmazyndan öň ýanynda adamyň ýüreginiň çalt urýandygyny, demiň ýygylaşýandygyny, diri duýgurlugyň ýokarlanýandygyny görkezdi. Eger-de bökýänleri gowulara we erbetlere böksek, onda soňkylarda köp böküşlerden soň hem ýokarky ýagdaýlaryň ýüze çykýandygyny görmek bolar. Diýmek, olaryň böküşlerdäki üstünlikleri ýagdaýy ele almaga we oňa gözegçilik etmäge mümkinçilik döretmeýär. Meselem: dartgynlykdan üstün çykmak. Adamlar erbet bökýänleri bilen aladalanýarlar we olaryň erbet böküşlerini olaryň aladalyk ýagdaýy bilen düşündirip bolýar.

Hemme aýdylanlary jemläp, şeýle netijä gelmek bolýar: Adamlarda ýüze çykýan çaknyşykly ýagdaýlary öwrenmek zerurdyr. Çünki olary ýwrenmek bilen biz köp durmuşy ýagdaýlara düşünip bileris. Geçirilen tejribeler hem muňa mysal bolup biler.

## 7-NJI BAP. MOTIWLER WE EMOSIÝALAR, ENDIKLER

**I. Motiwler, emosiýalar, endikleri hakynda.** Motiwiň ýüze çykmagy üçin näme-de bolsa ýetmezçilik bolmaly, adam aladalanmaly. Zerurlygyň aladasy — kanagatlanmazlyk, ejir çekmek, mahrum bolmak bilen baglydyr. Kanagatlanmada — öz gezeginde lezzet almak, şatlyk bilen baglanyşyklydyr. Şeýlelikde — emosiýa motiwiň ýüze çykmagy üçin zerurlykdyr we ony tutuş işiň deýetelnost) dowamynda...

Emosiýanyň intensiwligi — zerurlygyň kanagatlanmasy ýa-da kanagatlanmazlygy bilen baglydyr. Meselem: Adam ýa-da haýwan näçe köp wagt iýmitde

kesilen bolsa, açlykdan ejir çekmeklik ýokary derejede bolýar, iýmitlenmek bolsa lezzet almakly bilen baglydyr.

Emma ejir çekmek bilen lezzet almanyň arasynda gönüden göni proporsional baglanyşyk ýokdur. Meselem: Agyryny duýmakda agyry ýuwaş-ýuwaşdan ýokarlanýar. Emma agyryny duýmaklyk emosiýa bilen baglanyşyklydyr. Adam işjeň hereket etmek bilen ejir çekmäniň öňüni alýar.

Emosional bosagalar hem duýmanyň bosagalary ýaly özboluşly aýratynlyklara eýedir. Meselem: Adamlaryň käbiri açlyga, suwsuzlyga çydamlylygy deň däldir. Her hili ýagdaý bolanda-da adam ruhdan düşmeli däldir, hemişe göreşmäni başarmalydyr.

ABŞ alymy Brojek öz tejribesinde (59 sah.). Tejribe geçirilende suwsuzlygy ýüze çykarjak bolup, peçeniýe bilen burçly sous berýär.

Simonow P.B. deri duýmalaryny derňemek maksady bilen (der bölüp çykarmak) meselesini öwrenýär. Garaşylýan agyry köp mukdarda derlemäge getirýär (ukol uranda).

Adamyň alyp barýan işi emosiýa bilen baglanyşyklydyr. Şu wagtky kanagatlanma bilen çäklenmän, ol geljek hakynda alada edýär. Adamlar geljek hakynda hemişe alada edýärler.

Utkiniň H.S. geçiren tejribeleri talyby birnäçe gezekgaýtalanýar, onuň matematiki hasaplamalary takyk ýerine ýetirmegine päsgel berýär.

Amosiýanyň görükdirilmesi — položitel emosiýaly adam çalt duýýar, ünsüni bir ýere jemleýär, gözleri ýitileşýär, eşidişi gowulaşýar, doly kabul edýär, gözegçiligi ýokarlanýar, akyl işi kämilleşýär.

Otrisasel emosiýada — işiň funksional ýerine ýetirilişi pes derejede bolýar.

Kä ýagdaýda emosiýanyň güýjüne köp zat baglydyr. Meselem: gorkuda belli bir dereje barýança adamyň güýjüni bir ýere jemleýär. Meselem: samalýotda uçýan

lýotçik, özüni trenirowkadaka garanynda jogapkärli duýýar.

Ýa-da aktýor repetisiýada we spektaklyň özünde ýokary derejede işlenilen wagtynda maksada ýetmek ýeňil bolýar, emosiýa motiwe zerur bolan emosiýa bilen üpjün edýär.

**II. Motiwler we endikler.** Adam haýsy-da bolsa öňde goýan maksadyna ýetmek üçin işi ýerine ýetirmegiň ugruny ýoluny bilmeli. Işi ýerine ýetirmegiň hereketiniň awtomatlaşmagy, ýagny, endige öwrülmegi zerurdyr. Motiw näçe endik bilen has ýakyn bolsa, onda ol işi ýokary derejede gönükdirýär. Käbir alymlaryň pikirine görä, dogabitdi motiw bolmaýar, islendik motiw işi soň eýe bolnan endikleriň üsti bilen amala aşyrýar.

Endik näçe kämil bolsa, işiň üstünlikli bolmagyna mümkinçilik berýär. Meselem: hat ýazuwda näçe çalt we dürs ýazuw endiklerine ele alan bolsaň, şonça-da işiň netijesi ýokary bolýar. Zähmet endikleri, oňyn çaltlygyna we dogry ýerine ýetirilişine baglydyr. Dürli kärde işleýän adamlaryň endikleriniň ösüşi deň derejede däldir.

Kä ýagdaýda belki bir endikleri ele alandan soňra motiw ýüze çykýar. Meselem: okamaga bolan endikden soňra çeper edebiýata bolan höwes döreýär. Arifmetika bolan höwes belli bir arifmetik endikleri ele alandan soňra döreýär.

Gazet okamak, diňlemek, seretmek — biziň üçin zerurlyk bolup durýar. Endik motiwi işeňňirleşdirýär, özüňi alyp baryşa täsir edýär. Meselem: endikleri kämilleşen haýwan labirintde iýmit gözlände hereketiň tizligini ýokarlandyrýar.

Iki sany biri-birine golaý motiwler deň derejede güýçli bolsalarda, şolaryň haýsyna degişli endikleri kämil bolsa şol hem üstün çykýar. Meselem: labirintiň bir ýerinde haýwana iýmit, beýleki ýerinde suw berilýär. Soňky geçirilen tejribede 48 sagadyň dowamynda aç hem suwsuz bolansoň 2-de-de deň derejede zerurlyk döreýär.

Şu ýerde 2 motiwem deň derejede bolsa-da, şonuň haýsy birine hereket etse, haýwanda şoňa bolan endiginiň kämilligini görkezýär (Remond tejribesi).

Bojemiç L.I., Slawin P.S. laborator derňewlerinde çagalarda synag edilýär. Meselem: 1 k. Okaýan çagada motiwleriň gapma-garşylygy bolup geçýär. Okuwçy hökmünde öz borjuny ýerine ýetirmelimi ýa-da oýnamaly?

Şeýlelikde, işjeňlik meselesi, nämede bolsa zerurlygy aňlatsa, beýleki bir tarapdan haýsy endigiň kämilligi görkezilýär.

**III. Hallyň taglymatynyň maksady.** Motiwiň we endikleriň biri-birine täsiri dogrusynda 2 sany taglymat bar:

1) Hallyň taglymaty — eger motiw hem endik adama bilelikde täsir edýän bolsa, onda olar işjeňligi kesgitleýärler. E=Dh. E — oýanyşyň potensialy işjeňligiň ölçegi; D — güýç; H — endikleriň berkligi.

Çagalaryň işjeňligini gazanmak üçin — gönükmeler ýerine ýetirilmelidir. Emma, muňa garamazdan işiň ýokarlanmagy üçin şoňa laýyk motiw zerurdyr. Meselem: labirintde iýmiti gözläp tapmaga endigi bolan haýwan, eger dok bolsa endigi boýunça öňki ýol bilen gitmän, täze ýol gözlär, sebäbi täze ýoldan ol öň gidip görmändi. Onuň özüni alyp barşy bilesigelijilik bilen baglanyşykly bolup biler (Daniel, Kon) (65 sah.).

Gönükdirilmeklik we işjeňlik endikleri kesgitleýärler diýen meselede gapma-garşylyk bar. Meselem: Açlyk ýokary derejede bolsa, haýwanda ylgamanyň dogry endikleri bolsa-da, ol köp halatda nädogry ýoly saýlap alýar.

(Braun) Diýmek, işiň gönükdirilmesi bu ýerde dogry we berkleşen endikler orun tutmaýar.

Motiw näçe ýokary bolsa, endik şonça-da tiz we berk özleşdirilýär.

2) Hallyň taglymatynyň 2-nji bir tarapy, motiw-psihiki ýagdaýdyr, işi gönükdirijidir. Emma işe göündiriji

endik diýlip görkezilýär, motiw bolsa endigi ele almagyň energiýa çeşmesi bolup çykyş edýär. Bu meselede Hallyň pikiri Z.Treýdiň aýdyşy bilen gabat gelýär. Ol adama 2 sany motiw täsir edýär diýip belleýär: 1. Jyns wleçeniýe; 2. Ölüme bolan ymtylyş.

Endikler — köçe kämil boldugyça adam, haýwan şonçada öz ýalňyş goýberýär, maksadyna çalt ýetýär. Ýerine ýetirilýän iş işjeň we köp energiýa sarp etmek bilen ýerine ýetirilýär. Meselem: labirint iýmit tapmagyň endigini kämil ele alan haýwan iýmiti çalt tapýar.

Kä ýagdaýda öňki endiklerinden el çeklmeli ýagdaýlar bolýar. Meselem: gulluk eden wagtynda her bir tabşyryjy maslahat etmä ýerine ýetirmeli (öz wagtynda, ýokary derejede), emma gullukdan gelenden soňra toparda öz pikirini aýtmak, maslahatlaşmak endigini ösdürmeli.

## 8-NJI BAP. ÇAGALARDA MOTIWIŇ ÖSÜŞI

**I. Çagalarda motiwiň kemala gelişi.** Motiwleriň käbiri neslegeçijilik bilen baglanyşyklydyr. Olar dürli sosial şertlerde we dürli terbiýeçilik ýagdaýlarynda ýüze çykýar. Meselem: suwsamak, ajykmak, jyns gatnaşyklary, ata-enelik, öz-özüňi goramak, bilesigelijilik, aragatnaşyk saklamaga bolan zerurlyk, işe bolan zerurlyk we beýlekiler. Emma ýokarda görkezilenlerde-de ömrüň dowamynda özgerip biler. Onuň üýtgemegine 3 zat täsir edýär:

1) Ýüze çykan motiwleri kanagatlandyrmak üçin kämil we maksada gönükdirilen hereketler we iş ýüze çykýar. Ýönekeýje motiwi kanagatlandyrjak bolsaň-da, biri-biri bilen baglanyşykly, ylalaşykly hereketi ýola goýmak zerurdyr. Meselem: täze dogan çaganyň emmegi üçin şeýle hereketler nähili gazanylýarka? Onuň fiziologik esasy bolup durýan zat dominantyň kemala gelmegidir. Kä ýagdaýda motiwiň kemala gelmegine içki

täsirleriň zerurlygy duýulýar. Meselem: jyns ýa-da enelik duýgulary içki beden böleklerinde gözbaş alyp gaýdýar. 2) Käbir motiwler nesilden-nesle geçýän-de bolsa soň ýüze çykýarlar. Meselem: jyns taýdan ýetişmegi. Söýgi. 3) Motiwiň kemala gelmegine täsir edýän zat — motiwiň kanagatlanmasydyr. Meselem: açlyk ýaňy dogan çagada ganyň düzüminiň üýtgemegi bolýar, iýmitlenende birnäçe wagt geçenden soňra ol gana geçýär.

Fiziologik esasy — şertli refleksleriň kemala gelmegi bilen baglanyşyklydyr. Refleksler şertli bolsa-da ol daşky täsirlere baglydyr.

**II. Motiwleri öwrenmekde geçirilen derňewler.** Anohin P.K. guşlaryň çagalarynda tejribe geçirmek bilen, nesil yzarlaýan motiwleri derňeýär we nesil yzarlaýan dominantlaryň kemala gelmeginde tebigy şertli refleksleri kesgitleýär (112 sah.).

Adamyň ýaşy ýokary çykdygyça maddy ruhy islegleri kanagatlandyrmak bilen baglanyşykly motiwler (soň kemala gelen) agdyklyk edýär. Ol belli bir zatlar bilen gyzyklanýar, ýykgyn edýär, ynanýar. Gazanylan motiwleriň ýüze çykmagy ýetişmek bilen bagly bolman, eýýäm, motiwiň mazmuny üýtgeýär. Täze ýüze çykan motiwden kanagatlandyrmak üçin täze obýekt zerurdyr. Meselem: aç bolan wagtynda naharlanany bilen kanagatlanman, soňundan doýan bolsa-da konfet ýa-da moroženoýe iýýär.

Täze motiwler nähili ýüze çykýarlar? Onuň kemala gelmegi üçin işjeň hereket etmeli, nämede bolsa bir zat bilen meşgullananson̆ täze motiw ýüze çykýar. Meselem: çaganyň iýmite bolan islegini derňäliň? Ol ilki öz açlygyny kaşa iýmek bilen kanagatlandyrýar, soň içýär.

Fiziologik esas — aşgazandan bölünip çykýan suwuklyk tüýkülik.

Psihologik tarapy — naharlanmaga bolan predrospoloženiýe.

**III. Täze motiwleriň kemala gelmegi.** Täze motiwiň kemala gelmek endikleriň kämilleşmegine getirýär. Endigiň kemala gelmegi üçin birnäçe gezek gaýtalamak zerur. Soň kemala gelen motiw ikinji gezekde, gaýtalamazdan ýüze çykýar. Meselem: 2 ýaşda sosial taýdan baha bermek (ejesiniň gowy görmegi, gülküsindäki garaýyşlar). Şeýlelikde, özüňi alyp barmagyň ýönekeý düzgünlerini ýola goýmak başlanýar.

Mekdebe çenli döwürde sosial taýdan baha bermek, söz üsti bilen aňlatmak kemala gelýär. Eýýäm kollektiw gatnaşyklaryň başlamagy bilen jemgyýetçilik we ahlak matiwler kämilleşýär. Bu ýerde diňe bir ata-ene, terbiýesiniň täsiri bolman, çagalar toparynyň işine gatnaşygy bilen kesgitlenilýär.

Çagalyk ýyllarynda çaganyň işi V indiwidual ýa-da parnyý häsiýete eýedir. Meselem: iýmitlenmek, ejesi bilen gatnaşygy, beýleki çaga bilen oýnamagy. Mekdebe çenli döwürde çagadaky indiwidual häsiýetleriň ornuna köpçülikleýin gatnaşykda eýeleýär. Meselem: oýunda. Oýnan wagty olar biri-biri bilen baglanyşyklydyr. Eýýä aragatnaşyk saklamagyň dürli motiwleri ýüze çykýar.

Zähmet we jemgyýetçilik işleri, syýasy we hünär bilen baglanyşykly gyzyklanmalar täze motiwleri ýüze çykýar. Meselem: önümçilik planyny ýerine ýetirilende brigada, seh biri-birine garaşlydyr. Bu bolsa birek-biregi goldamagy, kömek bermegi, birek-birege talapkärligi ýokarlandyrýar. Eýýäm sosial häsiýete eýe bolan motiw kemala gelýär.

Motiwler hemişe biri-biri bilen berk baglanyşyklydyr. Wagtyň geçmegi bilen käbir motiwleri çäklendirilmeli bolýar, olaryň birisi agalyk ediji, beýlekisi bolsa 2-nji derejä geçýär (Matýuşkiniň barlaglary).

— Motiwleriň belli bir ulgamynyň kemala gelmegi. Psihikanyň hiline baglydyr. Haýsy-da bolsa bir motiwi çäklendirmek üçin, beýlekisini erkiň kömegi bilen çäklendirmek zerur bolýar.

— Motiwleriň berkligi — çaga dünýä inende onuň motiwleri bedeni bilen baglanyşykly bolsa, mekdebe çenli döwürde ol höweslendirmegiň ............. bermegiň täsirinde bolar. Ilki oýna bolan isleg, soňra okamaga, hünäriň eýesi bolmaga isleg artýar.

— Motiwi aňlamak ýaňyş ýokarladygyça edýän hereketine bolan jogapkärçilik artýar. Ynam döreýär.

— Özüňe tankydy göz bilen garamak.

— Töweregindäkilere talap bildirmek.

— Motiwleri umumylaşdyrmak.

— Şahsyýetiň zähmete, kollektiwe, adamlara goraýşy.

— Köptaraply ösen şahsyýetleri terbiýelemek.

## 9-NJY BAP. MOTIWLERI ÖWRENMEGIŇ USULLARY

**I. Eksperimental-tejribe geçirmek usullary.** Motiw hakynda gürrüň edilende onuň iki tarapynyň bardygyny bellemelidiris:

1. Adamyň aladasy, öňde goýan maksady (subýektiw özüňi alyp baryş).
2. Adamyň hereketi, reaksiýasy (obýektiw hadysalar) damyň içki organynda bolup geçýän özgerişlikler.

Motiw işiň netijesine öz täsirini ýetirýär. Işi ýerine ýetiren wagtynda haýsy motiwden ugur alanlygyny görüp bolýar. Meselem, geografiýadan gowy okaýan okuwçy beýleki derslerden gowşak okaýan bolsa, onuň geografiýany oňat okaýanlygyny gowy görýänligi bilen baglaşdyryp bolar. Emma ol predpoloženiýe bolar.

Hemişe işiň netijesi motiw bilen baglanyşykly bolman, daşky obýektiw täsirlere-de baglydyr. Meselem: gutardyş klasynda okaýan okuwçylar ähli predmeti gowy görýänligi üçin däl-de, giriş ekzameni tabşyrmajak bolup edýärler. Ýa-da talybyň bäşlik okamagy, predmeti gowy

görenligi üçin däl-de, hemişe birinji bolmak, ýokarlandyrylan talyp hakyny almak bilen baglanyşykly bolup biler.

**USULY:**

I. Tejribe geçirmek — ol biziň öňümizde 2 sany mesele goýýar.

1) Obýektiw häsiýetde geçirmeli.

2) Öwrenilýän motiwiň täsirini güýçlendirmeli.

Adam bilen geçirilýän tejribeler haýwanlaryňkydan tapawutlanýar. Onuň özboluşly aýratynlygy: (okuw işi, zähmet işi, hünär işi bilen) baglanyşyklydyr. Adamyň motiwleri sosial we taryhy şertler bilen baglanyşyklydyr. Şonuň üçin tejribe geçirende birmeňzeş sosial toparlary saýlap almaly. Meselem: okuwçylar ýa-da talyplar geçirilmek bilen adaty ýagdaýlara has golaý bolmaly. Tejribe geçirilende diňe bir onuň netijesine baha bermän: aladasyny (pereživaniýe) öz hereketlerini aňlap bilşine (osoznaniýa) üns bermeli. Tejribe geçirýäne ynam etmek esasy meseledir. Meselem: wraç-psihiator — kesel, mugallym — okuwçy.

Reputasiýa — tejribe geçirýäniň abraýy, adamlaryň oňa bolan ynamyna esaslanýar.

a) Motiwleri ölçemek — nüdip ölçemeli? Meselem: eger okuwçy 5-iň ornuna 2-lik alsa, onda motiwiň täsiri ýokary bolýar ýa-da önümçiligiň öňdebaryjysy 110%, ýerine ýetirse, ýerine ýetirme 90% (wyrobotka).

Motiwiň ölçegi — işiň netijesine täsir edýär. Meselem: eger adamy edilýän gürrüň gyzyklandyrýan bolsa, ol köp zady ýatda saklaýar. Ýa-da okuwça tabşyrylan ýumuş bilen özi içgin gyzyklansa, ol ony has ünsli ýerine ýetirýär.

Ölçeg geçirilmek — goýberilen ýalňyşlaryň sany.
— ýerine ýetiriliş tizligi.
— öndürilen önümiň sany.
— ýatda saklamak sany.

— obrazlary göz öňüne getirmek.

Işi ýerine ýetirilende diňe bir motiw däl, şonuň bilen birlikde daşky täsirler göz öňünde tutmaly. Meselem: çaga deň-duşlary bilen oýnap ýörkä bökýän aralygyny, terbiýeçisi çagalaryň arasynda ýaryş geçirip bökdereni bilen deň däldir. Uzaklyga bökmäge onuň haýsy wagtda geçirýänligi (irdenmi, günortan nahardan soň, agşam) ýa-da dürli temperamentdäki çagalaryň böküşi (gyzma, howlukmaýan, ýalta). Emosional ýagdaýlaryň täsiri ýokarydyr.

b) Birmeňzeş hereketleri dürli motiwlerde deňeşdirmek. Bu ýerde esasy mesele instruksiýadadyr we düşündiriş işindedir. Instruksiýa geçen wagtymyzda bir işiň maksadyny, wezipelerini, nämäni gazanmalydygyny aýdýarys. Meselem: ýokary klas okuwçylaryna salfetka ýasamagy tabşyrarys: 1) Salfetkany diňe özüň üçin; 2) Kiçi klaslara sowgat bermek üçin.

Käbir zatlary anyklamaly bolýarys:

1) Tabşyrylan iş kanagatlandyrýarmy? 2) Olaryň daşky özüni alyp barşyny öwrenýär.

ç) Hereketi saýlap motiwi öwrenmek — adamy özüni alyp barşyny kesgitläp bolýar. Meselem: mekdep internadynda okaýan okuwça 2 ugur boýunça ýumuş tabşyrylýar. Garaňky gijede sklatdan (ammardan) odun getirmeli.

1) Gorky motiwi — (gury odunyň duran ýeri garaňkydy).

2) Jogapkärçilik motiwi — (öl odunyň duran ýeri ýagtydy we adamlydy).

d) Motiwleri berkitmek — iş tabşyrandan soňra olara dürli döwürlerde täsir etmek bilen: Meselem: okuwçylar barlag işini ýazýan wagtlary, olara öňki bahalarynyň esasynda 2-lik düşýär diýip ýatlatmak. Köp halatda položitel motiw bilen otrisasel motiw gezekleşilýär.

Okuwçylary höweslendirmek ýa-da temmi bermek. Sowgat gowşurmak ýa-da haýbat atmak.

**II. Proektiw usuly (çyzylýan).** Proektiw usul — bu usulda tejribä gatnaşýanyň öňünde aýratyn tabşyryk goýulmaýar, onuň maksady, wezipesi kesgitlenmeýär. Bu ýerde esasy üns aýdyňlyk (wyrazitelnaýa) we ugurtapyjylyk (izobrazitelnost). Meselem: oýun oýlap tapmak ýa-da Ropşahyň usulyny ulanyp manysyz syýa tegmiline seretmek bilen haýsy predmete (närsä) meňzeşligini, haýsy hadysalary ýatladýandygyny ýüze çykarmak. Bulardan başga-da psihologiýanyň umumy usullary bolan: anketa, gürrüň, sosiometriýa usullaryndan peýdalanyp bolar.

## 10-NJY BAP. ISLEGLER BARADA DÜŞÜNJE

**I.Islegiň kesgitlemesi.**Adamlar ýaşamak üçin özleriň iýmite, geýime we başga köp zatlara bolan isleglerini kanagatlandyrmalydyrlar.Isleg munuň özi adamyň ýaşaýyş durmuşynyň we ösüşiň belli bir şertlerinde bolan geçirýän zerurlygy bilen baglanyşykly ýagdaýdyr. Islegler organizmi içki sredasynyň ýa-da durmuşyň daşky şertleriň durnukly talaplaryny aňladýarlar. Olar aňlanylýan bolmak bilen özüni alyp barşyň delilleri formasynda ýüze çykýarlar. Islegler adamyň aktiwliginiň çeşmesidir. Adamlar ýaşamak üçin maddy we ruhy baýlyklary, jemgyýetçilik önümçiligini döredýärler we ösdürýärler. Şonuň bilen birlikde, islegler önümçilik bilen bile ösýärler. Munuň özi düşnüklidir: sebäbi diňe is-legleri kanagatlandyrmak prosesi olaryň ösmegini alyp barýär, islegleri kana-gatlandyrmak bolsa doly suratda durmuş serişdeleriniň öndürilişine we zähmet önüm-leriniň paýlanylşynýn jemgyýetde höküm sürýän häsiýetine baglydyr. Islegleri diňe sarp ediş täzeden döredip bilýär. Şeýlelkde, adamyň hemme islegleri jemgiýetçilik önümçiligiň we paýlaşyň häsiýeti bilen

kesgitlenýär. Hatda fiziologik islegler babatda hem jemgyýet olaryň kanagatlandyryş formasyny kesgitleýär, sosial-ruhy islegler ba-batda bolsa, formasyny hem-de mazmuny kesgitleýär.

Islegler belli bir derejede adamyň gaýgy-şatlygyna, pikirlenmesine, erkine täsir edýär. Islegleriň kanagatlandyrylyp ýa-da kanagatlandyrylmazlygyna,olary kana-gatlandyryş serişdelerine we rahatlyk, kanagatlanmak ýa-da närazylyk emosiýalaryny başdan geçirýär.

Islegler- adamyň akyl ýetiriş we praktiki işiniň esasy ugrukdyryjy, mejbur ediji güýjidir. Indiwid öz islegleri kanagatlandyrmak üçin haýsydyr bir serişdeleri tapmaly, şonuň üçin hem belli bir teoritiki we praktiki meseleleri çözmeli bolýär. Pikirlenme islegleri kanagatlandyrmak üçin serişde gözlemegi üpjün edýän psihiki işleriň bir ta-rapydyr.

Erk hem islegler esasynda döredilýär. S.L.Rubinşteýn erki meýilleriň, ymtylmalaryň ýokary derejei diýip belläpdi. Adam erk tagallasy we durnuklygy mynasybetli mak-sadyna ýetmek ugrunda duşýan kynçylyklary ýeňip geçýär we islegleri kana-gatlandyrmak bilen nähili hem bolsa bagly bolan öňde duran praktiki meseleleri çözýär. Adamyň islegleri köp dürli bolýar, olar şahsyýetiň gönükdirilmesiniň tutuş siste-masynda we öz aralarynda onuň beýleki maksatlary bilen hem belli bir arabaglanyşykda we aragatnaşykda bolýarlar. Häzirki pursatda esasy rol oýnaýan isleg beýleki islegleri ýatyryp ,ediljek hereketiň esasy ugruny kesgitläp biler . Mysal üçin ,açlykdan ýa-da suwsuzlykdan horluk çekýän adam açlygyny ýatyrmak ýa-da suwsyzlygyny gandyr-mak uçin serişde gözlemekden başga hiç zat barada pikir edip bilmez.Ýa-da aýdaly, ahlak islegi güýçli bolan adam diňe bir açlygy, suwsuzlygy äsgermezlik bilen çäklenmän, janyna-da gaýgyrmaz. Görşümiz ýaly , islegde indwidiň psihiki here-ketleriniň gönükdirilmesini dolandyrmak

meýli bolup , şonuň bilen birlikde-de onuň özi bolsa has belent maksatlar tarapyndan, ahlak-syýasy ynamlar, jemgyýetçilik borjuna dü-şünmek ýaly maksatlar tarapyndan dolandyrýar.

Islegleriň häsiýeti we olary kadalaşdyrmak şahsyýetiň psihiki gurluşynyň tutuş-lygyna , onuň edepliligine baglydyr. A.S Makarenkonyň aýdyşy ýaly, adamyň islegi borjyň süýtdeş doganydyr. Indiwidualistiň islegleri egoisitik häsýetlidir. Şeýle adam jemgyýetçilik saçagyndan başardygyça köp almaga çalşyp, beýleki adamlar bilen onuň işi bolmaýar.Şu ýerden hem açgözlük, nepisjeňlik ýaly egoistik keşbiň hakyky ala-matlary ýüze çykýar. Öň aýdylyp geçilişi ýaly, islegler aňlanylan görnüşde bolup bilerler, şonuň üçin hem olar özlerine lakýyk serişdeler arkaly kanagatlandyrylyp bilner. Şeýle hem olar meýiller ýa-da doly aňlanylmadyk ymtylmalar görnüşde bolup bilerler. Bu ýagdaý-da adam "özüni haýsydyr bir güýjüň özünde çekýändigini " diňe duýar (A.S.Puşkin). Şeýle ýagdaýda adam, haýsydyr bir zadyň ýetmeýändigini duýýar ýa-da hiç hili "sebäpsiz dartgynlyk we galagoplyk ýagdaýyny başdan geçirýär. Meýiller güýçlenende isleg ykrar edilýär we şasyýet tarapyndan degişli herekete ýol berilýär ýa-da ýatyrylýar.

Islegleriň giňligini adamyň ösüş derejesine we onyň durmuşynyň maddy şertlerinde bagly bolýar. Adam öz islegleriň aňly-düşünjeli kadalaşdyrýar, hut şonuň bilen hem haýwandan tapawutlanýar. Ol isleglerini dolandyrmak bilen, diňe bir daşky şertleri däl-de, eýsem, jemgyýetde özüni alyp barşyň ahlak hormatlaryna-da göz öňünde tutýar. Şonuň üçin edepli adam bu isleglerini oňlanmadyk adam däl-de, beýleki adamlaryň isleglerine we jemgyýetiň bähbitlerine laýyklyjda öz isleglerini kanagatlanylýan adamdyr.

**II.Islegleriň görnüşleri.**Adamyň islegi köp dürli bolýar. Olar toparlara bölünende maddy, ruhy we jemgyýetçilik islegleri tapawutlandyrmak bolýar. Şeýle

bölünişiň esasynda şahsyýetiň haýsydyr bir obýekte gönükdirilmek prinsipi goýulýar. Maddy islegler adamyň durmuş hereketleriniň esasy bolup hyzmat edýär (iýmite, geýim we ýaşaýyş jaýa bolan islegler). Olar adamyň jemgyýetçilik – taryhy ösüş prosesinde emele gelip, onuň baş hä-siýetnamasyny düzýärler. Adamzadyň tebigat bilen alyp barýan göreşiniň we synpy göreşiniň taryhy ozaly bilen maddy islegleri kanagatlandyrmak üçin şertleri döretmek ugrundaky göreşiň taryhydyr.

Ähli adamlaryň esasy maddy isleginiň kanagatlandyrylmagy olara iň möhüm zat bolan bir döwüm çörek ugrundaky ýiti göreşde döreýän açgözlük, görüplik, ogurlyk etmek ýaly ýaramaz hadysalardan halas edýär. A. S.Makarenko "Adamyň arzuwlarynyň öňünde açgözlük ýok. Eger adam bir tüsseli jaýdan sosna tokaýçylygyna gelip, onda hezil edip dem alsa, onuň köp kislorod sarp edýänligi üçin hiç kim, hiç wagt oňa azar bermez. Açgözlük bir adamyň başga biriniň islegleri bilen çaknyşýan ýerinde döreýär. Sebäbi şeýle bolanda goňşyň şartlygyny ýa-da eşretiň güýç, mekirlik ýa-da ogurlyk üsti bilen elinden almak zerurlygy döreýär" diýip ýazýar. Maddy gymmatlyklary toplanmaklygy bolan bir taraplaýyn ymtylyş, ruhy taýdan garyp, diňe bir bähbitlerini araýan adamlarda bolýar. Ruhy we sosial islegleri ýeterlik derejede ösen adam maddy isleglerini paýhasly kanagatlandyrýar. Şeýle adam üçin durmuşyň manysy döredijilikli zähmetde we öz işiniň şahsy hem-de köpçülige peýdasyny garamakda bolýar.

**III.Ruhy islegler** Ruhy islegler adamzadyň özboluşly islegleri bolup, olara akyl ýetirmek we lezzet almak islegleri girýär. Akyl ýetirmek islegleri umumy bolýar (birzatlardan ugur alyp, tutuş dünýä akyl ýetirmek ) we hususy (hakykatyň aýratyn hadysalaryna akyl ýetirmäge bolan hyjuw) bolýar. Isleg esasynda aňda ylmy döredijilige bolan özbaşdak isleg döreýär. Şeýle ýagdaýda

akyl ýetirmek maksat bolman, döredijiligi bolan islegi kanagatlandyrmagyň serişdesidir.

Estetiki lezzet almak islegi adamyň ömründe uly orun tutýar. Şol mynasybetli adam öz durmuşynyň, dynç alyşyň we ýaşaýşyň gözel bolmagy ugrunda çalyşýar. Durmuşdaky we sungatdaky estetiki baýlyklara baha bermek şahsyýete asyllylyk, salyhatlylyk berýär, ony ýokary göterýär. Şeýle baha bermek çeper döredijilik islegine ösüp geçip biler: şeýle bolanda adam diňe bir taýýar estetiki baýlyklara eýe bolmak bilen çäklenmän, eýsem olary sungat kanunlaryna laýyk döretmäge çalyşýar we döredýär.

## 11-NJI BAP. BIOLOGIK ISLEGLER

### I. Haýwanat dünýäsinde islegleriň ösüşi

1.Haýwanlaryň islegleriniň 3 görnüşi bar: 1)Wital (biologik); 2)Zoososial islegler; 3)Ideal islegler;

Haýwanlaryň iýmite bolan islegi olaryň gündelik isleglerini kanagatlandyrmaga gönükdirilendir. Iýmite we goranyşa bolan islegler özüňi alyp baryşda-da döreýän isleg girýär. Şeýle hem biologik islegler haýwanlaryň görnüşleriniň bitewligini saklamaga gönükdirilendir. Şeýle bolandan soňra olaryň belli bir territoriýasy bolup ony belgileýärler we ony beýleki haýwanlaryň gelmeginden, girmeginden goraýarlar. Bu bolsa olaryň iýmit meselesinde kynçylyk çekmän ýaşamagyna, san taýdan köpelmegine şert döredýär. Iýmit meselesi ýaz hem-de tomus aýlary aňsatlyk bilen çözülýän bolsada, gyşda bu meseläni üstünlikli çözmek meselesinde kynçylyklar üýze çykýar.Köp haýwanlar uzak wagtlaýyn uka gidýärler. Meselem, Demirgazykda ýaşaýan ak aýylar, tokaýda ýaşaýan goňur aýylar we beýlekiler. Olar uzak wagtlaýyn uka gitmezden öňürti zerur bolan ýag zapasyny edinýärler.Mör-möjekler, gemirjiler gyş aýlary zerur bolan iýmitlerini ýygnap basyp goýýarlar.Ýyllaryň dürli gelmegi bilen iýmit ýetmezçiligi sebäpli köp haýwanlar öz

meýdanlaryny taşlap başga ýerlere göçmeli bolýarlar. Göçülen döwründe diňe güýçli, çydamly, tejribesi bar haýwanlara özlerini saklap galmaklyk başardýar, galanlary wagşy haýwanlara şam bolýar.

Zoososial islegler haýwanlaryň öz görnüşiniň başga agzalary bilen özara agzybir hereket etmäge, şeýle hem jyns gatnaşyklarynda ýüze çykýar. Bu ýagdaýlar esasanam wagşy haýwanlarda maýmynlarda, möjeklerde, ýolbarslarda, syrtlanlarda, gemirjilerde gabat gelýär. Olaryň her biriniň sürüde tutýan orny bolup çoňa laýyk hereketleri edýär. Bu mesele aýratyn-da bal arylarynda, garynjalada giňden ýayrandyr. Olarda zähmet bölünişigi ýola goýlup "işçi", "eneke", "han" ýaly derejeler kesgitlenendir.

Ideal islegler täzelikde dörän isleg bolup ,täze maglumaty kabul edip almakda ýa-da ýüze çykan ýagdaýlary ýeňip geçmekdäki islegdir. Haýwanlar öz hereketini ýörite hem yzygiderli berkidip, kämilleşdirip öz hereketlerini ýokary derejede ösdürmäge ukyplydyrlar. Şeýlelikde olaryň kem-kemden berkiden hem kämilleşdiren hereketleri endige geçirýärler.

Isleglerin ýene-de birnäçe görnüşlerini bellemek bolar. Olara biologik (tebigy) ýönekeý we ýokary islegler girýärler. Adamlaryň arasa biologik islegleri bolmaýar, sebäbi olaryň kanagatlanmasy elmydama sosial şertleriň täsiri bilen aralaşan gärnüşde bolýar.Ýöne haýwanlaryň islegleri öňki aýdyşymyz ýaly köp ýagdaýlarda biologik tebigy ýagdaýda amala aşyrylýar.

Islegler özelriniň ösüş derejesi boýunça ilkinji organiki we ilkinji funksional isleglere bölünýärler. Iýmite, ýaşaýyş üçin zerur şertlere bolan islegler, nesli dowam etdirmäge bolan islegler we beýleki ýönekeý isleglere ilkinji organiki islegler diýilýär. Adamlarda döreýän ideal ahlak, zähmet, medeni, gözellik islegler ýokary islegerdir. Ýokary islegler ýönekeý biologik (tebigy) isleglerden soň ýa-da olara paralellikde döremän,

eýsem irki döwürden bu islegleriň jemgyýetçilik kanagatlandyryş usllarynda döreýär.

**II. Biologik isleglere umumy häsiýetnama**

Biologik islegler gönüden-göni tebigy kanunlaryň esasynda bolup geçmek bilen, ýaşaýyş üçin iň zeryr zatlaryň biri bolup durýar. Özem olar gündelik zerurlykder. Iýmite, suwa, howa, jynsy gatnaşyklar iň bir zerur zatlardyr. Iýmitiň bol bolmagy haýwanlaryň sanynyň artagyna, ýzleriniň ýaşaýan ýerlerinde agalyk etmäge şert döredýär.Adamlarda boluşy ýaly haýwanlarda-da iýmitiň düzümi dürliçe bolup biler, iýmitiň düzüminiň üýtemegi bilen olaryň beden gurluşynda, özlerini alyp barşynda özgerşikler ýüze çykýar. Tebigatyň düzüminde bolup geçýän özgerişliklre döz gelmedik haýwanlar ölüp yok bolup gidýärler.Mesele, mamontlar, sütükli piller, ajdarhalar we beýlekiler. Olar bir görnüşden başga bir görnüşe geçmek bilen ýaşaýşyny dowan etdirýärler.

**III. Haýwanlaryň isleglerininiň tebigaty**

Haýwanlaryň islegleri özleriniň gündelik talaplary bilen berk baglanyşyklykda amal edilýär. Olar aw awlamak maksady bilen topar ýa-da özbaşdak hereket etmek bilen aw awlaýarlar. Awyny olar tebigatyň öz beren "serişdesiniň" esasynda amal edýärler. Meselem, ýiti dişleriniň bolmagy (krokodil, akullalar), gowy ylgap bilýärler (geopart, gaplaňlar), dürli görnüşli zäherleýji maddalary bölüp çykarmage we beýlekiler.

Olara topar bolup aw awlamak amatlydyr, seböbi bir bolsaň awyňy tutup bilmezligiň ahmal.Ýolbarslar, gaplaňlar, syrtlanlar öz tutjak awyny peýläp gezmek bilen ony amatly pursatda ele salýarlar. Awy bilelikde iýýärler.

Haýwanlar öz isleglerini kanagatlandyrmak üçin dürli usullardan ýerlikli peýdalanýarlar. Meselem, aldawa salmak, ýalandan gaçan bolmak. Islegler nöçe artsa haýwanlarda endikleri kämilleşdirmek zerurlygy ýüze çykýar. Bu bolsa olaryň hemişe we yzygiderli öz

üstlerinde işlemegine, hereketleriniň kämil bolmagyna, durmuş tejribesinden ýerlikli peýdalanmaga şert döredýär. Indiki ösüp gelýän nesilede toplanan tejribäniň belli bir bölegi geçirilýär. Emma bu mesele ähli haýwanlarda birmeňzeş däldir. Şeýlelikde haýwanlaryň biologik isleglerini kämilleşdirmekleri üçin olaryň hemişe hereketde bolmagyna getirýär we kämilleşmek döwrüni çaltlandyrýar.

## 12-NJI BAP. ADAMYŇ ISLEGLERI

### I. Adamyň isleglerninň gurluşy

Adamyň özüni alyp barşynda iki özara bagly real we funksional taraplary bar: itekleýji we sazlaýjy (regulirleýji).

Itekleýji tarapy özüňi alyp barşyň işjeňligini we gönükdirmekligi üpjün edýär. Sazlaýjy tarapy bolsa başdan soňa çenli özüňi alyp barşyň emele gelmegine jogap berýär (goýulan maksada ýetilýänçä).

Psihiki hadysalar, ýagdaýlar we prosesler: duýma, kabul etme, üns, ýat, pikir-lenme, sözleýiş, ukyplar, temperament, häsiýet we emosiýalar – esasanam, özüňi alyp barşyň kadalaşmasyny üpjün edýär.

Onuň stimulýasiýasy motiwasiýa düşünjesi bilen bagly. Motiwasiýa düşünjesi bolsa, özüniň içine höwesler, motiwler, islegler, maksatlar, meseleler, niýetler (düşünjeleri) öz içine girizýär. Olar diňe adamda bolýar.

Motiwasiýa düşünjesi psihologiýada iki manyda ulanylýar:

1. Özüňi alyp barşyňý determirleýän täsirleriň ulgamyny bellemek hökmünde (muňa islegler, motiwler, maksatlar, höwesler, niýetler girýär).
2. Özüňi alyp baryş işjeňliligi belli derejede gollaýan prosesiň häsiýetnamasy hökmünde.

Biz motiwasiýa düşünjäni sözüň birinji manysynda ulanýarys.Motiwasion düşünjeleriň içinde iň wajyby islegler düşünjesidir. Isleg – bu adamyň ýa-da

haýwanyň belli bir şertlerde kadaly ösüşi, ýaşaýşy üçin ýetmezçilik edýän zerurlyk ýagdaýdyr. Isleg ýagdaýy elmydama içki, birahat kanagatlanmazlyk duýgyny aňladýar.

Islegler hemme jandarlarda bar. Bu janly tebigatyň janly gölden esasy tapawutlyklarynyň biridir. Başga bir onuň tapawutlylygy ol hem jandarlaryň täsir etmesiniň saýlama häsiýetidir. Olar edil şu pursatda bedene ýetmeýän zat onuň isleginiň zady (predmeti) bolýar.Isleg bedeni işjeňleşdirýär, ony gerek zada gönükdirilen özüňi alyp barşyňy döredýär. Isleg bedeni yzyna düşürip, aýratyn psihiki ýagdaýlary (prosesleri) we agzalary oýanma ýagdaýa getirýär. Işjeňlik zerurlyk ýagdaý doly kanagatlanýança saklanýar.

Jandarlar isleglериniň sany we hili olaryň guramaçylygynyň derejesinden, ýaşaýşynyň şertlerinden, ewolýusion basgançakdaky bedeniň oýlan ornundan garaşlydyr. Iň az isleg ösümliklerdedir, sebäbi olar diňe belli fiziki we himiki ýaşamagyň şertlerinde zerurlyk çekýärler. Iň köp isleg adamdadyr, onuň organiki isleglerinden hem başga-da material, ruhy we durmuş islegleri hem bardyr. Onuň durmuş islegleri – özboluşly islegdir, adamlaryň şahsyýetara gatnaşyklary bilen baglydyr. Adamlar şahsyýet hökmünde biri-birinden olarda bolan issleglеriň dürlüligi, olaryň özboluşly gabat gelmesi bilen tapawutlanýarlar.

**II. Islegleriň esasy häsiýetleri**

Islegleriň esasy häsiýetleri aşakdakylardyr:

1. Islegleriň güýji.
2. Olaryň döremeginiň yzygiderliligi (periodikligi).
3. Islegleri kanagatlandyrmagyň usullary.

Adam barada gürrüň edilende goşmaça, örän manyly häsiýetnamasy bolup, islegleriň zat (predmet) mazmuny ýüze çykýar. Başgaça aýdanymyzda anyk

(konkret) adamyň isleglerini doly kanagatlandyrmagy kömek edýän obýektleriň toplumy.

Motiwler. Isleglerden soň motiwasion düşünjesiniň öz ähmiýeti boýunça ikinjisi – bu motiwlerdir.Isleglerden tapawutlylykda motiwler diňe adamda bolýandyr. Motiwleriň köp peýdaly we nazary düşünmesine uly goşandy psiholog A.N.Leontýew edendir. Ol motiwi işjeň islege jogap berýän zat (predmet) hökmünde kesgitledi. Başgaça aýda-nymyzda motiw kanagatlandyryjy serişde hökmünde ýüze çykyp, ol özüňi alyp barşyňy guraýar we belli bir ugra gönükdirýär.Şol bir belli islegiň syn edilýän özüňi alyp barşyň motiwleri bolup dürli zatlar ýüze çykyp biler.A.N.Leontýew islegiň öz-özünden özüňi alyp barşyň motiwi bolup bilmeýär diýip belleýär.

Sebäbi zerurlyk ýagdaý hökmünde ol bedeniň diňe gönükdirilmedik işjeňligini döretmäge ukyplydyr we dörän zerurlyk doly kanagatlandyrylýança güýçlendirip ýa-da peseldip, belli bir derejede saklap bilýär. Gönüdirilmeklik we guramaçylyklyk, özüňi alyp barşyň maksada laýyklylygy we aňlylygy diňe anyk motiwi üpjün edip bilýär – berlen islegiň zadyny (predmetini). Şonuň üçin doly bahaly motiwasiýa üçin özüňi alyp barşyňy belli bir ugra sazlamak we gönükdirilmek üçin motiwasion täsirleriň azyndan ikisi gerekdir – isleg we motiw.

Islegleriň we motiwleriň tapawutlylyklary diňe özüňi alyp barşyň moti-wasiýasynyň işi (prosesi) hökmündäki olaryň dürli orunlarynda däl-de başga zatda-da görmek bolýar. Her bir isleg, ony kanagatlandyrmak ýa-da kanagatlandyryp bilmezlik derejesi subýektiw ýüze çykýar we adatça aňlanmaýan emosiýalara öz täsirini ýetirýär.

Motiw bolsa adamyň aňynda obýekt, maksat hökmünde ýüze çykýar we oňa ir ýa-da giç özüňi alyp barşyň gönükdirilendir. Bu islegi kanagatlandyraýjak zadyň (predmetiň) özi bolmagy hökmany däldir. Bu belli bir oňa getirýän aralyk netije bolup biler.

Motiw mydama akyl ýetiriş işler (prosesler) bilen bagly: kabul etme bilen pikir-lenme, ýat we sözleýiş. Şol sebäpli biz motiwler özüňi alyp barşyň potensial aňlanýan atimullar hökmünde diňe adamda bolýandyr.

**III. Adamyň maksady**

Maksat diýip aşaky motiwasion täsiri görkezip bolar. Özüňi alyp barşyňy şu pursata gönükdirilen gös-göni hökmany aňlanýan netije. Haçanda biz adamyň aňlaýan çylşyrymly motiwasion özüni alyp barşyny sahna görnüşinde göz öňüne getirsek, ol sahnada onuň durmuşy oýnalmaly bolsa, şol sahnanyň iň ýagty ýeri – maksatdyr. Psihologiki maksat aňyň motiwasion ymtyldyryjy mazmunydyr. Adam ony öz işiniň ýakynlykda garaşylýan netijesi hökmünde kabul edýär.

## 13-NJI BAP. ISLEGLERIŇ PSIHOLOGIK TAGLYMATYNYŇ TANKYDY

**I. A. Maslouyň işlerinde isleg meselesi**

A. Maslou (1907-1973) gumanistik hereketiň wekili. Bu alym öz işinde islegiň bas ganҫaklarynyň döreýşine seredip geçýär. Adamyň esasy işiniň çeşmesi bolup, Maslouyň pikiri boýunça, adamyň öz-özüni işjeň ýagdaýa getirmek islegleri hem öz içine birnäçe islegi alýar. M. öz işinde aşakdaky ýaly işleri islegler piramidasynda görkezilýär.

A. Maslouyň pikiriçe şu piramidadaky islegler ýerine ýetirilmese ýokarky islegleri ýerine ýetirip bolmaz.Bu onuň bellemeli tankydy ýagdaýy diýip belleýär. Z. Fereýd öz işinde islegler barada belläp geçýär. Organiki zerurlyklar psihikada ilki bilen organiki täsirler bilen görkezilen bolýar. Onuň sebäbi organik zerurlykda dinamiki dartgynlyk ýagdaýy girizilen ýa-da az hem-de ýiti. Opektiw tony bolup , olar höwesleriň görnüşinde bolýarlar. Höweslenme – bu (meýe) organiki görkezilen durlulykda. Organiki zerurlyk.

**II. Z. Freýdiň işinde isleg meselesi**

Höweslenme baradaky öwrenişi Z. Freýd taýýarlady we ol baradaky bölümi ψ ýazdy. Freýd höweslenmäniň 2 tarapyny tapawutlandyrýar: jynsy we “men” ýa-da öz-özüňe garaýyş diýen höweslenmeleri görkezýärler. Z. Freýd öz barlaglarynda jynslylygy öwrenmeklige üns beripdir. Freýdiň aýtmagyna görä höweslenme organizmiň içinden öz-özüňe hökümdar güýç bilen gelýän ýaly bolup görünýär.

Höweslendirme organizmiň daşynda däl-de içinde hereket edýäni üçin “ondan yglap gaçmak mümkin däl”. Onda bir hili çäresizlik bar. Höweslendirme hökmany kana-gatlandyrma mätäçdir. Emma höweslendirmeleri hemme wagt kanagatlandyrmak mümkin däl. Sebäbi jemgyýet köp halatda höweslendirmäni gadagan edýär. Şonda hemişe huşsuzlyga gysylyp çykarylýar. Huşdan çykarylan höweslenmeler gizlin simwoliki bilen ýönekeý görnüşde bulam-bujar hereketlerde we huşsuzlykda görünýär. Haçan-da olar ýaly kanagatlyndyrylmadyk höweslenmelere reaksiýalar ýeterlik däl bolsa, onda newroz keseli emele gelýär.

## 14-NJI BAP. K. LEWINIŇ ISLEGLER HAKYNDAKY TAGLYMATY

**I. K. Lewiniň işlerinde islegler meselesi**

K. Lewiniň pikiriçe isleg adam işiniň hereketlendiriji güýji bolup durýar. Onuň termenologiýasynda şeýle diýilýär: islegler adamyň özüni alyp barşynyň mehanizimidir. Şeýle hem ol adam haýsy hem bolsa bir hereketi ýa-da maksadyny amala aşyranda ýüze çykýan dinamiki ýagdaýa (işjeňlige) isleg diýip düşünýär. M., talyp leksiýa diňleýär, onuň leksiýa diňlemäge gelmegine birnäçe sebäp bolup bilýär. Talyplaryň birnäçesi şol bir dersi öwrenmäge gelýän

bolsalar, ýene bir topary leksiýa okaýan mugallymy diňlemegi isleýärler we ýene-de birnäçeleri ekzamen tabşyrmak üçin ,konspekt ýazmak maksady bilen gelýärler. Adamyň şu wagt leksiýa diňläp oturmagy kauzal (latunça sebäp diýmegi aňladýar) islegiň barlygy barada şaýatlyk alýan niýetli hereketiň amala aşyrylmagy aňladýar.

Talybyň kauzal isleg hökmünde aňlanylmagy K.Lewin üçin onuň sosial şert-lerini, ýagny tebigaty boýunça dogabitdi ýa-da biologik däldigini onuň dinamiki hä-siýetnamasy aňladýar. Ol dogabitdi biologik häsiýetde bolman öz gelip çykyşy boýunça sosiýaldyr. Ýöne bellemeli zat Lewin üçin sosial jemgyýetçilik şertlendirmäni aňlatmaýar.

Talybyň şu anyk pursatda dörän islegini kanagatlandyrmakdyr. Şeýlelikde, onuň aýtmagyna görä zähmete isleg ýaly durnukly hakyky islegden dörän kanagatlanmak islegiň tapawudyny belleýär.
kauzal islegler özüniň gurluşy, mehanizmi boýunça hakyky isleglerden tapawutlanýarlar. K. Lewin kauzal islegleri döreýän hereketler we onuň özboluşly aýratynlyklary barada durup geçmegi makul ha-saplanýar. Dürli sebäpler boýunça adam s. edilýän hökmünde girýär. Gelýänleriň ara-syndakylar biri eksperiment geçirmäge hyzmat etmek isleýärler. Beýlekisi özüni barlamak , ýene biri synag edilýän hökmünde gelýär, olaryň maksatlarynyň özi kauzal islegleri döredýän mehanizm bolup durýar. K. Lewiniň islegleriň mazmunyna ähmiýet bermeýänligini bellemek gerek. Onuň üçin kesgitleýji diňe onuň dinamiki nukdaý-nazary bolup, onuň güýçli ýa-da gowşak dartgynlygy beýleki islegler bilen baglanyşykly mazmuny bolsa, onuň düşünjesi boýunça ýütgeşikligine galýar.

Kauzal islegiň kanagatlandyrylmasy onuň dinamiki dargynlygyndan gowşadylmagyndan ybaratdyr. Kauzal islegler- bu anyk pursatda döreýän, adamy zerur

bolan iş bilewn üpjün edýän we hereketlenmä getirýän dartgynly ulgamdyr. Meselem, öýe ýumuş berlende okuwçylarda ony şol pursatda çözmäge bolan isleg döreýär. Ol isleg şol wagyt bolup geçýänligi sebäpli kauzal isleg bolup durýar. Eger şu pursaty tejribe esasynda geçirmek bilen, ýümşyň ortasyna baranda olaryň arasyny kesip, olar ikinji ýumuşy çözmäge başlasalarda, olarda gizlinlik bilen ilkijni ýumuşy çözmäge synanşarlar. Sebäbi olarda ýüze çykan dartgynlylyk gowşamaýar. K. Lewin restorana ýa-da kafe baranda ofisanty ýanlaryna çagyrýarlar.Oňa zakaz buýrýarlar. Ofisant hemme zakazy edilen zatlary ýatdan aýdyp bilýär. Ýöne gapydan çykyp barýan adamlaryň näme zakazy edenini soranyňda, ol ugursyz jogap berer. Sebäbi ofisantyň şu wagtky maksady şu wagt jübüt adamlaryň zakazyny kanagatlandyryp öz islegine ýetmek. Bu isleg kauzal isleg bolup durýar.

## II. A. N. Leýontewiň işlerinde islegler meselesi

A. N. Leýontýew hem öz işlerinde isleglere şeýle baha berýär. Ol ilki bilen fital (biologik) isleglere seredýär. Şeýle hem ol predmet funksional isleglere seredip geçýär. Predmet funksional isleg bolanda adam haçanda bir zada isleg dörände, şol islegi kana-gatlandyrmak üçin onuň predmeti bolmaly diýip düşündirýar. Mysal üçin, hudožnik bir obrazy suratlandyrmak üçin belli bir zada ýüzlenip biler. Kitaba ýa-da sahnada bolýan bir parça ýa-da daşky sreda şeýle hem şol zatlary şöhlelendirmek üçin ulanylýan gurallar şol islegi kanagatlandyrmagyň predmeti bolup durýar. Bu ýerde islegleri kana-gatlandyrmakda islegler we olaryň predmetleriniň aragatnaşygynyň ýüze çykmagy bolýar. Kä wagt adamyň islegi ilki dörände şol wagt ony kanagatlandyryp biljek predmeti tapmak kyn. Sebäbi, isleg öz kanagatlanmasyna çenli öz predmetini bilenok. Ol predmet entek tapylanok. M. sen aç bolsaň ilki bilen onuň predmetini tapmak kyn. Sebäbi sen näme iýjegiňi bileňok. Haçan-da, belli bir tagamy tapyp iýeniňden soň ol ta-gam

seniň açlyk islegiňi kanagatlandyrýan pretmet bolup durýar. A. N. Leontýewiň aýt-magyna görä isleg işiň öňünden gerekli şert ýaly bolup ýüze çykýar. Haçan-da adam şol hereket boýunça hereket edip başlanda şol şert işiň öňdeligini bes edýär we işiň ösüşi ilerledigiçe ol şert onuň ahyrky netijesine ýa-da maksadyna ýetmeklige öwrülýär.

**IŞ ISLEG ŞERT**

Şeýle hem A. N. Leontýew ýokary isleglere seredip geçýär.

Tebygy predmetleri ulanmak.

Toparyň giňelmesine bagly bolan islegleriň ösüşinden tapawutlylykda adamlaryň islegleri önümçiligiň ösmegi bilen döredilýär. Önümçilik gerekligi emele getirýän we ulanylýan. Başgaça aýdylanda predmetlik ulanmak özleşdirilmesi ýa-da onuň pikiri getirilýän tanyşdyrmak bilen düşündirilýär. Öz şol şekillendirilen görnüşinde predmet ideal içki mejbur edýän motiw hökmünde çykyş edýär.

Indiwid predmeti öndürmek we ony ulanmak bilen öz-özüni dolandyrýar. Isleg we iş aragatnaşygy belleýän 2 prinsipial shema bellenilýär.

1. Isleg – iş – isleg.
2. Iş – isleg – iş

## 15-NJI BAP: ISLEGLERIŇ DINAMIKASYNYŇ TEJRIBE BARLAGLAR

Haýwanlar aç bolanlarynda ýa-da suwsanlarynda olaryň aşgazanlarynyň boşlugy zerarly bolup geçýän fiziologik özgerişlikler bolman, onuň esasynda beýniniň işi ýatyr. Syçanlarda geçirilen tejribede, olaryň aralyk biýnidäki “açlyk merkezini” aýyrsaň, onda ol açlygy duýman ölüp galar.

Şonuň üçin-de, zerurlyk ýa-da ýetmezçilik – bedeniň motiwiniň başlangyjy bolup durýar we duýgur nerwlere öz täsirini ýetirýär. Açlygy duýmak üçin, ilki oňa

göz ýetirmeli , ony bilmek üçin hem nerw ulgamy esasy orun tutýar. Diýmek, motiwiň aý-rylmaz fiziologik şerti merkezi nerw ulgamynyň işine baglydyr.

Nerw-fiziologik esaslary öwrenmegimize itergi berýän zat psihologiýa bilen baglanyşykly soraglardyr. Esasy mesele, bizi hereketlendiriji we işi amal etmäge ýardam berýän zat – ol şertli reflekslerdir.

Paleý we Peuskaýanyň geçiren tejribelerinde (mekdebe çenli ýaşly çagalarda we kämillik ýaşyna ýetenlerde) puržyny gysmak bilen baglanyşykly mysalda täsiriň (re-aksiýanyň) ýüze çykyşy, aýratynlygy, tizligi, ak ýürekden ýerine ýetirilmegi tejribä gatnaşýanlaryň merkezi nerw ulgamynyň işine, görnüşine baglydygyny ýüze çykardy.

N.P.Murawýan şertli reflexleriň geçişini haýwanlarda tejribe geçirýär (iýmitiň möçberi (количество) we tagamy (вкус). Şertli we şertsiz refleksler özara bag-lanyşykly bolup, daşky täsiriň netijesinde ýüze çykýar. Mysal üçin, çagalara täze şekil-leri görkezseň, olarda (bilesigelijilik motiwi döreýär), kämillik ýaşyna ýetenlere bir zat aýtsaň (durmuş taýdan baha bermek motiwi) döreýär.

Refleksler hem biri-birlerinden tapawutlanýarlar. Gyjyndyryja bir ýa-da birnäçe beden jogap berýär. Funksional ýagdaýda gyjyndyryja jogap berlende, nerw ulgamynda özgerişlik bolýar.

Funksional ýagdaýda motiwiň kanagatlanmasy ýa-da kanagatlanmazlygy gyjyndyryja baglydyr.

Motiwiň gönükdirilmesi – haýwanlarda synag edip bolýar. Bu ugurda Uh-tomskiniň tejribeleri has aýdyň subut edýär (dominantlyk mehanizmi). Mysal üçin, ajygan wagtynda ýa-da söýgi meselesinde.

Şirman 1923-nji ýylda şertli-hereket gorag refleksini açdy (oda degende eliňi çekip almak). Başda jaňjagaz bilen tejribe geçirýär, soňra haýwanlarda geçirýär

(gyzgyndan eliňi çekip almak). Soňra öz tejribesine jaňjagazy ornaşdyrýar we jaň kakylanda eliň çekip almagy talap edýär.

A.A.Uhtomskiý dominantlyk düzgünini derňemek bilen motiwirlenen hereketiň gönükdirilme häsiýetini öwrenýär. Dominantyň esasynda daşky we içki gyjyndyryjylaryň täsiri netijesinde hereket ýüze çykýar. Mysal üçin, gorag, ýuwdunmak, jyns gatnaşyklary. Haýwanlar ot iýen wagtynda, diňe bir ýuwdunman, olar doýýançalar ot iýýärler.

P.K.Anohin tejribesinde akseptor hereketi – nerw öýjükleriniň ulgamy bolup, oýanmanyň netijesinde emele gelýär we duýujy sensor merkezlerini hereket etmäge gönükdirýär.

Eger deňeşdirme esasynda aýtsak, beýni hereket edýän maşynyň mehanizmi bolup durýan bolsa, onda ol silindr bolýar, dominant bolsa – maşynyň rulydyr.

Motiw bilen emosiýanyň biri-birinden aýrylmaz baglanyşyklylygy, emosiýa haçan-da motiwiň kanagatlandyrylan ýa-da kanagatlandyrylmadyk ýagdaýynda ýüze çykýar.

Dürli emosiýalaryň ýüze çykmagy üçin ilki oýanyş bolmaly, soňra orientirleýji reaksiýa, kanatlanmak ýa-da gaharlanmak ýüze çykýar. Eger gyjyndyryjy gowşak täsir etse – uky ýüze çykýar, güýçli täsirde – agyry emele gelýär.

Uly ýarym şarlaryň gabygynda we gabyk astynda aýratyn ýerlerde (участокларда) gelýän habarlar işlenilýär we jogap reaksiýasy bolup geçýär.

Islendik motiw – emosional ýagdaýyň ýüze çykmagyna getirýär we kana-gatlanmany görkezýär.

Gipotalamusyň yzky bölegine täsir edilende – oýanyş reaksiýasy, orientirleýji reaksiýa, gahar-gazap bildirmek, täsin galmak ýüze çykýar.

Gowşak gyjyndyrmada – onuň öňki bölegine täsir edilende – uka gitmek, güýçli täsirde bolsa – agyry, ejir

çekmek ýüze çykýar. Ähli nerw kemala gelmeler (образование) emosiýanyň we motiwiň üsti bilen kadalaşdyrylýar. Spesifik bolmadyk bölekler hem emosiýany kemala getirmäge gatnaşýarlar. Olar diňe ýarym şarlaryň gabygynda däl, eýsem uly ýarym şarlarda hem ýerleşýärler. Mysal üçin, elektrik täsiri ýetende gasynlarda oýanyş emele gelýär.

Ýarym şarlaryň üstki bölegi nerw öýjükleri bilen örtülip, dürli bölümlerde ýerleşýärler. Mysal üçin, yzky bölekde ýerleşýän nerw öýjükleri görüşe jogap berýärler.

Emosiýanyň ýüze çykmagy bilen baglanyşykly nerw kemala gelmeleri nerw ulgamynyň ähli böleklerinde bardyr. Gabyk asty bölümlerde dogabitdi emosiýalary kadalaşdyrýan nerw agzalary (apparatlary) ýerleşýär, gabykda – aňlnylan, durmuş-sosial häsiýete eýe bolup maglumatlar bardyr.

Emosiýanyň psihiologik tarapyny ýüze çykarýan merkezi nerw ulgamy bolsa-da, onuň belli bir bölekleri jogap berýär. Spesifik nerw kemala gelmeleri gabygyň ýokarky gatlaklarynda ýerleşýärler. Olaryň köp bölegi gipofalemusda, maňlaý bölekde ýerleşendir. Gyjyndyryjy täsir eden wagtynda haýsy-da bolsa bir zada (obýekte) gönük-dirilen açyk ýüze çykýan häsiýete eýe bolýar. Mysal üçin, iýmite, goraga, hüjüm etmä-ge, jyns gatnaşyklar…. Eger "açlyk merkezini" aýyrsak, onda haýwan iýmit gözlegine çykman, açlykdan öler (12, 41 sah). Ýa-da gipofalemusyň beýleki bir bölegini aýyrsaň, haýwan doýsada iýmegini dowam etdirýär.

Eger-de haýwanlara elektrik ýa-da himiki usul bilen täsir edilip, olaryň merkezi nerw ulgamynyň maňlaý bölegine täsir etseň, onda gorag reaksiýasyny görmek bolar. Adam ýaralanmak zerarly ýarym şarlaryň gabygyna zyýan ýetse, onda akyl hem hünär gyzyklanmalary ýitýär (12, 41 sah).

Spesifiki özüni alyp baryş ýapyk ulgamy emele getirmek bilen bir bütewi hereket edýär. Gipofalemus bilen gabygyň gowy we aýrylmaz baglanyşygy bardyr.

Spesifiki däl bölekleri – ol esasan emosional ýagdaýlara öz täsirini ýetirýär we motiwirlenen hereketi ýola goýýar.

Nerw ulgamynda emosiýanyň we motiwiň nerw apparatlary giňişlik babatda çäk-lenýän däldirler (12, 42 sah). Şonuň üçin-de olaryň funksional baglanyşygy ýeňilleşýär.

Hollyň reduksiýa taglymaty – beýniniň gönükdiriji hereketi, onuň kana-gatlanýandygyna ýa-da kanagatlanmaýanlygyna baglydyr diýip belleýär.

Kanagatlanmanyň peselmegi – emosional ýagdaýa baglydyr (ejir çekmek, kanagatlanmazlyk).

Motiw we endikleriň özara baglanyşygy, endikleri kemala getirmekde motiwiň orny uludyr. Endik motiwiň belli bir ugra gönükdirmegine we durnuklylygyny üpjün edýär. Mysal üçin, zähmet endikleri motiwleriň berkleşmegine getirýär. Başga bir tarapdan okuw we zähmet endikleri çalt kemala gelmegi we berkemegi üçin, okuwçynyň yhlas bilen okamagy, şol dersi içgin öwrenmegi, hünäri söýmegi bilen baglanyşyklydyr.

Motiwiň işjeňligi içki agzalaryň täsiri. Mysal üçin, ajykmak ýa-da suwsamak. Ol näçe wagtdan bäri suwsaýar, ajygýar? Emma ähli adamlarada motiw we emosiýa deň derejede ýüze çykmaýar. Mysal üçin, adamyň özi açlyga ýa-da suwsuzlyga çydamlylygy nähili?

Zerurlygy duýmak ýa-da kabul etmek – bu motiwiň başlangyç we orta toparydyr.

Endokrin ulgam – meýilleriň ortaky bölüme degişli bolup, esasy wezipäni ýerine ýetirýär. Nerw-fiziologik ýagdaýlaryň üýtgemegine – iýmitiň özleşdirilmegi, dem alyş, ganyň himiki düzümi degişlidir.

# 16 –NJY BAP: PSIHOLOGIÝADA MEÝILLERIŇ MESELESI

## I. Islegleri kanagatlandyrmak bilen baglanşykly işler

Motiw diýen düşüje – hereket getirme, itekleme diýmegi aňladýar. Motiwler psihologiýada dürli ugurlar boýunça bellenilýär.

1. Subýektiň isleglerini kanagatlandyrmak bilen baglanyşykly işler;
2. Işiň gönükdirilmesini kesgitleýän maddy ýa-da ruhy baýlyklar;
3. Hereketleriň seçip alynmagynyň esasynda ýatdan aňlanylýan sebäp;

Motiwasiýa – bedeni işeňňirleşdirýän we onuň gönükdirilmesini kesgitleýän meýillerdir.

Isleg-munuň özi talabyň oý-pikirler berk bolan mazmunydyr. Isleg – hereketiň sebäbi bolup biler. Isleg bildirmek – bu entek hereket etmek däldir. Islegde talabyň giň mazmuny beýan edilýän bolsa-da, onda işjeňligiň düzümi ýokdur. Şol islegi kana-gatlandyrmak, herekete getirmek we ony işeňňirleşdirip maksadyňa ýetmekde motiw-leriň orny örän ulydyr. Biz motiwleriň ornuny nirede görýäris? Ilki isleg, ony kana-gatlandyrmak üçin güýç, motiwler onuň netijesinde bolsa, ymtylma bolup belli bir meýliň saýlanyp alynmagynda maksadyňa ýetmek üçin şol alynan ahyrky netijäni ýerine ýetirmeli.

Adam öz isleglerini kanagatlandyranda motiwleriň hereketi gysga ýa-da uzak wagtlaýyn bolup bilýär. Bu islegiň kanagatlandyrmasy bilen bagly bolýar. Haçan-da islegi kanagatlandyranda adam birnäçe zatlary planlaşdyrýar, soňra, şolaryň birinde saklanyp, belli bir netijä gelýär, ýa-da maksadyny haýsydyr bir motiwleriň ahyry biriniň ýeňmegi bilen tamamlanýar.

Biz durmuşda adamlaryň öz isleg, arzuw-hyýaly boýunça zähmet çekýändigini, okaýandygyny, dynç

alýandygyny, gowy görýän işini kanagatlanma bilen ýerine ýetirýändigini bilýäris. Ýöne kä halatlarda onuň üýtgeşik bir kanagatlanma getirmeýän zerurlyk tarapyndan öňe sürülýän işiň bähbidi üçin fiziki güýji akylyny gönükdirýän uly kynçylyklary ýeňip geçýan, gönükdirýän, özüni gurşap alýan duýgulardan saklanýandygyny ýa-da haýsydyr bir ýakymly zatdan ýüz öwrüp maksada ýetmek üçin uzak wagtlap jan çekýändigini görýär. Bu zatlaryň hemmesinde adamyň erkli hereketleri ýüze çykýar.

**II.Isleglerde erkiň tutýan orny**

Erk – munuň özi goýlan maksada ýetmek üçin kynçylyklary ýeňip geçmeklige gönükdirilen bolsa anyk ýagdaýda başyndan soňuna çenli onuň nähili ýerine ýetirýän-digine jogap berýär. Islegiň soň maksatlara baglydyr. Belli bir iş edilende ýa-da ediljek bolanda bir zada isleg, höwes dörände, oňa ýetmek üçin öz öňünde maksat goýulýar. Haçan-da maksadyňa ýetiljek bolanda ol üns merkezinde bolýar. Şeýle hem ol gysga wagtlaýyn ýa-da operatiw ýatlaryň göwrümini öz içine alýar.

**Motiwler**




Adamlarda bolup geçýän psihiki hadysalar (meýillere ýa motiwlere, isleglere, maksatlara, höweslere) şahsy dispozisiýa diýilýär. Bu hadysalar biri-biri bilen berk baglanyşykly bolup, şahsyýetiň motiwasiýon bölegiň esasyny düzýärler.

Adamyň meýil gurşawynyň ösmegi bilen ölçeglere bellemek bolar: giňlik, çeýelik şeýle hem tabynlyk.

## III. Meýliň gurşowynyň giňligi we çeýeligi

Meýil gurşawynyň giňligi diýip, dürli manyly meýil faktorlaryň isleglere, maksatlara düşünilýär. Eger adamda dürli meýiller, islegler, maksatlar bolsa onda meýil gurşawy şonça-da ösen bolýär. M. öý hojalykçy aýallaryň bir topary diňe bir öý işleri bilen meşgulanýar. Şonuň üçin olaryň islegi köp bolýar. Başga bir topary bolsa öý işlerinden daşary gazet-žurnallary okamaga islegi bolýar. Ikinji ýagdaýdakylarda dürli manydaky islegleri bolup, olaryň gözýetimi giň bolup, islegiň göwrümi giň bolýar.

Meýil gurşawynyň çeýeligi diýip, ýagny, adam öz isleglerini dürli kanagatlanma ýollary bilen amala aşyryp biler. Meýil dürli adamlarda dürli hillidir. Bir adam ony telewideniýanyň, radionyň, kinonyň üsti bilen, beýleki bir adam kitaplaryň, adamlar bilen gürrüňdeşligiň kömegi bilen amala aşyryp bilerler. Bu esasan adamlaryň ýaşaýan şertleri netijesinde bagly bolýar. Meýil kompýuteriň üsti bilen, praktiki taýdan ösdürip bilerler.

Meýil giňliginiň tabynlygy (ierahiýasy) bolanda meýilleriň işjeňligiň güýji näçe tapa-wutly bolsa, şonça-da meýil gurşawynyň tabynlygy ýokary bolýar. Käbir ýagdaýlara beýlekilerden güýçlíräk bolýarlar we ýygy-ýygydan ýüze çykýar. Başgalary gowşak hem-de seýrek işjeňleşýärler. Kesgitli derejedäki motiwasion emele gelmegi işjeňleşmeginde güýjünde we ýygylygynda tapawut köp boldugyça şonça-da motiwasiýa, sferasynyň tabynlygy ýokary bolýar. Bolan güýç sarp etmek bilen utgaşýan aňly hereketdir. Içki päsgelçilikler esasan biri-birine garşylykly bolan islegleriň (işlemek, işlemezlik we ş.m.) çak-nyşmaklygyndan gelip çykýar. Meselem,maksads ýetmeklige bolan meýil we işe gitmek üçin zor aýakdan turmak zerurlygy. Ýerine ýetirmeli hasaplaýan işiňi etmäge özüňi mejbur etmegi başarmak,

muňa päsgel berýän arzuwlary we meýilleri ýeňip geçmek ukyby erkin esasy sypatydyr.

## 17-NJI BAP. ÝEWROPA ALYMLARYNYŇ MEÝILLERI ÖWRENIŞI

### I. Zerurlyk, lezzet almak we ejir çekmek

Motiwiň ýüze çykmagy üçin näme-de bolsa bir ýetmezçilik bolmaly, adam ala-dalanmaly. Zerurlygyň aladasy – kanagatlanmazlyk, ejir çekmek, mahrum bolmak bilen baglydyr.Kanagatlanmada – öz gezeginde – lezzet almak, şatlyk bilen baglanyşyklydyr. Şeýlelikde, emosiýa motiwiň ýüze çykmagy üçin zerurlykdyr we ony tutuş işiň (деятельность) dowamynda üýze çykýar.Emosiýanyň intensiwligi – zerurlygyň kanagatlanmasy ýa-da kanagatlanmazlygy bilen baglydyr. Mysal üçin adam ýa-da haýwan näçe köp wagt iýmitden kesilen bolsa, açlykdan ejir çekmeklik ýokary derejede bolýar, iýmitlenmek bolsa lezzet almaklyk bi-len baglydyr.

Emma ejir çekmeklik bilen lezzet almaklygyň arasynda gönüden-göni pro-porsional baglanyşyk ýokdur. Mysal üçin, agyryny duýmakda. Agyry ýuwaş-ýuwaşdan ýokarlanýar. Emma agyryny duýmaklyk emosiýa bilen baglanyşyklydyr. Adam işjeň he-reket etmek bilen ejir çekmäniň öňüni alýar.

Emosional bosagalar hem duýmanyň bosagalary ýaly özboluşly aýratynlyklara eýedir. Mysal üçin, adamlaryň käbiri açlyga, suwsuzlyga çydamlylygy deň däldir. Her hili ýagdaý bolanda-da adam ruhdan düşmeli däldir, hemişe göreşmäni başarmalydyr.

Amerikan alymy Brožek öz tejribehanasynda (59 sah) tejribe geçirende, suwsuzlygy ýüze çykarjak bolup, köke(peçeniýe) bilen burçly sous berýär.

P.W. Simonow deri duýmalaryny derňemek maksady bilen (der bölüp çykarmak) meselesini öwrenýär. Garaşylýan agyry köp mukdarda adamyň derlemäge getirýär (ukol uranda).

Adamyň edýän işi emosiýa bilen baglanyşyklydyr. Şu wagtky kanagatlanma bilen çäklenmän, ol geljek hakynda alada edýär. Adamlar geljek hakynda hemişe alada edýärler.

H.S.Utkiniň geçiren tejribeleri talyby birnäçe gezek öwseň, onuň maBaptiki hasaplamalary ýerine ýetirmegine päsgel berýär.

Emosiýanyň gönükdirilmesi – ýagşy (položitel) emosiýaly adam çalt duýýar, ünsüni bir ýere jemleýär, gözleri ýitileşýär, eşidişi gowulaşýar, doly kabul edýär, gözegçiligi ýokarlanýar, okuw işi kämilleşýär.

Ýaramaz (otrisatel) emosiýada – işiň funksional ýerine ýetirilişi pes derejede bolýar.

Kä ýagdaýda emosiýanyň güýjüne köp zat baglydyr. Mysal üçin, gorkuda, belli bir derejä barýançaň adamyň güýjüni bir ýere jemleýär. Mysal üçin, samolýotda uçýan uçarman özüni türgünleşikde bolşundan jogapkärçilikli duýýar.

Ýa-da aktýor taýýarlykda we spektaklyň özünde ýokary derejede işlenilen wag-tynda maksada ýetmek ýeňil bolýar. Emosiýa motiwe zerur bolan energiýa bilen üpjün edýär.

Motiwler we endikler. Adam haýsydyr bir öňde goýan maksadyna ýetmek üçin işi ýerine ýetirmegiň ugruny-ýoluny bilmeli. Işi ýerine ýetirmegiň hereketiniň awto-matlaşmagy, ýagny endige öwrülmegi zerurdyr. Motiw näçe endik bilen has ýakyn bolsa, onda ol işi ýokary derejede gönükdirýär. Käbir alymlaryň pikirine görä, dogabitdi motiw bolmaýar. Islendik motiw işi soň eýe bolup hem endikleriň üsti bilen amala aşyrýar.

Endik näçe kämil bolsa, işiň üstünlikli bolmagyna mümkinçilik berýär. Mysal üçin, hat ýazuwda näçe çalt we dürs ýazuw endiklerini ele alan bolsaň, şonça-da işiň netijesi ýokary bolýar. Zähmet endikleri onuň ýerine ýetirilişine baglydyr. Dürli kärde işleýän adamlaryň endikleriniň ösüşi deň derejede däldir.

Kä halatlarda belli bir endikleri ele alandan soňra motiw ýüze çykýar. Mysal üçin, okamaga bolan endikden soňra çeper edebiýata bolan höwes döreýär. Arifmetika bolan höwes belli bir arifmetiki endikleri ele alandan soňra döreýär.

## II.Adamyň endikleri

Gazet okamak, diňlemek, seretmek – biziň üçin zerurlyk bolup durýar. Endik motiwi işeňňirleşdirýär, özüňi alyp baryşa täsir edýär. Mysal üçin, endikleri kämilleşen haýwan laberintde iýmit gözlände hereketiň tizligini ýokarlandyrýar (64 sah).

Iki sany biri-birine golaý motiwler deň derejede güýçli bolsalar-da, şolaryň haý-sysyna degişli endikleri kämil bolsa, şol hem üstün çykýar. Mysal üçin, laberintiň bir ýerinde haýwana iýmit, beýleki bir ýerinde suw berilýär. Soňky geçirilen tejribede 48 sagadyň dowamynda aç hem suwsuz bolansoň 2-sindede deň derejede zerurlyk döreýär. Şu ýerde 2 motiw hem deň derejede bolsa-da, şonuň haýsy birine hereket etse, haýwan-da şoňa bolan endiginiň kämilligini görkezýär (Ramondyň tejribesi).

L.I.Božemiç, P.S.Slawin tejribe derňewlerinde çagalarda synag edilýär. Mysal üçin, 1-nji synpda okaýan çagalarda motiwleriň gapma-garşylygy bolup geçýär. Okuwçy hökmünde borjuňy ýerine ýetirmelimi ýa-da oýnamaly.

Şeýlelikde, işjeňlik meselesi, nämede bolsa zerurlygy aňlatsa, beýleki bir tarapdan haýsy endigiň kämildigini görkezýär.

Motiwiň we endikleriň biri-birine täsiri dogrusynda 2 sany taglymat bar:

Hollyň taglymaty – eger motiw hem endik bilelikde täsir edýän bolsa, onda olar işjeňligi kesgitleýärler.

**E = D x H**

Bu ýerde: E – oýanyşyň potensialy, işeňligiň ölçegi;

D – güýç (belli sany);

H- endikleriň berkligi.

Çagalaryň işjeňligini gazanmak üçin – gönükmeler ýerine ýetirilmelidir. Emma muňa garamazdan, işiň ýokarlanmagy üçin şoňa laýyk motiw zerurdyr. Mysal üçin, laberintde iýmiti gözläp tapmaga endigi bolan haýwan, eger dok bolsa endigi boýunça öňki ýol bilen gitmän, täze ýol gözlär, sebäbi ol täze ýoldan öň gidip görmändi. Onuň özüni alyp barşy bilesigelijilik bilen baglanyşykly bolup biler (Daniel, Kon) (65 sah).

Gönükdirilmeklik we işjeňlik endikleri kesgitleýärler diýen meselede gapma-garşylyk bar. Mysal üçin, açlyk ýokary derejede bolsa, haýwanda ylgamanyň dogry endigi bolsa-da, ol köp halatlarda nädogry ýoly saýlap alýar (Braun). Diýmek, işiň gö-nükdirilmesi bu ýerde dogry we berkleşen endikler orun tutmaýar.

Motiw näçe ýokary bolsa, endik şonça-da tiz we berk özleşdirilýär.

Hollyň taglymatynyň ikinji bir tarapy, motiw psihiki ýagdaýdyr, işi gönükdirijidir. Emma işe gönükdiriji endik diýlip görkezilýär, motiw bolsa endigi ele almagyň energiýa çeşmesi bolup çykyş edýär. Bu meselede Hollyň pikiri Z.Freýdiň aýdyşy bilen gabat gelýär. Ol adama 2 sany motiw täsir edýär diýip belleýär. Birinjisi jyns gyzyklanma (влечение), ikinjisi ölüme bolan ymtylyş.

Endikler näçe kämil boldugyça, adam, haýwan şonça-da az ýalňyş goýberýär, maksadyna çalt ýetýär. Ýerine ýetirilýän iş işjeň we köp energiýa sarp etmek bilen ýerine ýetirilýär. Mysal üçin, laberintde iýmit tapmagyň endigini kämil ele alan haýwan, iýmiti çalt tapýar.

Kä bir ýagdaýlarda öňki endiklerden el çekmeli ýerleri hem bolýar. Mysal üçin, gulluk eden wagtynda her bir tabşyrygy maslahat etmän ýerine ýetirmek (öz wagtynda, ýokary derejede), emma gullukdan gelenden soňra, toparda öz pikiriňi aýtmak, mas-lahatlaşmak endigini ösdürmeli.

## 18-NJI BAP: MEÝILLER, ISLEGLER, MAKSATLAR

### I.Adamyñ isleglerini kesgitlemek

Adam motiwiň işjeňligini kesgitlemek üçin işleňlige näderejede dahyllylygyny kesgitlemelidiris. Adamyň öňünde goýan maksadyna ýetmegi onuň ukybyna, başar-nygyna, alyp barýan işiniň aýratynlygyna we ony öňe herketlendirýän gýjüne 9motiw baglydyr. M, eger-de dalaşgärde ýokary okuw mekdebinde okamaga höwesi ýok bolsa, ol giriş söhbetdeşligini tabşyrmaz, eger-de sportsmen utuş gazanmak üçin ymtylmasa, baş baýragy alyp bilmez.

Motiw obýektiw zerurlyk esasynda ýüze çykýar. M, ajykmak, suwsamak, nämede bolsa bir zat ýetmese. Biziň ýokarda sereden mysallarymyzda: biliminiň pes derejededigi, sportsmeniň taýýarlygynyň pesligi bolup durýar. Adamyň öňde goýan maksadyna ýetmäge bolan ymtylyşy ýönekeý bir gerişde bolup çykyş edýär. Muňa Leontýew "maksadyň mazmuny" diýip at berýär. Şonuň üçin-de hemişe maksat bilen netije bir bolup durmaýar. Aýry-aýry motiwleriň üsti bilen hem maksadyňa ýetseň bolar. M, ýokary okuw mekdebine okamaga girende:

a) şol ylym bilen içgin gyzyklanmak ;
b) hünär edinmek ;
c) ýokary tölegli işde işlemek;

Esasy mesele obýektiwlikdir. Jemgyýetiň talaplaryndan ugur alynmagy, jemgyýetçilik ähmiýeti bolmagy zerurdyr.

Geçilýän meseläniň ähmiýeti we maksady başgaça-da bolup biler. M, sportsmen, öz şohratyny artdyrmak üçin rekord gazanyp biler, şol bir wagtyň özünde ol öz döwletiniň we klubunyň abraýyny artdyrýar.

Öz işiňde obýektiw talaplara göz ýetirmek, şonuň netijesinde maksady aňlatmak bolup geçýär. M, ýaş çagalarda zähmet işine gatnaşdyrylanda, olaryň ýerine ýetiren iş-leriniň jemgyýetçilik ähmiýetine göz ýetirmekleri zerurdyr. Zähmet okuwynda ýa-da önümçilikde işleýän adam köp gazanç etjek bolup brak önüm öndürse, jemgyýet zyýan çeker.

Adamyň işinde haýsy motiw güýje täsir edýänligine köp zat baglydyr. M, ol maksada ýetmegiň düzüminde doly göz ýetirmeýär. Bäşlik almany arzuw eden okuwçy öz çykyşynda özi ýokary baha berýär.

Motiwiň maksda täsir edýänligini görmek tejribede başardýar. M, birnäçe signallara birmeňzeş reagirlemek bilen çalt-çalt gaýtalanýan signala tiz jogap berýär, beýlekisine-de haýal. (W. D. Iwannikew tejribesi. 12, 50, 51 sah.).

Islemeýän zadyň gaýtalanmajak ýaly bolup görünýär.

Kä ýagdaýda maksat özüne çekiji bolmasa elýetmez ýaly bolup görünýär. Oňa sebäp bolýan zatlaryň biride işjeň motiwiň ýoklugydyr. Tersine, örän kyn tabşyryklar hem adamda işjeň motiw bolanda aňsatlyk bilen hötde gelinýär. M, razwedçikler.

Maksada göz ýetirmek üçin haýsy şertler gerek:

1. Obýektiw predmeti saýlap-seçip almak.
2. Hereketleri takyk kesgitlemek.
3. Maksada ýetmek üçin ynamly bolmak.

Bularyň üçüsi-de motiwiň aýrylmaz şertleri bolup durýar.

Bu meseläni doly aýdyňlaşdyrmak üçin Ahyň geçiren tejribesine seredip geçeliň. (12. 51 sah). Meselem, birnäçe gezek gaýtalamak bilen tejribä gatnaşýanda assosasiýa döretmek. Eger tabşyryk takyk berilse, jogap

dogry bolýar, bolmasa köp sanly ýalňyşlyk göýberilýär. Ah muňa "Erkiň ýöriteleşen determinasiýasy "diýip at berýär. Durmuşda-da biz şu ka-nundan ugur alýarys. Motiwiň işjeňligine maksada ýetmäniň dowamlylygy we giňişligi (prostranstwo) öz täsirini ýetirýär. M, haýwanlarda geçirilen tejribelerde olar iýmite ýetmek üçin ýörite guralan laberintden geçmeli bolýarlar, ol hem öz gezeginde birnäçe bölekden durýar. Eger jandar iýmite tarap ýokary çaltlyk bilen hereket etse, onda açlyk oňa ýiti täsir edýär. Emma, şol bir hereket birnäçe gezek gaýtalansa, endigi bolsa, onda iýmite golaýlaşdygyça hereketi güýçlenýär. Bu hadysa ABŞ alym Hell "gradiýenton seli" (maksadyň gradiýenti) diýip at berýär. Maksadyň gradiýenti motiwiň ilki başdaky güýjüne baglydyr. M, eger-de haýwan 48 sagat aç bolan bolsa, 24 sagat açlyk çekene se-redeniňde maksada ýetmek üçin tizlik ýokary bolýar.

Bu meseläni P.Gorfunkel sportsmenlerde öwrenmek bilen ok atýan sportsmenler şahsy ýa-da toparlaýyn ýeňiş gazanmak isleýärlermi, olaryň özleri çözýärler. Eger iki motiw öňe çyksa, adam haýsy-da bolsa birini saýlap almaly bolýar. A.S. Makarenko öz pedagogik işinde bu meselä aýratyn üns beripdir. M, okuwçylary jemgyýetçilik – zähmet işinde kollektiwiň önünde duran maksatlar dürlidir.

a) Ýakyn; b) orta; ç) geljekki maksatlar.

Motiwe täsir edýän zatlaryň biri-de onuň jemgyýetçilik ahlak tarapydyr.

## II.Maksada ýetmegiň ähmiýetine üns çekmek

Okuwça dürli derejedäki çylşyrymly meseleler hödürlenen bolsa, iň kyn meseläni çözmek üçin ýokary işjeňlik görkezýär. M, Ruhnamadan geçirilen ýaryşlarda ilki 25 sorag, soňra 100, 500 sorag. Esasy zat adamda öňde duran wezipä amal etmek üçin berk ynam bolmaly.

Işiň netijesine anyk göz ýetirmek maksady bilen, ilki döredilen şerti we bildirilýän talapy ýüze çykarmaly. M, talyp haýsy kanunlary göz öňünde tutup meseläni işlemelidigini göz ýetirse, ony dogry çözmeklige ymtylyş ýokary derejede bolar.

Diýmek maksat bilen motiw özara baglanyşykly düşünjeler bolup durýar. Adamy motiwiň, maksadyň ýaş aýratynlygyna, hünärine, durmuşyna görä özgerýär.

A.S. Makarenko toparyň öňünde goýulýan maksady kesgitlemek meselesine aýratyn üns çekýär. Toparyň näçe jemgyýetçilik – zähmet işjeňligi ýokary bolsa, şonça-da öňde goýlan maksada çalt we netijeli amal edip bolýar. Adamyň durmuşda öňde goýan makdady onuň motiwiniň sosial ahlak häsiýetine baglydyr. Indiwidual motiwlerde öňde goýlan bilen adamyň işjeňligi özara ylalaşykly hereket edýär. Meselem, Oko-neşnikowanyň geçiren tejribelerinde çagalar özleri üçin solfetka, korzina taýýarlanlarynda işjeňlik ýokary derejede bolsa, eger-de olara taýýarlan zatlaryňyzy mugallyma tabşyrmaly diýilse peselýär. (12, 54 sah.)

Diýmek, şahsy motiw bilen jemgyýetçilik motiwiň arasynda aratapawut duýulýar.

Motiwiň işjeňligi jemgyýetiň öňündäki jogapkärçilige bolan garaýşyna baglydyr. “Amala aşyrylyp bolmajak arzuwlarda ýuwaş-ýuwaşdan öz güýjüni ýitirýär.” (Zigelin tejribesi).

Işiň maksady onuň obýektiw şertleri öwrenilenden soň ýüze çykýar. Adam özüniň nämä mätäçlik çekýänligini kesgitlemek üçin, haýsy zatlaryň, predmetiniň zerurlygyny anyklamaly we onuň özüne zerurlyk gatnaşygyny takyklamaly. M, eger talybyň öwrenýän ylymy düşünjesi, ylmy kanunlary geljekki durmuşda peýdalanmaly bolsa, onuň şu meseläni içgin öwrenmäge bolan gyzyklanmasy ýokary derejede bolýar.

Işiň maksadyna aňly-düşünjeli göz ýetirmek üçin obýektiw sebäpleri töwerekleýin öwrenmeli, eger şeýle

etsek onda biziň hereketimiz yzygiderli, maksada okgunly bolar, şol pursatda peýdalanmaly usullarymyzy we serişdelerimizi ýerlikli peýdalanyp bileris.

Adamyň jemgyýetçilik-syýasy meýilleri onuň dünýägaraýşyna, jemgyýetçilik işjeňligine baglykykda ýüze çykýar we kämilleşýär. Adamyň şeýle derejede işjeň bolmagyna öz maksatlaryny jemgyýetiň maksatlaryna laýyklykda guramaklygyna degişlidir.

Diýmek meýil bilen maksat özara baglanyşykly diýen netijä gelip bolar. Adam öz önünde nähili maksat goýsa oňa täsir edýän, herekete getirýän güýç hem şol derejededir. Kä ýagdaýda maksatlar takyk goýulmaýar, oňa ýetmegiň ýollary aýdyň kes-gitlenilmeýär. Maksat goýlanda amal edip bolmajak, hakyky we ýakyn aralykda bolmalydyr. Adamyň maksady onuň herekete getirýän güýçler hem ömrüniň dowamynda üýtgeýär. M, okuw döwründe täze bir garaýyşlar, gyzyklanmalar, maksatlar talyplara özboluşly täsir edýär. Ýa-da zähmetde hünäriňe bolan täze gyzyklanmalar ýüze çykýar. Meýiliň şeýle üýtgemegine täsir edýän 2 zat bar:

1. Adamyň maddy ýagdaýlarynyň üýtgemegi.
2. Ruhy islegleriniň kämilleşmegidir.

Belgiýaly psiholog Hýuteniň aýtmagyna görä (12, 56 sah.) her bir motiwiň aňyrsynda organizmiň daşky gurşaw bilen gatnaşygy ýatyr diýip belleýär. Motiw ýüze çykmak üçin öz islegiňi kanagatlandyrmak üçin adama haýsy zadyň predmetiň zerurlygyny ýüze çykarmaly, kesgitlemeli bolýar. Bu ýagdaý ilkinji bolsa-da, onuň aňyrsynda aňly kesgitlenen hereket ýatyr. Adam tebigatda, jemgyýetde we öz-özüne göz ýetirmek bilen özüniň hereketlerini kadalaşdyrýar, Bu bolsa motiwiň rasional görnüşi bolup, motiwiň üýtgemegi dünýä we özüne bolan gatnaşykdan gözbaş alyp gaýdýar.

Platon 2200 ýyl mundan öň öz işinde (Gippiý mladşyý) diýen işinde " haýyr (ýagşy) işleri durmuşa geçirýän adamlar, hakykatdanda ýagşylygy durmuşda,

dünýäde barlygyň ynanýan, şoňa uýýan adamlar amal edip bilerler"(12. 57 sah.).

## 19-NJY BAP: ADAMYŇ DURMUŞYNDAKY MEÝILLERI ÖWRENMEGIŇ TARYHYNDAN

### I. Adamyň maksada ýetmeginiň esaslary we onuň meýilleri

Adamyň motiwiniň işjeňligini kesgitlemek üçin işjeňlige näderejede dahyl-lylygyny kesgitlemelidiris. Adamyň öňde goýan maksadyna ýetmegi onuň ukybyna, ba-şarjaňlygyna, alyp barýan işiniň aýratynlygyna we ony öňe hereketlendirýän güýje (mo-tiwe) baglydyr. Mysal üçin, eger-de dalaşgärde ýokary okuw mekdebinde okamaga höwes ýok bolsa, ol giriş söhbetdeşligini tabşyrmaz, eger-de sportsmen utuş gazanmak üçin ymtylmasa, baş baýragy alyp bilmez.

Motiw obýektiw zerurlyk esasynda ýüze çykýar. Mysal üçin, ajykmak, suwsamak, nämede bolsa bir zat ýetmese. Biziň ýokarda sereden mysallarymyzda: biliminiň pes derejededigi, sportsmeniň taýýarlygynyň pesligi bolup durýar.Muňa Leonken "Mak-sadyň mazmuny" diýip at berýär. Şonuň üçinem hemişe maksat bilen netije bir bolup durmaýar. Aýry-aýry motiwleriň üsti bilen hem maksadyňa ýetmek bolar. Mysal üçin, ýokary okuw mekdebine okuwa girende: a) Şol ylym bilen içgin gyzyklanmak, b) Hünär edinmek, ç) Ýokary tölegli işde işlemek… Esasy mesele, obýektiwlikdir. Jemgyýetiň talaplaryndan ugur alynmagy, jemgyýetçilik ähmiýeti bolmagy zerurdyr.

Çözülýän meseläniň ähmiýeti we maksady başgaça-da bolup biler. Mysal üçin, sportsmen, öz şöhratyny artdyrmak üçin rekord gazanyp biler, şol bir

wagtyň özünde ol öz döwletiniň we klubynyň abraýyny artdyrýar.

Öz işiňde obýektiw talaplara göz ýetirmek, şonuň netijesinde maksady aňlamak bolup geçýär. Mysal üçin, ýaş çagalarda zähmet işine gatnaşdyrylanda, olaryň ýerine ýetiren işleriniň jemgyýetçilik ähmiýetine göz ýetirmekleri zerurdyr. (zähmet oku-wynda) ýa-da önümçilikde işleýän adam köp gazanç etjek bolup, ýaramaz (brak) önüm öndürse, jemgyýet zyýan çekýär.

Adamyň işinde haýsy motiwiň güýçli täsir edýändigine köp zat baglydyr. Mysal üçin, ol maksada ýetmäniň düzümine doly göz ýetirmeýär. Bäşlik almagy arzuw eden okuwçy, öz çykyşyna özi ýokary baha berýär.Motiwiň maksada täsir edýänligini görmek tejribede başardýar. Mysal üçin, birnäçe signallara birmeňzeş reogirlemek bilen çalt-çaltdan gaýtalanýan signala tiz jogap berýär, beýlekisine-de haýal. (M.D.Imonnikiniň tejribesi, 50-51 sah). Islemeýän zadyň gaýtalanmajak ýaly bolup görünýär.

Kä ýagdaýda maksat özüne çekiji bolmasa, elýetmez ýaly bolup görünýär. Oňa sebäp bolýan zatlaryň biri-de işjeň motiwiň ýoklugydyr. Tersine, örän köp tabşyryklar berilse-de, adamda işjeň motiw bolanda aňsatlyk bilen olara hötde gelin bilýär. Mysal üçin, razmedçikler.

## II. Maksada göz ýetirmek üçin haýsy şertler gerek:

1. Obýekti, zady (predmeti) saýlap-seçip almak;
2. Hereketleri takyk kesgitlemek;
3. Maksada ýetmek üçin ynamly bolmak.

Bularyň üçüsi-de motiwiň aýrylmaz şertleri bolup durýar.

Bu meseläni doly aýdyňlaşdyrmak üçin Ahyň geçiren tejribesine seredip geçeliň (51 sah). Mysal üçin, birnäçe gezek gaýtalamak bilen tejribä gatnaşýanda

assosasiýa döretmek. Eger tabşyryk takyk berilse, jogap dogry bolýar, bolmasa köp sanly ýalňyşlyk goýberilýär. Ah muňa "Erkiň ýöriteleşen determinasiýasy" diýip at berýär. Durmuşda-da biz şu kanundan ugur alýarys.

Motiwiň işjeňligine maksada ýetmäniň dowamlylygy (dalnost) we giňişligi (prostranstwo) öz täsirini ýetirýär. Mysal üçin, haýwanlarda geçirilen tejribelerde. Olar iýmite ýetmek üçin ýörite guralan labirintden geçmeli bolýarlar, ol hem öz gezeginde birnäçe bölekden durýar. Eger jandar iýmitine tarap ýokary çaltlyk bilen hereket etse, onda açlyk oňa ýiti täsir edýär. Emma, şol bir hereket birnäçe gezek gaýtalansa, endigi bolsa, onda iýmite golaýlaşdygyça hereketi güýçlenýär. Bu hadysa Amerikanyň Birleşen Ştatynyň alymy Hell gradiýentan seli (maksadyň gradiýenti) diýip at berýär.

Maksadyň gradiýenti motiwiň ilkibaşdaky güýjüne baglydyr. Mysal üçin, eger-de paýman 48 sagat aç bolan bolsa, 24 sagat açlyk çekene garanyňda maksada ýetmek üçin tizlik ýokary bolýar.

Bu meseläni P.Gorfunkel sportsmenlerde öwrenmek bilen ok atýan sportsmenler şahsy hem-de toparlaýyn ýeňiş gazanmak isleýärlermi, olaryň özleri çözýärler. Eger iki motiw öňe çyksa, onda adam haýsy-da bolsa birini saýlap almaly bolýar.

A.S.Makarenko öz mugallymçylyk (pedagogik) işinde aýratyn üňs beripdir. Mysal üçin, okuwçylary jemgyýetçilik-zähmet işinde işgärleriň (kollektiwiň) öňünde duran maksatlar dürlüdir: a) ýakyn; b) orta (aralyk); ç) geljekki maksatlar.

Motiwe täsir edýän zatlaryň biri-de onuň jemgyýetçilik-ahlak tarapydyr.

### III. Maksada ýetmäniň ähmiýetine üns çekmek

Okuwça dürli derejedäki çylşyrymly meseleler hödürlenen bolsa, iň kyn meseläni çözmek üçin ýokary işjeňlik görkezýär. Mysal üçin, Mukaddes Ruhnamadan

geçirilen bäsleşiklerde ilki 25 sorag, soňra 100, 500 sorag. Esasy zat adamda öňde duran wezipä amal ýetmek üçin berk ynam bolmaly.

Işiň netijesine anyk göz ýetirmek maksady bilen, ilki döredilen şerti we bildirilýän talapy ýüze çykarmaly. Mysal üçin, talyp haýsy kanunlary göz öňünde tutup meseläni işlemelidigine göz ýetirse, ony dogry çözmeklige ymtylyş ýokary drejede bolýar.

Diýmek, maksat bilen motiw özara baglanyşykly düşünjeler bolup durýar. Adamy motiwem, maksadam ýaş aýratynlygyna, hünärine, durmuşyna görä özgerdýär. Sebäbi adamyň maddy we ruhy islegleri ýokarlanýar.

A.S.Makarenko toparyň öňünde goýulan maksady kesgitlemek meselesine aý-ratyn üns çekýär. Toparyň näçe jemgyýetçilik-zähmet işjeňligi ýokary bolsa, şonça-da öňde goýlan maksada çalt we netijeli amal edip bolýar.

Adamyň durmuşda öňde goýan maksady onuň motiwiniň jemgyýetçilik-ahlak häsiýetine baglydyr. Özbaşdak (indiwidual) motiwlerde öňde goýlan maksat bilen adamyň işjeňligi özara ylalaşykly hereket edýär. Mysal üçin, Okoneşnikowanyň geçiren tejribelerinde çagalar özleri üçin salfetka, korzina taýyarlanlarynda işjeňlik ýokary derejede bolsa, eger-de olara taýýarlan zatlaryňyzy mugallyma tabşyrmaly diýilse peselýär (54 sah). Diýmek şahsy motiw bilen jemgyýetçilik moltiwiniň arasynda ara-tapawut duýulýar.

Motiwiň işjeňligi jemgyýetiň öňündäki jogapkärçilige bolan garaýşyna baglydyr. Amala aşyrylyp bolmajak arzuwlarda motiw ýuwaş-ýuwaşdan öz güýjüni ýitirýär (Zigelin tejribesi). Işiň maksady onuň obýektiw şertleri öwrenilenden soň ýüze çykýar. Adam özüniň nämä mätäçlik çekýänligini kesgitlemek üçin, haýsy zatlaryň (predmetleriň) zerurlygyny anyklamaly we onuň özüne zerurlyk gatnaşygyny takyklamaly. Mysal üçin, eger talybyň öwrenýän ylmy düşünjesi, ylmy kanunlary geljekki durmuşynda peýdalanylmaly bolsa, onuň şu

meseläni içgin öwrenmäge bolan gyzyklanmasy ýokary derejede bolýar.

Işiň maksadyna aňly-düşünjeli göz ýetirmek üçin obýektiw sebäpleri töwerekleýin öwrenmeli, eger şeýle etsek, onda biziň hereketimiz yzygiderli, maksada okgunly bolar, şol pursatda peýdalanmaly usullarymyzy we serişdelerimizi ýerlikli peýdalanyp bileris.

Adamyň jemgyýetçilik-durmuş meýilleri onuň dünýägaraýşyna, jemgyýetçilik işjeňligine baglylykda ýüze çykýar we kämilleşýär. Adamyň şeýle derejede işjeň bolmagyna öz maksatlaryny jemgyýetiň maksatlaryna laýyklykda guramaklyga degişlidir. Diýmek meýil bilen maksat özara baglanyşykly diýen netijä gelmek bolar. Adam öz öňünde nähili maksat goýsa oňa täsir edýän, herekete getirýän güýç hem şol dere-jededir. Kä ýagdaýda maksatlar takyk goýulmaýar, oňa ýetmegiň ýollary aýdyň kes-gitlenilmeýär. Maksat goýlanda amal edilip bolunjak, hakyky we ýakyn aralykda bol-malydyr. Adamyň maksady, onuň herekete getirýän güýçleri hem ömrüniň dowamynda üýt-geýär. Mysal üçin, okuw döwründe täze bir garaýyşlar, gyzyklanmalar, maksatlar ta-laplara özboluşly täsir edýär. Ýa-da zähmetde hünäriňe bolan täze gyzyklanmalar ýüze çykýar. Meýiliň şeýle üýtgemegine täsir edýän iki zat bar:

1) Adamyň maddy ýagdaýynyň üýtgemegi;
2) Ruhy isleginiň kämileşmegidir.

Belgiýaly psiholog W.Nýuten aýtmagyna görä (56 sah), her bir motiwiň aňyrsynda bedeniň daşky gurşaw bilen gatnaşygy ýatyr diýip belleýär. Motiw ýüze çykmak üçin, öz islegini kanagatlandyrmak üçin adama haýsy zadyň (predmetiň) ze-rurlygyny ýüze çykarmaly, kesgitlemeli bolýar. Bu ýagdaý ilkinji bolsa-da, onuň aňyrsynda aňly kesgitlenen hereket ýatyr.

# 20-NJI BAP. MEÝILLERIŇ GURLUŞY

## I. Çagalarda motiwiň kemala gelişi

Motiwleriň käbiri nesle geçijilik bilen baglanyşyklydyr. Olar dürli durmuş şertlerinde we dürli terbiýeçilik ýagdaýlarynda ýüze çykýar. Mysal üçin suwsamak, ajykmak, jyns gatnaşyklary, ata-enelik, öz-özüňi goramak, bilesigelijilik, aragatnaşyk saklamaga bolan zerurlyk, işe bolan zerurlyk we beýlekiler.

Emma ýokarda görkezilenler-de ömrüň dowamynda özgerip biler. Onuň üýtgemegine 3 zat täsir edýär:

1. Ýüze çykan motiwleri kanagatlandyrmak üçin kämil we maksada gönükdirilen hereketler we iş ýüze çykýar. Ýönekeýje motiwi kanagatlandyrjak bolsaň-da, biri-biri bilen baglanyşykly, ylalaşykly herekete ýola goýmak zerurdyr. Mysal üçin, täze dogan çaganyň emmegi üçin (110 sah). Şeýle hereketler nähili gazanylýarka? Onuň fiziologik esasy bolup durýan zat – dominantyň kemala gelmegidir. Kä halatlarda motiwiň kemala gelmegine içki täsirleriň zerurlygy duýulýar. Mysal üçin, jyns ýa-da enelik duýgulary içki beden böleklerinden gözbaş alyp gaýdýar.
2. Käbir motiwler nesilden-nesle geçýän-de bolsa, soň ýüze çykýarlar. Mysal üçin, jyns taýdan ýetişmegi söýgi.
3. Motiwiň kemala gelmegine täsir edýän zat – motiwiň kanagatlanmasydyr. Mysal üçin, açlyk ýaňy dogan çagada ganyň düzüminiň üýtgemegi bolýar, iýmitlenenden birnäçe wagt geçenden soňra ol gana geçýär.

Fiziologik esasy – şertli refleksleriň kemala gelmegi bilen baglanyşyklydyr. Refleksler şertli bolsalar-da, ol daşky täsirlere baglydyr.

**II. Motiwleri öwrenmekde geçirilen derňewler**

P.K.Anohin guşlaryň çagalarynda tejribe geçirmek bilen, nesil yzarlaýan motiwleri yzarlaýar we nesil yzarlaýan dominantlaryň kemala gelmeginde tebigy şertli refleksleri kesgitleýär (12, 112 sah). Adamyň ýaşy ýokary çykdygyça, onda maddy-ruhy islegleri kanagatlandyrmak bilen baglanyşykly motiwler (soň kemala gelýär) agdyklyk edýär. Ol belli bir zatlar bilen gyzyklanýar, ýykgyn edýär, ynanýar. Gazanylan motiwleriň ýüze çykmagy ýetişmek bilen bagly bolman, eýýam motiwiň mazmuny üýtgeýär. Täze ýüze çykan motiwi kanagatlandyrmak üçin täze obýekt zerurdyr. Mysal üçin, aç bolan wagtynda na-harlanany bilen kanagatlanman, soňundan doýan bolsa-da, süýji (konfet) ýa-da doňdurma (morožnyý) iýýär (dissert).

Täze motiwler nähili ýüze çykýarlar? Onuň kemala gelmegi üçin işjeň hereket etmeli, nämede bolsa bir zat bilen meşgullansaň, täze motiw ýüze çykýar. Mysal üçin, çaganyň iýmite bolan islegini derňäliň? Ol ilki öz açlygyny kaşa iýmek bilen kana-gatlandyrýar, sok içýär. Fiziologik esas – aşgazandan bölünip çykýan suwuklyk tüýkülik. Psihologik tarapy – naharlanmaga bolan isleg (предрасположения).

**III. Täze motiwleriň kemala gelmegi**

Täze motiwiň kemala gelmegi endikleriň kämilleşmegine getirýär. Endigiň kemala gelmegi üçin birnäçe gezek gaýtalamak zerur. Soň kemala gelen motiw ilkinji gezekde gaýtalanmazdan ýüze çykýar. Mysal üçin, 2 ýaşda durmuş taýdan baha bermek (ejesini gowy görmegi, gülküsindäki garaýyşlar). Şeýlelikde, özüňi alyp barmagyň ýönekeý düzgünlerini ýola goýmak başlanýar. Mekdebe çenli döwürde durmuş taýdan baha bermek, söz

üsti bilen aňlatmak kemala gelýär. Eýýäm köpçülikleýin gatnaşyklaryň başlanmagy bilen jemgyýetçilik we ahlak motiwler kämilleşýär. Bu ýerde diňe bir ata-ene terbiýesiniň täsiri bolman, çagalar toparynyň işine gatnaşygy bilen kesgitlenilýär.

Çagalyk ýyllarynda çaganyň işi özbaşdak (индивидуал) ýa-da jübütleýin (парный) häsiýete eýedir. Mysal üçin, iýmitlenmek, ejesi bilen gatnaşygy, beýleki çaga bilen oýnamagy. Mekdebe çenli döwürde çagadaky özbaşdak häsiýetleriň ornuny köp-çülikleýin gatnaşyklar eýeleýär. Mysal üçin, oýunda. Oýnan wagtlary olar biri-biri bilen baglanyşyklydyr. Eýýäm aragatnaşyk saklamagyň dürli motiwleri ýüze çykýar.

Zähmet we jemgyýetçilik işleri, syýasy we hünär bilen baglanyşykly gyzyklanmalar täze motiwleri ýüze çykarýar. Mysal üçin, önümçilik maksatnamany ýerine ýetirilende brigada, seh, zawod biri-birine garaşlydyr. Bu bolsa birek-biregi goldamagy, kömek bermegi, birek-birege talapkärligi ýokarlandyrýar. Eýýäm durmuşy häsiýete eýe bolan motiw kemala gelýär.

Motiwler hemişe biri-biri bilen berk baglanyşyklydyr. Wagtyň geçmegi bilen käbir motiwleri çäklendirmeli bolýar, olaryň birisi agalyk ediji, beýlekisi bolsa, 2-nji derejä geçýär (Motýuskiniň barlaglary 116 sah).

- Motiwleriň belli bir ulgamynyň kemala gelmegi psihikanyň hiline baglydyr. Haýsyda bolsa bir motiwi çäklendirmek üçin, beýlekisini erkiň kömegi bilen çäklendirmeli bolýar.
- Motiwleriň berkligi – çaga dünýä inende onuň motiwleri bedeni bilen bag-lanyşykly bolsa, mekdebe çenli döwürde ol – höweslendirmegiň, temmi bermegiň täsirinde bolýar. Ilki oýna bolan isleg, soňra okamaga, hünäriň eýesi bolmaga isleg artýar.

- Motiwi aňlatmak ýaşyň ýokarlandygyça edýän hereketine bolan jogapkärçilik artýar, ynam döreýär.
- Özüňe tankydy göz bilen garamak.
- Töweregiňdäkilere talap bildirmek.
- Motiwleri umumylaşdyrmak.
- Şahsyýetiň zähmete, köpçülikleýin adamlara garaýşy.
- Köptaralaýyn ösen şahsyýetleri terbikýelemek.

## 21-NJI BAP: MEÝILLERIŇ TEJRIBE BARLAGLARY

### I. Eksperimental-tejribe geçirmek usullary

Motiw hakynda gürrüň edilende onuň iki tarapynyň bardygyny bellemelidiris:

1) Adamyň aladasy, öňde goýan maksady (subýektiw özüni alyp baryş);
2) Adamyň hereketi, reaksiýasy, (obýektiw hadysalar) adamyň içki organynda özgerişlikler;

Motiw işiň netijesinde öz täsirini ýetirýär. Işi ýerine ýetiren wagtynda haýsy motiwden ugur alandygyny görüp bolýar. M, geografiýadan gowy okaýan okuwçy beýleki derslerden pesräk okaýan bolsa, onuň geografiýasyny oňat okaýanlygyny gowy görenligi bilen baglaşdyryp bolar. Emma ol çaklama (претпояошение) bolar.

Hemişe işiň netijesi motiw bilen baglanyşykly bolman daşky obýektiw täsirlere-de baglydyr. M, gutardyş klasynda okaýan okuwçylar ähli predmeti gowy görýänligi üçin däl-de, giriş ekzamenini tabşyrmajak bolup edýärler, ýa-da, talybyň bäşlik okamagy, predmeti gowy görenligi üçin dal-de, hemişe birinji bolmak, ýokarlandyrylan talyp hakyny almak bilen baglanyşykly bolup biler.

**USUL:**

I) Eksperiment-tejribe geçirmek – ol biziň öňümizde 2 sany mesele goýýar:
1. obýektiw häsiýetde geçirmeli.
2. öwrenilýän motiwiň täsirini güýçlendirmeli.

Adamlar bilen geçirilýän tejribeler haýwanlaryňkydan tapawutlanýar. Onuň özboluşly aýratynlygy:(okuw işi, zähmet işi, hünär bilen) baglanyşyklydyr. Adamyň motiwleri sosial we taryhy şertler bilen baglanyşyklydyr. Şonuň üçin tejribe geçireniňde birmeňzeş sosial toparlary saýlap almaly. Tejribe geçirilende diňe bir onuň netijesine baha bermän; aladasyny (переживание) öz hereketlerini aňlap bilişine сознание) üns bermeli.

Tejribe geçirýäne ynam etmek esasy meseledir. M, wraç-psihiýator – kesel, mugallym – okuwçy.

Reputasiýa **abraý** – tejribe geçirýäniň abraýy, adamlaryň oňa bolan ynamyna esaslanýar.

a) Motiwleri ölçemek – nädip ölçemeli? M, eger okuwçy 5-iň ornuna 2-lik alsa, onda onda motiwiň täsiri ýokary bolýar, ýa-da önümçiligiň öňdebaryjysy – 110% ýerine ýetirilse, ýerine ýetirme 90% (выработка).

Motiwiň ölçegi – işiň netijesine täsir edýär. M, eger adamy edilýän gürrüň gyzyk-landyrýan bolsa, ol köp zady ýatda saklar. Ýa-da okuwça tabşyrylan ýumuş bilen özi iç-gin gyzyklansa, ol ony has ünüsli ýerine ýetirýär.

Ölçeg geçiriljek:

- goýberilen ýalňyşlaryň sany.
- ýerine ýetirilişiň tizligi – ýatda saklaman
- öndürilen önümiň sany – sany obrazlary göz öňüne getirmek.

Iş ýerine ýetirilende diňe bir motiw däl, şonuň bilen birlikde daşky täsirleri göz öňünde tutmaly. M, çaga

deň-duşlary bilen oýnap ýörkä bökýän aralygy terbiýeçisi ça-galaryň arasynda ýaryş geçirip bökdüreni bilen deň däldir. Uzaklyga bökmäge onuň haýsy wagtda geçirýänligi (irdenmi, günortan nahardan soň, agşam), ýa-da dürli temparamentdäki çagalary böküşi (gyzma, howlukmaýan, ýalta). Emosional ýagdaýlaryň täsiri ýokarydyr.

b) Birmeňeş hereketleri dürli motiwlerde deňeşdirmek

Bu ýerde esasy mesele instruksiýadadyr – düşündiriş işindedir. Instruksiýa geçen wagtymyzda biz – işiň maksadyny, wezipelerini, nämäni gazanmalydygyny aýdýarys.

M, ýokary klas okuwçylarynya salfetka ýasamagy tabşyrarys:

1) salfetkany diňe özüň üçin.
2) kiçi klaslara sowgat bermek üçin.

Käbir zatlary anyklamaly bolýarys:

1) Tabşyrylan iş kanagatlandyrýarmy.
2) Olaryň daşky özüni alyp barşyny näderejede.

ç) Hereketi saýlap motiwi öwrenmek - adamyň özüni alyp barşyny kesgitläp bolýar. M. mekdep-internatynda okaýan okuwça iki ugur boýunça ýumuş tabşyrylýar. Garaňky gijede sklatdan odun getirmeli.

1) Gorky motiwi – (gury odunyň duran ýeri garaňkydy)
2) Jogapkärçilik motiwi – (ol odunyň duran yeri ýagtydy we adamlydy)

3)Motiwleri berkitmek – iş tabşyrandan soňra olara dürli döwürlerde täsir etmek bilen. M, okuwçylar barlag işini ýazýan wagtlary, olara öňki bahalarynyň esasynda 2-lik düşýär diýip ýatlatmak. Köp halatda položitel motiw bilen otrisatel motiw gezekleşilýär. Okuwçylary <u>höweslendirmek</u> ýa-da <u>temmi bermek</u> . Zat gowşurmak ýa-da <u>haýbat atmak</u>

### II.Proýektiw usul

Proýektiw usul – bu usulda tejribä gatnaşýanyň öňünde aýratyn tabşyryk goýulmaýar, onuň maksdady,

wezipesi kesgitlenmeýär. Bu ýerde esasy üns aýdynlyk (вырезителная) we ugurtapyjylyk (изобразительность). M, oýun oýlap tapmak, ýa-da Ropşoryň usulyny ulanyp manysyz syýa tegmiline seretmek bilen – haýsy predmete meňzeşligini, haýsy hadysalary ýatladýanlygyny ýüze çykarmak. Bulardan başga-da psi-hologiýanyň umumy usullary bolan: ankta, gürrüň, sossimetiýa usullaryndan peýdalanyp bolar.

## 22-NJI BAP.EMOSIÝALARYŇ KADALAŞDYRYJY IŞI (FUNKSIÝASY)

### I. Emosiýalar we duýgular

Emosiýalar we duýgular. Siz günüň dogşuna syn edeniňizde, kitap okanyňyzda, saz diňläniňizde, ýüze çykan soraga jogap gözläniňizde ýa-da geljek barada arzuw edeniňizde, sizde akyl ýetiriş işiniň dürli görnüşleri bilen birlikde töwerekdäki dünýä barada gatnaşyklar döreýär. Okaýan kitabyňyz ýa-da ýerine ýetirýän işiňiz sizi şat-landyryp ýa-da närazylyk döredip biler. Şatlyk, tukatlyk, gorky, begenmek, ökünmek – bularyň hemmesi dürli-dürli duýgular we emosiýalardyr. Olar adamyň psihiki şöhlelendiriş işiniň ýüze çykmalarynyň biridir.

Eger kabul edişde, duýmada, pikirlenmede we göz öňüne getirmede dürli zatlar we hadysalar, olaryň dürli-dürli häsiýetleri we hilleri, mümkin bolan arabaglanyşyklary we garaşlylyklary şöhlelendirýän bolsa, onda e mosiýalarda we duýgularda adam özüniň akyl ýetirýän zadynyň mazmunyna bolan gatnaşygyny ýüze çykarýar.

Emosiýalarda we duýgularda adamyň özüni alyp barşyna, hereketlerine, aýdýan zadyna, işine göwnüniň ýetýänligi ýetmeýänligi ýüze çykýar, olar dürli ýagdaýlarda aňladylýar.

Emosiýalar we duýgular – munuň adamyň töwerekdäki zatlara we öz-özüne bolan özboluşly gatnaşyklarydyr. Olar adamyň akyl ýetirişinden we

işinden aýrybaşga bolman, onuň işinde (iş prosesinde) döredýärler we onuň gidişine täsir edýärler.

Emosiýalaryň we duýgularyň çeşmesi bolup, obýektiw zatlar we hadysalar, ýerine ýetirilýän iş biziň psihikamyzda we bedenimizde bolup geçýän özgerişler hyzmat edýärler. Şol bir zatlaryň adam üçin ähmiýeti dürli wagtlarda birmeňzeş bolmaýar. Suwsan adamyň içen bir bulgur suwy ony gandyrýar, lezzet berýär. Eger suwsamaýan adamyny suw içmäge mejbur etseň, onda närazylyk dörär, gaharlanar. Saz diňlemek ýakymly, ýöne konsert has uzaga çekse, tolgunmalar gowşaýar, kütelýär, adam ýadaýar, ünsi sowulýar.

Emosiýalaryň we duýgularyň özboluşlylygy, adamyň talaplary, delilleri, meýilleri, onuň häsiýetiniň, erkiniň aýratynlyklary bilen kesgitlenýär. Şu düzüm bölekleriniň bi-risiniň üýtgemegi bilen islegiň zada bolan gatnaşygy hem üýtgeýär. Şeýlelikde, adamyň hakykata bolan şahsy gatnaşyklary ýüze çykýar.

Emosiýalar we duýgular dünýäsi örän çylşyrymly we köp taraplydyr. Olaryň guralyşynyň ýakymlylygyny we ýüze çykyşynyň köp taraplylygyny köplenç adamyň özi duýmaýar. Başdan geçiren duýgularyň psihiki derňewiniň çylşyrymlylygy, şeýle hem zatlara we hadysalara bolan gatnaşyklaryň şahsyýetiň ýerine ýetirýän akyl ýetiriş işine, erk-isleginiň işjeňliligine baglydygy bilen düşündirilýär. Öz duýgularyň barada gürrüň bermekdäki tolgunmalar, olary dilden aýtmagyň kynçylykly bolýanlygy hemmelere mälimdir. Tapýan sözleriň ynandyryjylylygyna, onuň emosional alamatlarynyň surat-landyrylyşyna, dogrulylygyna şübhe döreýär.

## II. Duýgularyň we emosiýalaryň esasy wezipeleri

Biziň duýgularymyz iki wezipäni: signal berijilik we dolandyryjylyk wezipelerini ýerine ýetirýärler.

Duýgularyň signal berijilik wezipesi gynançlaryň daşky gurşawda we adamyň bedeninde bolup geçýän özgerişliklere laýyklykda döreýänligi we üýtgeýänligi bilen baglanyşyklydyr. Duýgularyň dolandyryjy wezipesi durnukly gynançlaryň şahsyýetiň özüni alyp barşyna täsir etmekden ony goldaýandygyndan, duş gelen päsgelçilikleri ýeňip geçmäge ýardam edýändiginden ýa-da işiň gidişine päsgel berip, öňüne böwet bolýandygyndan ybaratdyr.

Emosiýalaryň dolandyryjy mehanizmleri emosional tolgunmalary azaldyp, ýa-da onuň ösmegine ýardam edip biler. Mysal üçin, tukatlyk, sussypeslik, gam-gussa ada-myny tutuşlygyna aljyradýar: olar diňe psihiki taýdan ýaramaz täsir etmek bilen çäk-lenmän, eýsem soňra kesele öwrülip biljek organiki özgerişlikler hem döredýärler. Şeýle psihiki ýagdaýda bolmak örän howply bolup biler. Şoňa görä, şol wagtyň özünde ony haýsydyr bir maksada gönükdirilen işiň üsti bilen aýyrmaga adamyň köplenç öz güýji, erki-ygtyýary ýetmeýär. Eger güýçli şatlykly duýgular myşsalaryň hereketi, gülki, şatlyk bilen utgaşdyrylmasa, bu duýgular hem beden üçin howplydyr, käwagtlar iň dartgynly ýagdaýa ýeten emosiýalar hem suwuklygyny bölüp çykarmak, hereket we dem alyş myşsalarynyň dartylmagy ýaly "sessiz" proseslere öwrülýärler. Agy köplenç 15 minutdan köp dowam etmeýär. Bu wagt aralygy artykmaç dartgynlygy azaltmak üçin doly ýeterlikdir. Şondan soň adam birneme gowşaklyk, ýeňil sämeklik duýýar, bu ýagdaý bolsa tutuşlygyna süňňüň ýeňlemegi, bedeniň rahatlanmaga başlamagy hök-münde kabul edilýär.

Adamyň emosiýalary we duýgulary täsirli hereketler bilen utgaşýar. Olar: mimika (ýüzüň

myşsalarynyň hereketleri), pantomimika (bu tutuş endamyň myşsasynyň hereketleri, yşaratlary) ýaly hereketlerdir. Çyny bilen begenýän adamyň gözi ýitelýär, erni bir ýere gelmeýär, gujagy giňden açylýar. Täsirli hereketler emosiýalaryň we duýgularyň ekspressiw tarapyny döredýärler we signal berijilik wezipesini ýerine ýeti-rýärler. Olar gynançlaryň üstüni doldurýarlar, olary düşünikli edip, başga adamlar tara-pyndan kabul edilmegini, düşünilmegini ýeňilleşdirýärler.

Ses we mimika signaly gürrüň edilýän adam bilen belli bir aragatnaşyk stiline çagyrýar we özara baglanyşyk ýagdaýyny döredýär. Sözleriň äheňleri, sesiň täsirleri, mimikanyň ýüze çykmalary aragatnaşyk saklamagyň inçe tärleridir. Mysal üçin, biziň ýylgyrmamyz, salykatly, gaharly, emeli, gynançly, kineli we ş.m. bolup biler.

Ç.Darwiniň görkezişi ýaly, uzak geçmişde adamyň ata-babalary bolan haýwan-larda täsirli hereketler maksada laýyk gurluş bolup, ýaşaýyş üçin gazaply göreşlerde go-ranmaga kömek edipdirler. Taryhy ösüş prosesinde adamzadyň daşky dünýä bilen ara-gatnaşyklarynyň görnüşleri üýtgäpdir, täsirli hereketler hem özleriniň emosiýalara we duýgulara ýardam edýän ozalky ähmiýetlerini ýitiripdirler. Häzirki döwrüň adamlarynda täsirli hereketleriň täze manysy bardyr. Olar aragatnaşyk serişdeleriniň biri bolup hyzmat edýärler. Biz olaryň üsti bilen başdan geçirilýän ýagdaýlar barada bilýäris. Mugallym okuwçylaryň ünsüni çekmek, olary ruhlandyrmak ýa-da närazylygyny bildirmek, okuwçylara belli bir ýol bilen täsir etmek üçin täsirli hereketleri ulanýar.

## III. Emosiýalaryň we duýgularyň esasy hilleri

Duýgular dartgynlykda we bu dartgynlygyň degişli çözgütlerinde ýüze çykýar. Dartgynlyk daşky ýagdaýlaryň üýtgemegine baglylykda güýjäp hem biler. Adamyň aýgytly özbaşdak hereket etmeli boljak haýsydyr

bir waka garaşmagy dartgynlygyň çalt ösmegine ýardam edýär. Işiň mazmunyna we amala aşyrylýan ýagdaýlaryna, şahsyýetiň indiwidual aýratynlyklaryna baglylykda dartgynlylyk işe gujur berýän işjeň ýagdaý hökmünde başdan geçirilip bilner. Şeýle hem ol adamyň hereketiniň, oý-pikiriniň, edýän işleriniň gowuşgynsyzlygynda ýüze çykyp, adamyň psihikasynda yz galdyryp biler.

Dartgynlygyň yzysüre çözgüt ýüze çykyp, ol adam tarapyndan ýeňillik, köşeşmek ýa-da doly ysgynsyzlyk, gowşaklyk başdan geçirilýär.

Hil taýdan tapawutly bolan islendik duýgular we emosiýalar (söýgi, ýigrenç, gorky, dözmezlik, mähir, begenç we ş.m.) ýagşy, ýaman ýa-da näbelli görnüşde garalyp geçilip bilner. Eger isleg kanagatlandyrylýan bolsa, ýa-da onuň kana-gatlandyrylmagy üçin umyt bar bolsa, ondan ýagşy emosional ýagdaý döreýär. Eger is-legleriň kanagatlandyrylmagyna bir zat päsgel berse, ýa-da onuň kanagat-landyrylmagynyň mümkin däldigi aýan bolsa, onda päsgel berýän täsirlere ýaman emosional gatnaşyk döreýär.

Näbelli emosional ýagdaýlar täze, nätanyş wakalarda, töwerekdäki täze zatlar babatynda tejribäniň ýok ýagdaýlarynda ýa-da iş dersleri bilen tanşylanda döreýär. Şeýle ýagdaý uzak we durnukly bolmaýar. Ol ýagdaý üýtgäninde aýrylýar. Täsir edilýän obýektleriň durnukly ýagdaýynda we çaklama täsirler aýrylanda näbelli ýagdaý ýagşy ýa-da ýaman emosiýa we duýga öwrülýär.

Emosiýalaryň we duýgularyň ýene-de bir özboluşly aýratynlygyny – olaryň polýarlygyny belläp geçmek bolar. Polýarlylyk – munuň özi iki taraplaýyn emosional gatnaşyklaryň, garşylykly duýgularyň (şatlyk-gaýgy, söýgi-ýigrenç, mähir-doňýürek) birligidir. Duýgularyň iki taraplylygy durmuş ýagdaýlarynyň köplenç çylşyrymly bolýanlygy, adamyň onuň bilen aragatnaşyklarynyň haýsydyr bie ýönekeý gatnaşyk bilen

çäklenmeýänligi esasynda düşündirilýär. Eger dawaly ýagdaýlar emele gelse, onda ýiti emosional ýagdaýlarda iki taraply duýgular utgaşýarlar. Adamyň dürli ýagdaýlary başdan geçirýän pursatlarynda hem bir zat barada oýlanyp gorkmagy, gaýgylanmalary, başga bir ýagdaýyň bolmanlygy üçin begenmegi durmuş üçin mahsus hadysalardyr.

## 23-NJI BAP. ADAMLARYŇ DURMUŞYNDA EMOSIÝALARYŇ ORNY

### I. Emosiýa barada umumy düşünje

Emosiýa dolandyryjy mehanizmleri emosional tolgunmalary azaldyp ýa-da onuň ösmegine ýardam edip biler. Mysal üçin, tukatlyk, sussypeslik, gam-gussa adamyny tutuşlygyna aljyradýar: olar diňe psihiki taýdan ýaramaz täsir etmek bilen çäklenmän, eýsem soňra kesele öwrülip biljek organiki özgerişler hem döredýärler. Şeýle psihiki ýagdaýda bolmak örän howply bolup biler. Şoňa görä, şol wagtyň özünde ony haýsydyr bir maksada gönükdirilen işiň üsti bilen aýyrmaga adamyň köplenç öz güýç-ygtyýary ýetmeýär.

Emosiýa. Emosiýany beýan etseň emosiýanyň özüniň hakyky ugry mahsusdyr. Mysal üçin, emosiýa baglanyşygy boýunça jübüt topara bölünýär: söýgi-söýmezlik, höweslenmek-ýigrenç, gorkyny basmak duýgusy ýokary galyş we nalajedeýinlik we ş.m. Ilkinji bolup Hebb belleýär, birinjiden, subýektiň islegi hemä oňa ymtylýar, şol bir wagtda ikinjiden yza tesýär.

Şu bölümde çalt duýgurlykda motiwasiýa esasy orun eýeleýär.

Şeýlede bolsa bu obýektiň hemmesi diňe A sözler bilen örän garyp subýekt hem çuňňur öwrenilýär.

Birmeňzeş duýgulary hasap etmek mümkindir. Mysal üçin, “men almany halaýaryn”, “men ejemi söýýärin”, “men bu adamy söýýärin” ýa-da “men öz şäherimi söýýärin”.

Aspekt emosiýasy. Emosiýany beýan etmekden esasy bolup ilkinji kynçylygy içki gynanç özüňi alyp barmakda hasam içki we daşky fiziologik taýdan has hereketlidir. Adamyň içki dünýägaraýşyny bilmek üçin ýekeje görnüş bar. Şol subýekt bilen tanyşmak we sorag etmek, ýagny özüňi duýşuny soramak arkaly beýan edilýär. Biziň öň belleýşimiz ýaly, söz bilen beýan etmekligiň örän kynlygyny we hakykatdan hem içki duýgyny söz bilen beýan etmek gaty kyndyr.

## II.Özüňi alyp baryş we emosiýa

Obýektiw özüňi alyp baryş ilkinji garaýyş arkaly obýekt täsiriň özüne çekijiligi bolup kabul edilýär. Adamyň ýüzünde göz ýaşyny görüp. Şol adamyň näme sebäpli gözünde ýaşynyň bardygyny kesgitlemek örän kyndyr. Sebäbi begenç göz ýaşmy ýa-da gynanç göz ýaşmy.Şeýlede emosiýanyň görnüşi medeniýet bilen berk baglanyşyklydyr, adamyň haýsy medeniýete degişlidigi: mysal üçin, çytyk gaş we ýylgyrmak Gündogarda we Günbatarda hökmany däl kabul edilýär.

Fiziologik aktiwasiýasyna degişlilikde we oňa şonuň esasynda beýni prosesinde we tutuş bedeninde emosiýany çuňňur kabul etmek we döz gelmek Paleografiýanyň ömegi bilen aktiwasiýany ölçemek bolýar. Şeýlede bolsa, biziň gurallarymyzyň has pes görnüşi, inçe we ýitik üýtgemeleri ýüze çykaryp bilmeýär. Mysal üçin, deri bölüp çykaryş bölümi we çalt ýürek gysmasy ýygy-ýygydan simptomlar birmeňzeş däl duýgusy bolup biler. Şeýlelikde olaryň dürli belli bir görnüşiniň emosiýasyny bellemekde peýdasy örän azdyr.

Hakykatdanda şonuň üçin "Detektor hakyky däl" bir sebäp bolup, örän seresaply ulanylýar.

Emosiýa kesgitlemesiniň täsiri. Emosiýanyň gylyk-häsiýeti şifiri açjak inten-siwligi bilen anyklanylýar. Daşky şertlerden aktiwasiýanyň bedene gelip düşmegi. Signalyň şifrini açjagyndan adamyň aňynyň ösüşi we

onuň ukyplylygy her hili gelip gowuşýan maglumata baglydyr.

### III. Maglumat we emosiýa

Emosiýa bilen maglumat öz aralarynda biri-birine hasda ýakyn baglanyşyklydyr. Biz maglumata ýeterlikli we doly däl ýagdaýda taýýarlyksyz we ýetişmedik ýagdaýymyzda emosiýa ýüze çykýar. Eger biz bir gykylygy günde ýa-da bir sesi her gün eşitsek, onda emosiýa ýüze çykanok. Biz öz söýgülimiz bilen her gün duşuşsak, onda ol köplenç ýagdaýda ýüze çykmaýar.

Emosiýa = gerekli maglumat + bar bolan maglumat

Şu kesgitlemä görä, gerekli maglumat ýeterlikli bolmadyk ýagdaýynda peýdaly we peýdasyz emosiýanyň ýüze çykmagyny we artykmaçlyk etmegini subut edýär.

Emosiýanyň ukypsyzlyk derejesi. Adamyň emosiýasy ýadawlyk we ukypsyzlyk zerarly iň güýçli depginde ýokary derejä ýetýär. Uzakly gün işläp ýadan, ýadow gijesine ukysyny almaýan ýagdaýynda oýanan badyna gaharlanma köplenç ýagdaýda ýüze çykýar.

Kabul etme emosiýasy. Şahteriň we Singeriň pikirine görä, emosiýanyň döremek häsiýeti – fiziologik uýgunlaşmasy, şeýle hem daş-töwregimizi gurşap alan hadysalardan durýar. Mysal üçin, Şahteriň pikirine görä, hakykatdan bolup geçýän wakalar, hadysalar, fiziologik uýgunlaşmalar, ýöne kabul ediş emosiýany anyklaýar.

### IV. Stress

Durmuş özüniň goranylýan we goranylmaýan wakalaryndan doludyr. Käbir wa-kalar adama ukyply we örän ýakymsyzdyr. Biz özümiz üçin zerurlyk we bilim ýag-daýyny ugrukdyrýarys. Bizde ýeterlik maglumat bolan ýagdaýynda, arkaýyn ugrukdyryp bilýäris. Mundan başgada peýdaly emosiýalar eger-de biz häzirki görnüşde has köp bil-sek biziň üçin iň zerurdyr. Şeýle ýagdaýda biziň tutuş ähli bedenimiz täze ýiti duýgulara döz gelmäge taýýardyr.

Tersine ýerlikli gerekli maglumatlaryň ýeterliksiz bolan ýagdaýynda bizi uýgun-laşma tolgundurmaga çagyrýar. Şeýle bolan ýagdaýynda peýdasyz emosiýanyň täsiri bolup geçýär. Şeýlede bolsa, adamzat bolup geçmek garaşylşylmaýan hadysalara taýýar bolmagy hasda zerurdyr. Şeýle bolan mahalynda, eger-de şol ýüze çykan üýtgeşmeler köp uzaga çeken ýagdaýynda beden täsiri iň ýokary derejä ýetýär. Bedende hakyky fizi-ologik hem-de psihologik taýdan bozulmak, özgertmeler, üýtgeşmeler ýüze çykýar. Şeý-le ýagdaýda emosiýanyň ýygyndysy öz ornuny aladaly ýa-da ynjalyksyz stress ýag-daýyna getirýär. Köp halatlarda ýaş çaga bilen enäni biri-birinden aýyran mahalyňda stress ýagdaýy döreýär.

Uly ýaşly adamlar agyr kesellere duçar bolýarlar. Uly ýaşly adamlar üçin işleýän kärhanalarynda işden boşadylmagy özi zeper ýetirýän maglumatlaryň esasydyr. Eger-de şol kärhananyň ýapyljakdygy barada özünden eşiden ýagdaýlarynda adamlarda hasda güýçli gorkunç stress bolup geçýär. Beden synag wagtynda täze görnüşde özüni alyp barmaga ukyp gözleýär. Mysal üçin, maýmynlar we syçanlar synag döwründe beden duýgusynyň stress bilen ýiti baglynyşygyny Alim Selýe (Selýe, 1974) subut edýär. Ol bu täsiri umumy alamat uýgunlaşmasy diýip atlandyrýar we sindromy üç döwre bölýär:

Birinji etap – ynjalyksyzlyk täsiri (täsir diýmek – himiki hem-de fiziki täsir).

Esasanam bu görnüş fizikologik üýtgemelere degişlidir. Bedeniň täze ýagdaýlarda täze duşuşma taýyarlyk fiziologik üýtgeşmelere mahsusdyr. Haýwanlary seresaply we ynjalyksyz ýagdaýa getirýär.

Eger bu ýagdaý uzaga çekse, onda şeýle uýgunlaşma duýgusyny döredýär. Bedeniň özüne öňki mahsus ýagdaýyna gelmegine getirýär.

Bu faza garşylykly täsir ýagdaýynda daşky görnüşini belli möçberde gal-maklygyna çalyşýar. Stress

durmuşyň iň bir esasy görnüşi bolup, gaçyp gutulyp bolmajak ýagdaýdyr.

## 24-NJI BAP.EMOSIÝANYŇ TAGLYMATY

### I. Emosiýalaryň daşky ýüze çykmagy

Emosional tutumynyň döremegi täze jogap bermäniň görnüşini kemala getirýär. Kä wagt emosional jogap berme güýçli we tötänlikde bolýar, gyjyndyrma agentiniň he-reketinden soň ýüze çy kýar. Emosiýanyň bu görnüşi affekt görnüşini kabul edýär.

Ýöne emosiýa yzygider kemala gelýär, uzak wagt latent görnüşinde galýar. Beýle bolanda mahsus bolmadyk emosional ýagdaýa syn edip bolanok.

Gitdigiçe taýýarlykly, hereketler üýtgeýär. Başda olar "bilelikdäki" häsiýetli eksp-resiw üýtgeşmeler bolup biler. Soňra bolsa afferent ýollaryna emosional prosesler ýaý-raýar. Şol bir wagtda emosional tutumyny aňlatmak bolup geçýär we şonuň bilen bag-lylykda emosional tutumda-da üýtgeşmeler bolup geçýär. Köplenç aňda emosiýa şekil-lendirilenok.

Taýýarlygyň güýjüni alan emosiýa psihiki mehanizmiň funksional ýagdaýynyň üýtgemegine güýçli täsir etme güýjüňi toplaýar. Emosiýanyň taýýarlygy birnäçe üýtgeşik görnüşde bolýar:

-Labyzly hereketler görnüşinde;

-Emosional hereketler görnüşinde;

-Emosional ýagdaýyny duýuşyny aýdyp bermek görnüşinde;

-Daş-töweregiňe bolan belli bir gatnaşygyňa.

Emosiýanyň daşky ýüze çykmagy.

Mimiki identifikasiýanyň görkezilişi. 100 ýyl mundan ozal mimiki hereket yzarlanylyp başlandy. Birinji dörän soragyň biri: näme üçin emosional ýagdaýda ýüzüň myşsasynyň dartyşynyň özboluşlylygy üýtgeýär?

Klassiky tarapdan bu soraga jogap Ç.Darwiniň nazaryýeti jogap berjek bolupdyr, ol bu barada "adamda we haýwanda emosiýanyň ýüze çykyşy" diýen işinde ýazýar (1872 ý.). Darwiniň öňe süren gipotezasynda, şonuň esasynda mimiki hereket peýdaly hereketlerden düzýär. Başga söz bilen aýdanyňda emosiýanyň ýüze çykmagy häzirki wagtda, ilki bilen jogap beriş bolup durýar. Peýdaly hereketleriň esasynda döreden mimiki hereket, peýdaly hereketiň gowşak tarapyny ýüze çykarýar ýa-da (mysal üçin, gaharyň gelende dişiňi gysmak uruş-sögüşde ulanylýar) ýa-da şonuň tersine (mysal üçin, ýüzüň myşsasyny gowşatmak görnüşi – ýylgyryşy, ýakymlylygy, ýaňky aýdanymyzyň ters tarapy bolup durýar) ýa-da emosional gyjyndyryjy ýagdaýy göni ýüze çykarýar.

Darwiniň aýtmagyna görä, mimika dogabitdi mehanizm haýwanlaryň görnüşinde garaşykly bolup durýar. Bu ýagdaýda şeýle diýseňem bolýar, mimiki täsir emosiýanyň belli bir görnüşi bilen baglanyşykly bolup durýar. Beýle baglanyşyk emosiýany mi-mikanyň üsti bilen bilmäge mümkinçilik bererdi.

Darwiniň nazaryýetiniň belli bölegi dogry bolup çykýar, sebäbi mimiki hereket umuman determenirlenen dogabitdi faktorlar bilen hemmesi gabat gelmeýär. Köp sanly syn etmeler we tejribeler şaýat bolup durýar. Ýazarmanlaryň köpüsi – adamlaryň başga adamyň mimiki hereketine düşünýärmi diýen sorag bilen baglanyşykly bolupdyr. Bu ýazarmanlaryň maglumatlarynyň üç görnüşi ulanylýar: mimiki täsiriň şekili; aktýoryň emosiýasyny ýüze çykarýan suraty; emosiýany gapma-garşylykly ýüze çykarýan emosiýa.

Mimiki täsirler ulanylan suratlaryň yzarlamalary nemes anatomigi Pidýerit tara-pyndan 1859-njy ýylda işlenilip guruldy. Şonuň esasynda hem mimiki hereketi birnäçe ýönekeý hereketleriň kömegi bilen häsiýetlendirseň bolýar. Pidýerit köp sanly üleňli suraty düzdi. Broing we Tiktçenerşol suratlaryň esasynda ýüzüň

belli bir böleginiň biri-biri bilen çalşyp boljak we ol toparlar mimiki hereketiň 360 sany üleňini aldylar. Synag geçirilýän şol taraplary görkezenlerinde olaryň hemmesi tebigy bolup görünýärdi. Emma şol şekile degişli emosiýany atlandyrmaly bolanda, atlandyrylýanlaryň arasynda gar-şylyklar döredi, ýazaryň pikiriçe, ýigrençligi görkezýän suratda olar ketjallygy, emel-sizligi, makullanmazlygy bilen deňeşdiripdirler, ýöne olaryň köpüsi (34 göterim) "ýigrençlik" diýen sözi ulanypdyrlar.

Mimiki görkezijiligiň şkalasy. Biziň sereden tejribelerimizde synag geçirilýän ýüzüň mukdar we dihotomik klassifikasiýasy häsiýetlendirilýärdi (nähili edeniňde dogry ýa-da ýalňyş).

Şu ýagdaýda hasaba alnanok, ýöne käbir emosiýalaryň ýüze çykmagy gerekli bolup durýar. Ýokarda agzalan Pidýeritiň suratlar bilen geçiren tejribelerinde synag ge-çirilýänleriň köpüsi garaşylmadyk ýagdaýy görkezýän emosiýany ýüze çykarýar. Şka-lany gurmak barada ilkinji synanyşyklar (mimiki çykymlygyň şkalasy), synanyşyklar Wudwersa degişlidir, soňra bu şkala Şlosberg tarapyndan kämilleşdirilýär. Şlosbergiň şkalasy aýlow görnüşindedir, ol özünde alty sany derejäni jemleýär:

**1.** Söýgi, şatlyk, baý;
**2.** Geň galma;
**3.** Ejir çekme, gorky;
**4.** Aýgytlylyk, gahar;
**5.** Ýüregiň almazlyk;
**6.** Ýigrenme.

Emosiýalaryň ýüze çykmagynyň spantanlygy: Emosiýalary öwrenmeklik birnäçe kynçylyklar bilen baglanyşykly. Hakykatdanda nähili hakyky emosional täsirli suratlary alyp bolar. Nädip adamyň durmuşyna goşulman, oňa anyk ejir çekdirmän bolar. Şu kyn-çylyklardan gaçmak üçin köp psihologlar dramiki usullara

ýüzlenýäler. Şunuň ýaly barlaglaryň iň bellisi Lendisiň tejribesidir.

Lendis öz tejribelerini 20-nji ýyllarda geçiripdir (onuň netijesi 1924-nji ýylda çap edildi). Bu gürrüňsiz gazaply tejribedir, ýaman emosiýalary ýüze çykarmagy üçin synag geçirilýän adamyň arkasyndan tüpeň atýarlar; synag geçirilýän adama ullakan pyçak bilen diri ak alakany kesmegi buýurýarlar, eger boýun towlasa, onda tejribeçi ol ope-rasiýany özi geçirýär; beýleki ýagdaýda synag geçirilýän adam öz ellerini suwly bedrä salýarlar we ol ýerde üz sany diri gurbagany tutýarlar we edil şol wagt gowşajyk elektrik toguny göýberýärler. Synag geçirilýän adamyň ýüz keşbi boýunça onuň emosiýalaryny kesgitlemek. Ol konwensiýa mimiki täsir(reaksiýa) özboluşly mimiki dildir. Liebsiň barlaglary awtomatik başdan geçirilýän emosiýanyň ygtyýarsyz mimiki täsirleriniň tapa-wutlandyrylmagyny görkezýär. Bu barada çaganyň mimiki ösüşini barlaýan barlaglar hem aýdýar. Bäbekde örän mimika az. Gudinaf, Gudworsiň, Şolsberiň şkalasyna beýan edilen, hemme mimika görnüşini 10 ýaşly kel kör gyzda synlaýar, bu bolsa mimiki çyz-gylaryň dogabitdiligini aňladýar. Barlaglaryň görkezişi ýaly, kör çagalaryň ygtyýarly mimiki täsirleri kämil däl, ýöne duýgular spantan ýüze çykarmasy beýlekilerden tapawutlananok. Şeýlelik bilen, emosiýalar mimiki ýüze çykmanyň kemala gelmegine üc sany faktor täsir edýär.

Kesgitli emosional ýagdaýlara diýen dogabitdi görnüş tipli shemalar.

Ygtyýarly kantora degişli sossiýallaşdyrylan, gazanylan, öwrenilen duýgularyň ýüze çykmasy.

Diňe şol indiwide degişli spesifik häsiýetli mimikanyň sosial görnüşli ýüze çykmany getirýän indiwidual ekspersiw aýratynlyklar.

Pantamimiki – bu emosional sesli ýüze çykmaklyk.

Elleriň hereketleriniň seslere öwrülmegi analogik faktoryň täsir edenini görkezýär. Emosional oýlanma

ýagdaýynda adatça sesiň güýji ýokarlanýar, ýene-de sesiň beýikligi we çaltlygy üýtgeýär. Bu näçe gezek emosiýanyň ses üsti bilen ýüze çykmagy, ses ýaz-gysynyň üsti bilen ýüze çykarmaga synanyşyldy. Ýöne ol birnäçe kynçylyklar bilen bag-lanyşykly bolan soň, bu synanyşyklar şowsuzdyr.

Emosiýalaryň ses üsti bilen ýüze çykmasynda hem dogabitdi görnüş tipli şert-lerine düzüm bölekleri bar. Dogabitdi mehanizmler sesiň güýjüniň üýtgemegi ýa-da sesiň tipliligi degişlidir, kä wagt aşa tolgunma tersine sesiň güýjüniň peselmegine hem getirip biler.

Emosiýalaryň ýüze çykmagynyň medeniýetara aýratynlygy. Adamlaryň özüni alyp barşynyň barlanmagy dürli medeniýetlerde umumylyklaryň bolmagy we hersine degişli aýratyn täsirleriň bardygy ýüze çykarylýar. Muňa mysal edip Klýan Bergiň hytaý edebiýatynyň derňewi baradaky maglumatlary getirilse bolýar. Ol aşakdaky gorkunç sözler bilen beýan edýär: “Hemmeler titiräp ýüzleriniň reňki palçyga meňzeş”, “saçlary dimdik bolup, bütin teniňde garynja ýörän ýalak”, “sowuk der basdy”, “onuň aýaklary ýerden gögeren ýaly boldy, ol gygyrmaga taýyndy, onuň dili lal boldy”. Bu getirilen mysallar Ýewropala hem düşnükli.

Begençli ýagdaýyň ýüze çykmasy has aýratynlykly bolýar. Mysal üçin, Taitada begençli ýagdaýda özlerine zeper ýetirýärler. Garry aýalyň garaşylmadyk ýagdaýda öz ogluny görüp begenip, öz ýüzüni ganaýança dyrnaçaklandygyny Uýlsyn syn edipdir. Begenç ýagdaýynyň şunuň ýaly ýüze çykmasyna Awstraliýa aborigenlerinde hem syn edilýär. Şeýle hem bolsa begenjiň has tipiki ýüze çykmasy gülküdir.

Emosional tutum şol ýa-da beýleki täsirleriň ýüze çykmagy bilen şertlenmän has kyn özüňi alyp barşyň görnüşi emosional hereketler bilen şertlendirilýär.

## II. Emosional hereketler

Labyzly täsir emosional tutumlaryň daşky ýüze çykmagy. Emosional tutum emosional hereketleri ýa-da maksada laýyk özüň alyp barşy ýüze çykaryp biler. Ol hereketler emosional ýagdaýy görkezmekden durýar. Labyzly täsir göni aragatnaşygyň umumy hereketiniň netijesi bolmak bilen ýönekeý emosional oýanmanyň dowamydyr. Emosional hereket gaýtalanýan aragatnaşykly ulgamynyň ýüze çykmagynyň netijesidir.

Munuň ýaly özüňi alyp barmalar başga sebäpleriň netijesi bolup biler. Mysal üçin, biriniň ynamyna girmekdir, birini nägile etmekden gorkmakdyr. Elbetde, bu ýagdaýda emosional hereketler barada gürrüň etmän motiwirlenen özüňi alyp baryş barada gürrüň etmeli. Hakykatynda bolsa labyzly täsir bilen emosional hereketiň arasynda anyk serhet çekmek kyn, sebäbi käbir ýagdaýlarda labyzly täsir emosional herekete geçýär. Bu tu-tum tersine hem bolup biler. Bu barada Sumbarda birnäçe mysal getiripdir, emosional hereketleri motiwirlenen özüňi alyp baryş görnüşi hökmünde seretmek bolýar. Sebäbi bu ýagdaýda emosional täsir bilen iş salyşman, emosional motiwirlenen tutum bilen işleýäris. Emosional hereket haýsydyr bolsa bir daşky effekti almak üçin gulluk edenok, olaryň ýeke-täk wezipesi başdan geçirmeýän emosional ýagdaýa düşünmeklikdir. Bu ýüze çykmaklygy ýörite güýçleriň esasynda gazanylýar. Mysal üçin, indeýler şeýle duýgulary (söýgi, gahar-gazap) beýan etmek üçin ýüzlerini dürli reňkler bilen reňk-leýärler. Bu ýagdaý ýönekeý ýüze çykma akty bolman, çylşyrymly guramaçylykly işjeňlikdir. Ýewropada şuňa meňzeş egin-eşigiň reňki emosional ýagdaýa bagly. Mysal üçin, gara reňk – gamgyn ýagdaýda geýilýär. Açyk reňk bolsa şatlykly ýagdaýy surat-landyrýar, edil şunuň ýaly sowgat saýlanda. Emosional hereketleriň mysaly gahary, sati-rany ýa-da aktlar bilen beýan etmek. Mysal üçin, Nikobar

adalarynyň ýaşaýjylary uly sögüşlikde öz jaýlaryny ýykýarlar.

Adamda emosional hereketler özüňi alyp barşyň gazanylan görnüşidir. Tersine haýwanlarda olar dogabitdi häsiýetde, şeýle hem haýwanlar belli emosional akty ýerine ýetirmek üçin käbir gazanylan tejribäni hem ulanýarlar.

**Emosional hereketleriň ösüşi.** Adamda emosional özüňi alyp barşyň hemme görnüşleri ösüşiň we öwrenilişiň önümidir. Ilki başda bäbekde arkaýynlyk we emasional oýanmany tapawutlandyryp bolýar.

Amerikan alymy Bridjesiň maglumatlaryna görä, ilki gynanma we şatlyk emosiýasy ýüze çykýar, soňra gahar, gorky durýar. Biraz ýokary ýaşly çagalar buýsanmaklyk, guwanmaklyk, mähirlilik ýaly emosiýalary duýup bilýärler.

Emosional herekete medeni adatlary hem özboluşly häsiýet berip bilýär. Mysal üçin, Amerikanyň Berens deryasynyň boýnunda ýaşaýan Salto taýpasy özüniň üýtgeşik dünýäsöýüjiligi bilen tapawutlanýarlar: agressiw häsiýetli, emosional täsirler ujupsyzja derejede ýüze çykýar. Adam öldürmek, öz-özüňi öldürmek, uruşmak ýaly zatlar olar üçin ýatdyr, ýöne bu şatlygyň adamlaryň gahar-gazap duýgusyny duýmazlygy däldir. Olarda erbetlik, duşmançylyk jadygöýleriň üsti bilen ýüze çykýar. Eger biri goňşusyna gahary gelse, onuň bilen örän mylaýym aragatnaşygy saklamaga çalyşýar. Şol bir wagtda hem magiýanyň kömegi bilen oňa zeper ýetirmäge çalyşýar. Şu taýpa ýaman emosiýanyň ýüze çykmagynyň ýene bir görnüşi gybat we töhmetdir. Bu soňky usul olary ýewropalylardan tapawutlandyranok.

Şeýlelikde, ilkinji aýlarda ýüze çykmanyň ýönekeýje häsiýetde bolup, kem-kemden ösüp, guramaçylykly ýüze çykmalar ösýär.

## III. Emosiýa – werbal hereketleri guraýan tutum hökmünde

Adamda emosiýanyň iň möhüm ýüze çykma görnüşi sözleýişdir. Emosiýalar gysga ýüzlenmeli sözleri ýüze çykaryp bilýär (artyp galmyş ol niredekä), uzyn sözlemler bilen hem (söýgüsini bildirmek, guwanjyny aýtmak) ýüze çykarypdyr. Emosiýalary ýazmaça görnüşinde hem ýüze çykyp bilýär: gündeligi ýazmak, goşgy, hat.

Söz iki wezipäni ýerine ýetirýär: görkezýär we ýüze çykarýar. Başgaça aýda-nymyzda, passiw we affektiw häsiýetli. Şol bir zady aňladýan söz dürli emosiýalary ýüze çykaryp bilýär we şol bir zady aňladýan dürli söz syrly emosiýalary ýüze çyka-rýarlar (garry aýal, garry heleý).

Düzgün boýunça alymlaryň we diplomatlaryň dili emosional çäklidir, žur-nalistleriňki bolsa sensasiýanyň habarçylarynyň dili tersine emosional baýlaşandyr.

Emosiýanyň dil üsti bilen ýüze çykmasy iki görnüşe eýedir. Sözleýiş emosional bezemek bolup biler. Bu ýagdaýda sözleýiş owadan sözler bilen baýlaşdyrylýar. Bular ýaly sözler bilen dramaturglar, şahyrlar we žurnalistler, ulanyşy boýunça söze öz boluşly affektiw wezipesidir, emma maglumaty Sitiru Paulesiň sözleýşinden geçirip bolmaz. Ol ony 1941-nji ýylda uruş döwründe aýtdy. "Gitler bilen faşistler, ganhorlar ýel turuzdy. Iň gadamly urşam onuň uzak wagtlylygy bizi ýadatmaz, biz ondan ýüz öwürmeýäris, ýarym öli bolsagam dynç almaga wagt bolmasada, gürrüňler we kompromisler bol-maýar".

Sözleýişde emosiýany ýüze çykarmak şular ýaly suratlandyryp bolýar. Her bir emosiýanyň ýagdaýyny görkezjek bolsa, ýa-da bir zat habar berjek bolsa, ony ýönekeýje görnüşde, onuň duýgusyny başdan geçirişini ýüze çykaryp bilýär. Bular ýaly hemme- tarapdan öz

duýgularyny, emozsiýasyny köplenç edebiýatda hem aýdyňlaşdyrsaň bolar.

Şeýle hem emosiýany sazda we žiwopisde görkezip bolýar. Sungat adamynyň duýgusyny, emosiýasyny hemmetarapdan peýdalanyp bilýärmi? Düzgün bolşy ýaly, emosional aladalanmanyň kynçylyklaryň arasynda bölüşikler syn edilýär. Ekspressiw başarnyklaryň çeper görnüşiniň şekilleri bolup bilýär. Şonuň üçin hem, öz duýguňy görkezmek we hiç haçan özüň doly özleşdirip bolanok.

Dil – bu hakykaty suratlandyrmagyň bir görnüşi bolup durýar, ol adamyň daş töweregi bilen aragatnaşyga girmeginiň dil üsti bilen ýüze çykýan görnüşini ýüze çykarýar. Şahsyýetiň özüniň öz aragatnaşygynda belli bir görnüşiniň sypaty adekwat bolup durýar. Bu bolsa belgili reprezetasiýa bilen baglanyşykda we gelýän maglumatlaryň esasynda emele getirlmän, şeýle hem merkezi nerw ulgamynda bolup geçýän üýtgeşmeler esasynda bolýar. Munuň bolsa üýtgemeginiň esasy çeşmesi bolup emosional tutumlaryň kämilleşmegi bolup durýar: soňky, biziň aýdyşymyz ýaly, barlagdan hem geçirip bolýar, belli bir wagt söz belgileriniň görnüşi şoňa esaslanyp, tejribäniň çeşmesiniň üýtgeşik görnüşi bolup durýar. Adam bolsa oňa aň ýetirip we maksada laýyk meýilnama işjeňligi boýunça işläp bilýär.

## IV. Emosiýa we hakykata gatnaşyklaryň kemala gelmegi

Adamyň edýän hereketi hakykata bolan gatnaşygy kesgitlemekdir. Hemme zatlar biri-biri bilen obýektiw gatnaşykda bolýar, adam öz gatnaşygyny biygtyýarly, maksada gönükdirilen, ýagny aňlap gurnaýar.

Adamyň gatnaşygynyň kemala gelmegi açyk, ýapyk, belgili, işjeň häsiýetli bolup bilýär. Olaryň birinji görnüşi adamyň haýsydyr bolsa anyk hereketiniň ýerne

orny eýeleýär. Ikinji hereketler diňe pikirde, hyýalda, ýerine ýetirilýär, orna eýe bolýar.

Haçanda emosional tutum emosional täsirini ýa-da hereketi ýerine ýetirende, emosiýalaryň kömegi bilen gatnaşyklary gurnamak bolýar. Ýöne özüňi alyp barşyň bölek aktlaryny gurnamak bilen çäklenmän, hakykata bolan azda-kände durnukly gat-naşygy gurnamaklygyň alamatyny hem döredýär, içki gatnaşyk käbir kesgitli özüňi alyp barşy aňladýar. Bu taýynlyk wagtlaýyn ustanowkany aňladyp bilýär, şol bir wagtda hem has durnukly berk emosional gatnaşyklara öwrülip bilýär.

Emosional guralýan täsiri barlaglaryň we tejribeleriň zady bolup durýar. Emosiýanyň wagtlaýyn ustanowka görnüşinde gatnasygynyň guralmagynyň täsirine mysal bolup Şehteriň barlaglary hyzmat edýär. Bu ýazar sosial şertnamalarda gorkynyň (howsala) gatnaşygy gurnamagyň täsirini gurnaýar. Barlaglar aşakdaky ýaly geçirilýär.

Synag geçirýänleri (gyza) iki topara bölýärler. Toparyň ikisine-de elektrik togy täsir etdirilýär. Synag geçirilýänleriň bir bölegi toguň urgusynyň güýçli we ýakymsyz bolandygyny habar berýär (uly we güýçli gorky), ýöne ikinji toparyň aýtamgyna görä, elektrik togunyň urgusynyň güýçli däldigi we ýakymsyz duýgusyny ýüze çy-karmaýandygyny aýtdylar (gowşak, gorka, ustanowka). Baha beriji şkalanyň ulanmagy emosiýanyň işjeňliginiň effektiwligini görkezýär; synag geçirilýanyň baha bermegine görä, ikinji toparda gowşak gorky, birinjä seredeniňde. Soňra bolsa synag edilenlere tejribäniň käbir näsazlyklary boýunça az wagtlyk ýatyrylýandygyny habar berýärler we olardan tejribäniň başlanmagyny bütin topar bolupmy ýa-da ýekelikde garşylajaklarmy ýa-da tapawudy ýokmy soraýaralar, synag geçirýärler.

Synag geçirilýän soraga jogap berenden soň tejribäniň gutaranyny habar berýär.

Emosiýanyň täsir etmesi diňe daşky dünýä täsir etmän, şeýle hem öz-özüňe gatnaşykda ýüze çykýar. Ýüze çykýan emosiýanyň esasynda öz-özüňe gatnaşykda üýtgemeler döräp biler, özüňe bolan garaýşyň beýgelmegine ýa-da peselmegine, üstünlige ymtylyş derejesiniň üýtgemegi, pes ýa-da ýokary özüňi makullamak we ş.m.. Faşistik germanlaryň milletçiligi yzarlananlaryň netijesinde uzak wagtlaýyn emosional dartgynlylygynyň astynda yzarlanýanlaryň köpüsinde ymtylyş derejesi peselýär we hü-när, sosial ymtylyşlary gatnaşygy islegler peselýär.

Biri-biri bilen gatnaşyga emosiýanyň kemala gelmegine täsir edýär. Şahsyýetiň täsir etmesi esasy orny eýeleýär. Emosiýa şahsyýetiň hereketine täsir edýär.

## 25-NJI BAP: EMOSIÝANYŇ FIZIOLOGIK TAGLYMATLARY

### I. Emosiýanyň ýerine ýetirýän wezipesi

Emosional taglymatyň esasy ähmiýeti- bu adamyň öz içki ýagdaýyna döran islegine we onuň kanagatlandyrmak ýollaryň mümkünçiliklerine basym baha ber-mekligidir. Biz hiç wagt iýmite baha berenimizde beloklaryň , ýaglaň, uglewodlaň, witaminleriň ,duzlaryň mukdary barada pikirlenmeýäris. Dine açlyk duýmanyň döre-megi bize ýeterlik bolýar. Isleglerиň kanagatlaandyrylmasy emosiýalarymyzda şöhlendirýär we baha berilýär. Iş tutumynda emosional tolgunmalar biri-birini kanun laýykly ça-lyşýarlar.

Alymlar emosiyanyň bir naçė funksiýalaryny belleýäler: şöhlendiriji (baha beriji), ymtyldyryjy, berkidiji, geçirliji we kommunikatiw.

### II. Şöhlendiriji (baha beriji) wezipesi

Bu funksiýa wakalara umumylaşan baha bermekde ýüze çykýar. Emosiýalar ähli organizmi eýeläp, gysga wagtyň içinde oňa täsir edýän faktorlaň peýdalylygyny ýa-da zyýanlygyny kesgitleýäler. Buňa mysal bolup adymyň

eliniň ýa-da aýagy-nyň ýaralanmygy bolup biler. Käbir emosional hadysalara baha beriji funksiýa deň derejede degişli däldir. Ol käbir tolgunmalarda has ýüze çykýar, anyk bolýar. Mysal üçin ,gahar, ýigrenç, utanç we ş.m. Şeýle tolgunmalaryň - kanagatlanmak ,ejir çekmek, begenmek, içiň gysmak- sebäplerini bellemek aňsat düşmaýar. Adamyň emosional baha beriji ukyplylary diňe tejribäň esesynda däl-de, beýleki adamlaryň bilen gatnaşykda döreýän emosional tolgumlaryn netijesinde bolup geçýär. Oňa sungat eserleri ,maglumat serişdeleň kabul etmesi täsir edip bilýär. Başgaça aýdanymyzda, adamyň emosional tejribesi, onuň indiwidual tolgunmalaryň tejribesinden has giňdir. Bu adamyň emosional çygyrýetiniň ösüşiniň faktorlarynyň biridir.

## III. Ymtyldyryjy wezipesi

Emosiýanyň baha beriji funksiýasy onuň ymtyldyryjy funksiýasy bilen baglydyr. S.L.Rubenşteýn emosiýanyň özünde meýil ,isleg, predmete gönükdirilmegi saklaýandygyny belläpdi. Emosiýa meseläniň çözülmegini tapmak, islegi kanagatlandyrmak, zonanyň gözleýşini ýüze çykarýar.W.K.Wilýunasyň pikirine görä emosiýanyň iki klasy (alyp baryjy we pursatlaýyn) ymtyldyrma funksiýany amala aşyrýarlar.Alyp baryjy emosional tolgunmalar predmete gönükdirlen bolýar, özüňi alyp baryşyň maksadyny, islegiň kanagatlanmasyny, adaptiw özüňi alyp baryşyňy üpjün edýär.Pursatlaýyn emosional tolgunmalar özüňi alyp barşyň belli etaplarynyň netijelerine baha bermegiň esasynda döreýär.Ol subýekti öňe hereket etmäge ýa-da özüňi alyp baryş taktikasyny, maksada ýetmek serişdeleri bilen utgaşdyrýar.

## IV. Berkidiji wezipesi

P.W.Simonow emosiýany berkidiji funksiýany belleýär.Emosialary okatmak tutumynda we ýatda gös-

göni gatnaşykda bolýarlar.Emosional reaksiýa döredýän ähmiýetli wajyp wakalar tiz we köp wagtlaýyn ýadymyza girýär.Şertli reflekleriň real berkemegi üçin peşgeş bolýar.Aç haýwan üçin peşgeş iýmit bolup bilýär.Peşgeşiň alynmagy položitel emosional döremegi bilen assosirlenýär.Emosiýalaň berkidiji funksiýasy P.W.Simonowyň "Emosional rezonans" eksperimental modelinde üstünlikli barlandy.Bu model sosial gatnaşyklaryň ýagdaýyny dikeldýär, otrisatel emosional ýagdaýlaryň döreýşini görkezýär we emosiýalaryň funksiýalary arassa görnüşde öwrenmäge kömek edýär.

### V.Kommunikatiw wezipesi

Mimiki we pantomimiki hereketler adama öz tolgunmalaryny, hadysalara gatnaşyklaryny, beýleki adamlara habar bermäge kömek edýär.Mimika, el here-ketleri, poza, intonasiýanyň üýtgemegi, adamyň duýgularynyň dili, habar beriş serişde.Ekspressiw hereketleň öwrenmeginde 1872 ýylda çykan Ç.Darwiniň işi ("Haýwanlaryň we adamlaryň emosiýasy ýüze çykmaklygy") uly rol oýnady.

## 26-NJY BAP. EMOSIÝALARYŇ TOPARLAÝYN BÖLÜNIŞI

### I. Adamyň özüni alyp barşy we emosional ýagdaýy

Adam diňe bir özüni gurşap alan tebigaty kabul etmän, eýsem oňa öz täsirini hem ýetirýär. Ähli zatlara (predmetlere) we hadysalara onuň özüniň kesgitli garaýşy bar. Mysal üçin, adam saz diňlände, okuw okanda, kitap okanda, öz ýakynlary bilen gatnaşyk edende dürli duýgulary başdan geçirýär.

Adamlaryň özlerini gurşap alýan dünýäsine we öz özlerine garaýyşlarynda ýüze çykýan başdan geçirme hadysalaryna emosiýa diýilýär.

Haçanda biz günüň dogşuna syn edenimizde, kitap okanymyzda, saz diňlänimizde, ýüze çykan soraga jogap gözlänimizde ýa-da geljek barada arzuw edenimizde, sizde akyl ýetiriş işiniň dürli görnüşleri bilen birlikde töwerekdäki dünýä barada gatnaşyklar döreýär. Şeýlelikde, siziň ýerine ýetirýän işiňiz sizi şatlandyryp ýa-da gynandyryp kanagatlandyrmak ýa-da närazylyk döredip biler. Şatlyk, tukatlyk, gorky, begenç, ökünmek bularyň hemmesi dürli-dürli duýgular we emosiýalardyr.

Eger kabul edişde, duýmada, pikirlenmede we göz öňüne getirmede dürli zatlar we hadysalar, olaryň dürli-dürli häsiýetleri we hilleri mümkin bolan arabaglanyşyklary şöhlelendirýän bolsa, onda emosiýalarda we duýgularda adam özüniň akyl ýetirýän mazmunyna bolan gatnaşygy ýüze çykýar.

Emosiýalarda we duýgylarda adamyň özüni alyp barşynda hereketlerini aýdýan zadyna, işine göwnüniň ýetýänligi ýa-da ýetmeýänligi ýüze çykýar. Olar dürli ýagdaýlarda aňladylýarlar.

Emosiýalar we duýgylar munuň özi adamyň töwerekdäki gurşap alan peýdaly zatlara we öz-özüne bolan özboluşly gatnaşyklarydyr. Bir zat dürli adamlarda dürli emosiýalary döredip bilýär. Mysal üçin, bir adam kömelek iýesi gelýän bolsa, beýleki bir adamyň bolsa, şol kömelekden aşa düşen (отравление) bolan ýagdaýynda ýüze çykýan emosiýa.

Emosiýalar we duýgylar olar çylşyrymly we köptaraplydyr. Olaryň guralyşynyň ýakynlygyny we ýüze çykyşynyň köptaraplydygyny köplenç adamyň özi aňmaýar. Başdan geçirilen duýgularyň psihiki derňewiniň çylşyrymlylygy, şeýle hem zatlara we hadysalara bolan gatnaşyklary, şahsyýetiň ýerine ýetirýän akyl ýetiriş işine erk-isleginiň işjeňligine baglydygy bilen düşündirilýär. Öz duýgularyň barada gürrüň bermekdäki tag-lymatlar olary dilden aýtmaklygyň kynçylykly bolýanlygy hemmelere mälimdir. Tapýan sözleriň ynandyryjylygyna onuň

emosional alamatlarynyň suratlandyrylyşyna, dogrulygyna şübhe döredýär.

Emosiýalaryň 3 görnüşi bardyr: oňyn (положитель); oňyn däl (отрицатель) we näbelli.

Emosiýalaryň we duýgularyň esasy ýerine ýetirýän işleri (funksiýalary) olaryň signal berijilik we dolandyryjylyk alamatlarydyr. Duýgularyň signal berijilik alamaty – gynançlaryň daşky gurşawda-da we adamyň teninde bolup geçýän özgerişlere laýyklykda döreýänligi we üýtgeýänligi bilen baglanyşyklydyr. Dujýgularyň dolandyryjy alamaty – durnukly gynançlaryň şahsyýetiň özüni alyp barşyna täsir et-mekden, ony goldaýandygyndan, duş gelýän päsgelçilikleri ýeňip geçmäge ýardam edýänliginde ýa-da işiň gidişine päsgel berip, öňüne böwet bolýanlygyndan ybaratdyr.

Emosiýalaryň dolandyryjy mehanizmleri emosional tolgunmalary azaldyp ýa-da onuň ösmegine ýardam edip biler.

Adamyň emosiýalary we duýgulary täsirli hereketler bilen utgaşýar. Olar **1)** (mimika)ýüzüň myşsalarynyň hereketi), **2)** pantomimika (tutuş bedeniň myşsalarynyň hereketleri). Çyny bilen begenýän adamyň gözi ýitelýär, ýüzünde şatlyk alamatlary ýüze çykýar.

Emosiýayň reaksiýasynyň emele gelmegi uly ýarym şaryň we aralyk beýniniň işi bilen baglanyşyklydyr. Onuň ýüze çykmagynda ýarym şarlaryň gabygynyň çekge we maňlaý bölümleri uly ähmiýete eýedir. Eger şol bölümlerde näsazlyk ýüze çyksa, onda emosional sazlaşyk bozulýar. Olar çaga ýaly şadyýanlyk ýagdaýyndan gaharly ýagdaýyna aňsatlyk bilen geçýärler.

Adamyň emosiýalary örän köp dürli we çylşyrymlydyr. Rus alymy P.K.Anohiniň belleýşi ýaly, adam emosiýasyz betbagtçylyklary, şatlyklary, zähmetden kana-gatlanmagy, bagta ymtylmak ýaly duýgulary bilmeýän robota öwrülýär we beýleki hem öz hereketlerine ähmiýet bermeýär.

## II. Emosiýanyň toparlara bölünişi

Ähli emosiýalar 2 topara bölünýär:

1. Ýagşy (položitel) (şatlyk, söýgi, begenç, kanagatlylyk we ş.m.);
2. Ýaman (otrisatel) (gahar, gorky, ýigrenç we ş.m.).

Islensik emosiýa nerw ulgamynyň işiniň güýçlenmegi, içki bedenleriň (gan aýlanyşyň, iýmit siňdirişiň) işeňňirligini üýtgedýän biologik işjeň maddalaryň ganda peýda bolmagy bilen ujtgaşýar. Şol biologik işjeň maddalaryň biri hem böwregiň üstündäki mäziň bölüp çykarýan garmony bolan adrenolindir.

Emosiýalar bilen utgaşýan reaksiýalaryň (inim tikenekläp gitdi, ýüregim gysýar we ş.m.) fiziologik ähmiýeti örän uludyr. Olar bedenleriň güýçlerini jemleýär, ony üs-tünlikli işjeňlige ýa-da goranyşa taýýar ýagdaýyna getirýär.

Her bir emosiýa manyly hereketler bilen utgaşyp gidýär. Mysal üçin, ýöreýşiniň, durkunyň,el hereketleri, ýüz-göz hereketleri, äheňi, sözleýiş tizligi bilen adamyň emo-sional ýagdaýyna düşünmek bolýar. Manyly hereketler emosional tarapyndan döredilen dartgynlylygy gowşadýar we emosiýanyň dili hökmünde çykyş edýär.

Alymlar adamlaryň ýüzüniň – şatlykly, gaýgyly, gorkuly, gaharly, geň gal-dyryjylykly ýagdaýlaryndaky suratlary alyp, köp ýurtlaryň çagalaryna görkezipdirler. Milletine, däp-dessuryna, terbiýesine garamazdan çagalar suratlarda görkezilen adam-laryň ýagdaýlaryny takyk we dogry kesgitläpdirler.

Emosiýanyň ýüze çykyşyny synlap, biz adamlara duýgudaşlyk edýäris, begenjine begenýäris.

Manyly hereket etmek adamlaryň arasynda gatnaşyk etmegiň özboluşly serişdesidir. Olar öz gezeginde jogap duýgularyny ýüze çykarýar. Mysal üçin, aktýoryň üm hereketleri, el hereketleri, äheňleri ol öz

gahrymanynyň içki dünýäsini açyp görkezýän keşbine girýär.

Manyly hereketler terbiýeçilik işlerinde-de, öz-özüňi terbiýelemekde-de ulanylýar.

Adam öz duýgularyny öz erkine göýbermeýär, manyly hereketlerini saklap bilýär. Adamyň bu häsiýeti, öz-özüne erk etmek, özüňi ele almak terbiýesinde we öz-özüňi terbiýelemekde gazanylýar. Şeýle hereketler adamyň ýokary medeniýetlidigini aňladýar.

## 27-NJI BAP. ADAMYŇ KEÝPI

### I. Keýip

Keýip – (nastroýeniýe) – indiwidiň psihiki işiniň ýa-da oňun ýa-da oňun däl emosional fonuny döredýän durnukly we uzak wagtlaýyn psihiki ýagdaýdyr. Gysga wagtlaýyn emosiýadan we effektden tapawutlylykda şu pursatda täsir edýän wakalara jogap reaksiýasy bolman, ol bu wakalaryň umumy durmuş planynyň höwesleriniň we gatnaşyklarynyň kontekstlerine ähmiýetini şöhlelendirmek.

Uzak wagtlaýyn keýp adamyň adamyň ö. a. b-de birnäçe güne we birnäçe hepde dowam edýär. Durnukly keýip ýokary derejede ösüp – şahsyýetiň häsiýetli aýratynlyklaryny görkezýär.

Keýip hemişe özboluşly sebäbi bolýar. Oňa tebigy wakalar, adamlar bilen bilelikde çekilýän zähmet şahsy durmuşyndaky hereketler bilen baglanyşykly bolup biler.

Keýip – adamyň özüni alup barşyny, adamyň işiniň ony bezeýänligi, şahsyýetiň işjeňliginiň ýokary göterilýänligi ýa-da peselýänligi häsiýetli zatdyr. Eger adamyň keýpi kök bolsa, onda uly kynçylyklar hem ýeňillik bilen amal edilýär. Edýän işi onuň üçin gyzykly bolsa onuň keýpi oňat bolýar. Adamlar bilen ýakymly ara-gatnaşykda bolýar. Eger-de keýpi ugursyz bolsa adamyň ýürekgysdyryjy, ýürege düşgünç bolýar. Islendik ýeňil iş hem onuň üçin ýetmegi kyn sepgit bolup durýar.

Kä ýagdaýda adamda göçgünlilik bolýar. Ol ýagdaý üýtgediji ýagdaýa eýedir. Göçgunlilik görä görnüp duran häsiýeti bolýar. M, adamlaryň arasyndaky adatdan daşary dawa köplenç güýçli gyzmak, gaharjaňlyk, joşgunlylyk, göçgünlilik arkaly çözülýär. Bu adamlaryň duýgularyndaky gysga wagtlaýyn intensiw reaksiýadyr. Göçgülilik ýagdaýy bolan adam köplenç öz edýän işine doly düşünmeýär. Ol özüni saklap, öz reaksyýasynyň netijesine göz ýetirip bilmeýär. Şeýle hem eden işiniň ähmiýetine, häsiýetine dogry baha berip bilmeýär.

**II. Adamyň keýpiniň bozulmagy**

Adamyň keýpiniň bozulmagyny birnäçe topara bölmek bolar:

1. Durmuşda başlan işiň ýol almazlygy;
2. Gatnaşýan, işleşýän adamlaryn bilen gatnaşykda käbir säwilikleriň bolmagy;
3. Her bir meýilleşdiren işin başa barman galmagy.

Okaýan, işleýän adamyň leýpiniň gowy bolmagy üçin rdýän işinden lezzet almagy zerurdyr. Eger onuň üçin işe başlamaklyk, öndürijilikli işlemek her gün uly alada goýýan bolsa oňa diňe bir işlemek däl-de keýipli bolmak baýartmaz. Yzygiderli şowsuzlyklaryň bolmagy adamyň işden elini sowadýar, sähel zada gahary gelýär. Her bi rata-ene çagasynyň bagly bolmagy üçin ony okadýar, terbiöeleýär we özbaşlak lurmuşa taýýarlaýar. Okuwçy mekdebe gatnap ugran gününde her gün öwrenel zatlaryndan lezzet almalydyr, bitiren işinden göwni hoş bolan wagtynda ol bagtlydyr, keýiplidir. Şeýle ajaýyp pursatlaryň yzygiderli dowam etmegi üçin okuwçynyň yhlas bilen okamagy, öwrenmegi zerurdur. Bu bolsa bilim-sowat, terbiýe öwredöän mugallymlarynda okuwça bolan oňyn garaýyşy kemala getirýär.

Adamyň keýpi näderejede bolsa onuň iş öndürijiligi, netijeliligi has-da ýokarlanýar. Her bir işçi,

daýhan öz edýän işinden lezzet alanda olaryň keýpi ýokary derejede bolýar. Durmuşyň ähli babatynda keýipli bolmak hemişe miýesser bolup durmaýar. Sebäbi her bir ynsanyň ozone ýeterlik aladasy, etsem-petsemi bolýar. Adam hiç bir meseläniň öňünde müzzermeli däldir. Bu bolsa onuň amal edýän işini yhlas bilen amal etmegine, işinň netijesinden özboluşly lezzet almaga şert döredýär. Okuw ýa-da işe başlamazdan öňürti ony oýlanyşykly, howlukman başamalydyr. Kä yagdaýda adamlar öňde duran meseläni çalt ýerine ýetirjek bolup köp sanly säwilikleri goýberýärler. Bu bolsa ahyrky netijede işin soňunda ýüze çykmak bilen adamyň keýpine sogan dograýar. Işe girişmezden öňürti name etmeli, nämäniň hasabyna amal etmeli, haýsy usullardan, serişdelerden, tärlerden ýerlikli peýdalanylsa oňat netijeleri gazanyp boljaklygyna göz ýetirmelidir. Şeýle edilende adam ýz bitiren işinden göwni suw içýär we keýpi ýokary derejede bolýar.

Keýip-adamyň daş-töweregini gurşar alan zatlara bolan garaýşynda üýze çykýar. Işe başlamazdan öňürti iş ýeriňe serenjam berseň, gerek bolan serişdeleri, gurallary ýerbe-ýer edip işe başlasaň ýerlikli bolar. Eger şeýle edilmese işe başlaýarsyň, gözleýän zadyňy tapaňok, ya-da ruçkaň ýazanok. Ýönekeýem bolsa ownukly-irili meselleleriň bolmzlygyny gazanan wagtymyzda biz gowy netijeleri gazanyp bileris. Bu bolsa biziň aň, ukyp, başarnyk taýdan kämilleşmegimize, her bir edýän,bitirýän işimizden göwnümiziň hoş bolmagyna,keýpimiziň çag bolmagyna alyp gelýär.

Işleýän ýa-da okaýan wagtyňda keýpiň oňat bolmagy esasan özüňe, şonuň bilen birlikde-de seniň daş töweregiňi gurşap alan adamlara baglydyr. Eger toparda agzybirlik bolsa, zähmetiň butin dowamynda birek-birege goldaw bolsa adam netijeli işläp bilýär, ýş öndürijiligi yokary derejä galyp bilýär. Bu meseleler bir bada,ýa-da

bir günüň dowamynda amal edilmän yuwaş-yuwaşdan durmuşa geçirilse ýerlikli bolar.

Ummumylaşdyryp alsak adamyň keýpi näçe ýokary bolsa onuň durmuşa, ýaşaýyşa bolan höwesi ýokary derejededir, iş öndürijiligi bolsa ähli talaplary ödäp bilýändir. Adamlaryň keýipli, yhlas bilen işlemekleri üçin zerur şertleri mekdeplerde, ýokary okuw mekdeplerinde, edaradyr kärhanalarda ýola goýmaly. Bu bolsa biziň Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan döwletimiziň ykdysady, syýasy we meden-ruhy taýdan kämil derejede ösmegine, galkynmagyna getirer.

## 28-NJI BAP: DUÝGYLAR WE OLARYŇ GÖRNÜŞLERI

### I. Duýgy barada düşünje

Duýgy – özüniň otnositel durnuklylygy bilen tapawutlanýan, adamyň predmetlere we barlygyň hadysalaryna bolan gatnaşygyny syzyşynyň esasy görnüşleriniň biridir. Olar akyl ýetiriş tutum bilen işiň we özüňi alyp barşyň erkli alamatlary bilen bilelikde ýüze çykýar. Duýgularyň mazmuny bolup şahsyýetiň akyl ýetirýän we ýerine ýetirýän durnukly gatnaşyklaryny öz içine alýar. Şahsyýete häsiýetnama berlende, onuň nähili adamdygyny, nämäni halaýandygyny, nämä buýsanýandygyny, nämä begenýändigini, nämeden utanýandygyny gürrüň edilýär.Indiwidiň durnukly duýgularynyň dersi, onuň intensiwligini, häsiýeti we ýygylygy, emosiýa, affekt görnüşinde, stress ýagdaýda syn edýäne adamyň emosional dünýäsine gözüni açýar, onuň duýgularyny, onuň özbaşdaklygyny (indiwiduallygyny) görkezýär.

Şol sebäpli, emosional tutumlar derňew edilende, wagtlaýyn ýagdaýlaryň häsi-ýetnamasynyň durnukly duýgulara geçmelidir. Olar adamyň şahsyýetine esasy häsiýetnama berýärler.

Emosiýalardan, affektlerden, keýplerden tapawutlylykda duýgular adamyň obýekte, durnukly

isleglere gatnaşyklary şöhlelendirýär. Emosiýalar wagtlaýyn hä-siýetde bolýar, anyk şertlerde döreýär. Şol sebäpden hem, duýgular durnuklylygy uzakgiderlik bilen häsiýetlendirilýändirler, olar sagatlaýyn we günaşa bilen däl-de, emma aý we ýyl dowamynyň möçberi bilen ölçenýändirler. Duýgulara predmetik häsiýetnamasy mahsusdyr, olary faktlar, wakalar, adamlar, ýagdaýlar döredýändirler, şonuň bilen hem alynýan subýekti ýagşy ýa-da ýaman ýagdaýynda motiwleşdirilen. Durnukly motiwler diňe durnukly duýgynyň zady (predmeti) bolan ýagdaýynda adamyň ulgamlaýyn (sisBaptik) hereketini ýüze çykarýar we işe hemişelik hereketlenen ym-tylma bolup durýar.

Synçy adamlaryň daşky hereketlerinde onuň motiwlerini görüp we olaryň se-bäplerini düşündirip bilýär. Ýöne adamyň öz-özüni alyp barşyny we islegleriň motiwlerini duýgy hökmünde başyndan geçirýär. Psiholog S.S.Rubenşteýn duýgular adam üçin subýektiw taýdan häsiýet bolup çykýar we onuň görnüşi bolup durýar. Bu motiwasiýanyň subýektde duýgy görnüşinde açylyp durýan bolup aňladýar we is-legleriniň kanagatlandyraýjak obýektleri belleýär.

## II. Hyjuwlar

Hyjuwlar. Adamyň durnukly duýgularynyň biri hyjuwlary emele getirýär. Adamyň durmuşynda bolup geçýän wakalar bilen adamyň şoňa bolan içki duýgusy mydamalyk täsir edýän güýç bolup durýar. Şol güýç käbir esaslary döredýär: kabul etmek, gaýgy etmek we ş.m. zatlar emosiýalar bilen çalyşýar. Şonluk bilen duýgy adamyň işjeň pikirleniş işine girýär. Hyjuw diýip – durnukly, çuňňur we güýçli duýgy adamyň hereketini we pikirini kesgitleýär. Hyjuw adama haýsyda bolsa bir zada bolan duýguny, ýagty we janly kanagatlandyrýar. Hudaý bilen baglanyşykly däl hyjuwlary ikinji maksatnamada (planda) goýýar, şol zatlar adamy gyzyklandyranok, öz-

özi ýatdan çykyp gidýär. Hudaý bilen baglanyşdyrýan zatlar alada etdirýär, özüne ünsi çekdirýär, ýadyňda galdyrýar (iň bolmanda ownuk zatlar hem). Kanagatlandyrmaýan hyjuw köplenç güýçli emosiýany hem-de garaşylmadyk ýagdaýlar (gazap, müňkir gitmek, gaty görmek, öýkelemek). Hyjuw käbir ýagdaýlarda parasatly hem bolup bilýärler, ýokary duýguly, mysal üçin, Watana söýgi, tehniki döredijiler ýa-da halkyna hyzmat ediji we ylmyň çeşmelerini gözlemek, şeýle ýagdaýda hyjuwlar özgerişikleriň çeşmesi, köpýyllyk agyr-agyr zähmetler, açyşlar, döredijilik derýasyna ýetmek bolup durýar.

## III. Söýgi

Köpsanly durnukly duýgy bolup, hemme pikirleri we şahsyýeti hem-de wagty häsiýetlendirýän onuň emosional çygyrýetini gurşap alýar. Soýgi – ol adamyň iň esasy hususy duýgusydyr. Söýgi diýen düşünje psihologiýada iki manyda ulanylýar. Giň manyda söýgi – bu beýik derejeli emosional ýagşy aragatnaşykdyr, şunuň ýaly söýgi Watanyňa, ejeňe, çagalaryňa, saza we ş.m. bolup bilýär.

Dar manyda söýgi – ol subýektiň çekeleşikli duýgusy bolup durýar. Çuňňur häsiýetli söýgi duýgusy nygtap durýan emosiýa näzikligine hem-de ş.m. ýa-da keýpsiz hakykatdan gamgyn adamlarda döreýär. Söýgi biologik başlangyjyna ýakynlaşdyrýarlar, mysal üçin, jyns aragatnaşyklary ýa-da ýagşy tarapyndan alanyňda bolsa söýgi ruhy duýgy diýip alynýar, ol fiziologiki tarapyndan. Şolar esasynda medeniýetiň esasy özara klassiki esasy hem çykýar. Jemgyýetiň aýratynlygynda bolsa, adamlaryň arasynda bolup geçýär. Şol esasynda hem jyns aragatnaşyklary ýüze çykýar, şeýle hem adamlaryň söýgä bolan ruhy baýlygy artýar.

Söýgüni häsiýetlendirýän duýgular hem içki jahyllyk döwründe bolup geçýär. Mälim bolşy ýaly, käbir

mugallymlar şol duýga häzir bolup seredýärler, esasan hem, uly synplarda. Jahyllyk söýgüsi hem edil uly adamlarda bolşy ýaly, jyns aragatnaşyklaryny talap edýär. Ýöne içki jahyllyk döwründäki söýgi hem ýetginjeklik döwründäki söýgi uly adamlar üçin garaňky bolup görünýär.

Ýetginjeklik döwründe esasan jyns gatnaşyklaryna üns berýärler. Käbir mugallymlar uly synplaryň söýgüsine garşy bolýarlar, ol bolsa beýle däl, gaýta olaryň şahsyýetini terbiýelemeli, ruhy dünýäsini baýlaşdyrmaly.

## IV. Duýgularyň görnüşleri we olaryň kemala gelişi

Duýgularyň şeýle görnüşleri ahlak intelektual we estetiki duýgular. Ahlak duýgularynyň mazmuny adamdan adama we giňlikden jemgyýete gatnaşygy bolup durýar. Bu duýgulara daş-töweregimizi gurşap alyjylar, ahlak kadalary, jemgyýet ýaşaýşynyň ähli çygyrýetinde şahsyýetiň özüni alyp barşyny sazlaýjy esasy bahany berýär. Ahlak duýgusyna: söýgüliň we dar manyda, alada, gowulyk islemeklik, wepalylyk we ş.m. degişlidir.

Şol kriteriýa seredeniňde amoral duýgular ýüze çykýar: gysgançlyk, egoizm, doňýüreklik, içigaralyk. Duýgulary terbiýelemek baradaky sorag iň wajyp soraglaryň biri bolup durýar. Bu duýgularyň emele gelmesi hem jemgyýetiň guralmagynda düýp fundament bolup durýar.

Intellektual duýgular – şahsyýetiň aýdyň şöhlelenişini ýüze çykarýar. Psihologiýa ylmynda pikir etme we emosional işleriň (prosesleriň) arasyndaky baglanyşyk ýüze çykýar. Bularyň biri-birine aragatnaşygynda duýgy intellektual sazlaýjy (regulýator) hökmünde gelýär. Filogesde we ontogenesde duýgunyň ösüşi bilen gelýär.

Intellektual duýgular: geň galmak, müňkir bolmak, hakykata bolan söýgi ýaly adalgalary içine alýar. Duýgy

sebäpli adam derňelende şol ýagdaýda olarda gözükdirme (oriýentirlenme) emele gelýär.

Akyl ýetiriş işinde şahsyýet elmydama gipotezalary öňe sürýär we olaryň çöz-güdini tapjak bolýar. Hakykaty tapmaly wagtynda her hili müňkirlik ýüze çykyp hem bilýär. Ýöne şahsyýet dürli-dürli ýollar bilen bu meseläni çözýär. Şeýlelikde, meseläni çözmekde ynanma duýgusy hem ýüze çykýar. Bu duýgy bolsa şahsyýetde hem kyn wagtlarda kömek edýär hem-de işjeň akyl ýetiriş hereketdir. Intellektual duýgulary okuw işinde öwrenmek we okuwçylarda şonuň esasynda şol derse söýgi döretmek zerurdyr. Okuwçyda okuwa söýgüsi bolmasa, onuň okamajakdygy mälimdir. Okaýan adam elmydama täze alýan bilimlerine begenip, ýene-de täze-täze zatlary öwrenýär.

Estetiki duýgulary şahsyýetiň ýaşaýyş şertleri bilen aragatnaşygy ýüze çykarýar. Şol şertleri saýlap-seçip şular ýaly owadan ýa-da gelşiksiz, tragediki ýa-da komiki, näzik ýa-da gödek diýip şöhlelendirýär. Bu duýgular dürli-dürli bahalar bilen kesgitlenilýär, ýagny bu baha adamyň maddy taýdan ösüşine hem bagly bolup durýar. Estetiki duý-gular şahsyýetiň maddy taýdan ösmeginiň hem esasy bolup durýar. Ýagny mesele getirenimizde ýörite estetiki duýgunyň degişme (ýumor) hökmünde gelip bilýär. Ýagny şahsyýet gürrüňde komiki taraplaryny saýlap geçýär. Ýagny degişmäniň (ýumoryň) üsti bilen şahsyýetiň ýaman taraplaryny görkezýär. Ýiti tankyt gaharjaňlyk ýaly duýgulary ýüze çykýar. Ýagny şol adamyň degişmä bolan duýgusynyň bardygyny barlajak bolsak, onuň deňeşdirmelere, karikaturalara, komiki ýagdaýlara garaýşyny bilmeli. Eger duýgy ýetmezçilik etse, onda şol adamyň emosional derejesi pes hem bolýar. Ýagny bu ýagdaý ýetginjeklerde hem ýüze çykýar. Degişme (ýumor) bu ýerde erbetlik, erbet sözlere geçip, mugallymlara we ata-enä howply ýagdaý döredýär.

## 29-NJY BAP. ADAMLARYŇ DUÝGYLARYNYŇ TARYHY TAÝDAN ÖWRENILIŞI

### I. Adamyň emosiýalarynyň we duýgularynyň görnüşleri

Şahsyýetiň durmuşynda emosional ýagdaýlaryň ähmiýeti uludyr. Olar belli bir wagtyň dowamynda adamyň bütiň fiziki işini bezeýärler. Emosional ýagdaýlar diňe bir dowam edýän psihiki işiň häsiýetine bagly bolmak bilen çäklenmän, eýsem, oňa uly täsir edýär.Emosional ýagdaý ýerine ýetirýän işi edilen hereket özüňi duýşuna bagly bolýar.

Emosiýanal ýagdaýlar adamyň özüni alyp barşynyň fiziki aýratynlyklary şeýle hem tötänleýin oňa mahsus bolmadyk psihiki hadysalar hökmünde ýüze çykýar. Adam üçin tipiki emosional ýagdaýlarda şahsyýetiň özbaşdak tipologik aýratynlyklary beýan edilýär. Mysal üçin, melanhonikler uzak wagt keýpsiz ýagdaýda bolmaga meýilli bolup, sangwinikler bolsa şadyýan güýçli emosional ýagdaýlar şahsyýetiň düýpli aý-ratynlyklaryny ýüze çykarman, olar emele gelen ýagdaýa laýyklykda ýüze çykýarlar.

Emosional ýagdaýyň hemmesi wagtlaýyn häsiýetdir, ýöne tipiki ýagdaýlar hem adamda has köp duş gelýär we şahsyýet häsiýetler bilen belli bolýar.

Keýp – munuň özi adamyň ähli beýleki başdan geçirenlerini we işlerini bezeýän we has köp ýa-da az durnukly emosional ýagdaýdyr. Keýp özüniň dowamlylygy, aýdyňlygy, aňlanylýanlygy ýaly häsiýetleriniň dürli derejede bolmagy bilen tapa-wutlanýar. Şol sebäpli hem ol wagtlaýyn we durnukly diýen ýaly görnüşlere bö-lünýärler. Uzak wagtlaýyn keýp birnäçe günden birnäçe hepdä çenli dowam edip bilýär. Durnukly keýp ýokary derejede ösüp şahsyýetiň häsiýetine häsiýetli aýratynlygyna öwrülýän ýagdaýlary

hem bolýar. Keýpiň dürli sebäbi bolup bilýär, ýagny olar töwerekdäki tebigat wakalary, adamlar, edilýän iş bilen bagly bolup bilýär.

Ýöne bu hadysalar hemişe sebäp bolup bilmeýärler. Şonuň üçin adam käwagtlar düşnüksiz şadyýan, düşnüksiz tukatlyk ýagdaýda bolýar.

Göçgünlik ýa-da affektiw ýagdaý. Göçgünlik ýagdaýy kem-kemden ýokarlanýan emosional dartgynlyk arkaly ýüze çykýar. Göçgünlik ýagdaý üýtgeýji we göze görnüp duran häsiýetde bolýar. Eger-de keýp geçiş derejesi boýunça durnukly häsiýete eýe bol-sa, onda göçgünlik ýagdaý intensiw ösüşi bilen tapawutlanýar. Göçgünlik ýagdaýyň hemişe haýsydyr bir tamamlanýan ýeri bolýar. Mysal üçin, haýsydyr bir islenmeýän waka ýa-da garaşylmaýan ýakymsyz gürrüň birden amatly gutarsa, ol kanagatlanmak bilen gutaryp bilner. Adatdan daşary dawaly ýagdaýlarda göçgünlik ýagdaý köplenç güýçli gyzmak, gaharlanmak, joşgunly çykyş etmek göçgünlik arkaly çözülýär. Göçgünlik bu adamyň duýgularyndaky gysga wagtlaýyn joşgunly adatdan daşary intensiw ýagdaýdyr. Göçgünlik üçin häsiýetli zat, onuň adatdan daşary güýçli ýüze çykmasydyr. Ol adamyň kalbyny tutuşlygyna eýeleýär. Göçgünlik ýagdaýda köplenç öz edýän zadyna özi düşünmeýär. Ol özüni saklap, öz reaksiýasynyň netijesine göz ýetirip bilmeýär. Köplenç göçgünlik ýagdaý tertipsiz öz duýgularyna gözegçilik etmegi öwrenmedik adamlarda ýüze çykýar. Şeýle adamlar kiçijik zatlara-da uly göçgünlik bilen jogap berýärler.

Stress – munuň özi garaşylmadyk we dartgynly şertlerde döreýän emosional ýag-daýdyr. Özüňi alyp barşyň stress ýagdaýy duýdansyz üýtgän şertlerde çalt we özbaşdak karara gelmek zerurlygyny döredýän howply ýagdaýlarda reaksiýanyň çaltlygy ýaly häsiýetlerde ýüze çykýar. Stress ýagdaýynda maksada gönükdirilen işiň amala aşmagy kynlaşyp, pikiriň başga zada geçmeginden

we bölünmeginden başlap, hatda hereketleriň umumy togtamagy ýa-da doly bozulmagy bolup biler.

Stress ýagdaýynda kabul edişiň (duýdansyz peýda bolan betniýet garşydaşlaryň) sanyny kesgitlemekden ýadyň gowy bilýän zatlaryny, ýalňyşlyklary garaşylmaýan şol bir gyjyndyryjylara dürli reaksiýalaryň bolmagy we ş.m. mümkindir. Ýöne birnäçe adamlarda güýçli bolmadyk stress hem täze güýç, işeňňirlik pikirleriň aýdyňlygyny we durulygyny döredip biler.

Frustrasiýa – bu durnukly oňyn däl (otrisatel) tolgunmasyny döredýän aşa närazylyk meýilleriniňaýbanlanmagyna, aňyň we hereketleriň bozulmagy bilen utgaşýan emosional ýagdaýdyr. Frustrasiýa şahsyýete durmuş taýdan oňyn däl baha berlende we öz-özüňe şeýle baha bereniňde, onuň giň şahsy ähmiýetli gatnaşyklary ýüze çykýar. Frustrasiýa köplenç emosional häsiýetli, aşa gaharjaň durmuş wakalarynda bişişmedik kynçylyklara we agyr ýagdaýlarda ýaramaz taýýarlykly häsiýetiniň erk-isleg tarapy ýeterlik ösmedik adamlarda bolýar. Mysal üçin, lälik saklanan cagalar üçin haýsydyr bir zat çäklendirilende, köplenç frustrasiýa döreýär. Frustrasiýa ýagdaýynda adam aýratyn güýçli nerw fiziki tolgunmasyny başdan geçirýär. Ol aşa janyňy ýakmak, gazaplylyk, tukatlyk, töwerekdäki zatlara parhsyzlyk, çäksiz özüňi horlamak görnüşlerinde ýüze çykýar.

Durmuş ýagdaýlarynda agyr, gam-gussany başdan geçirýän adamlarda frustrasiýa ýagdaýy gaýtalanýar. Frustrasiýa islegiň, meýliň, maksadyň kanagatlandyrylmazlygy hemişe frustrasiýanyň ýüze çykmagyna getirýär. Adamyň köp ýerde lapy keç bolýar. Mysal üçin, umumy okuwa (leksiýa) gijä galýar, ertirlik edinmäge ýetişmeýär, kino bilet tapmaýar, käýinç alýar. Ýöne, şeýle ýagdaýlar hemişe biziň aňymyzy we hereketlerimizi bozmaýar. Frustrasiýa diňe närazylygyň

derejesiniň adamyň çekip çydajak derejesinden ýokary bolan ýagdaýynda ýüze çykýar.

Maglumat taglymaty. W.P.Simonowyň işlerinde adamyň we ýokary derejede ösen haýwanlaryň emosiýalary haýsy hem bolsa işjeň isleg we subýektiň öňki toplanan tejribesiniň we şu pursatda gowuşýan maglumatyň esasynda bu isleg kanagatlandyrmak mümkinçiligine berýän bahasy bilen kesgitlenýär diýen pikirden ugur alýan taglymat. Bu taglymat W.P.Simonow tarapyndan teklip edilen ýörite formula bilen aňladylýar:

$$E = I(M_f - M_z)$$

Bu ýerde: E – emosiýa; I – isleg; $M_f$ – bar bolan maglumat; $M_z$ – zerur bolan maglumat.

Bu taglymata laýyklykda emosiýa haçanda adamda haýsydyr bir isleg döräp, ony kanagatlandyrmak dogrusyndaky bar bolan maglumat bilen zerur maglumatyň ara tapa-wudy ýüze çykanda, ýagny islegi kanagatlandyrmak ähtimallygynyň ýokarylygyna ýa-da pesligine laýyklykda döreýär.

## II.Alymlaryň duýgulary öwrenmek boýunça geçiren tejribeleri

Emosiýalaryň Jeýms-Langeniň taglymaty. XX asyryň 80-90-njy ýyllarynda biri-birinden bihabar amerikan alymy Jeýms we nemes alymy G.Langen tarapyndan bu taglymat öňe sürüldi. Bu taglymata görä emosiýalar daşky täsirler esasynda erkli hereket gurşawynda ýürek-damar, mäz işläp çykaryş işleriniň erksiz hereketlerinde ýüze çykýar. Bu taglymatyň mazmunyny şeýle kesgitlemek mümkin. Biz aglaýandygymyz üçin gaý-gyly, sandyraýanlygymyz üçin gorkýarys, gülýänligimiz üçin şatlanýarys.

Gutarylmadyk hereketiň täsiri (Zeýgarnigiň effekti). Işiň arasynyň kesilmeginiň zadyň tutumlarynyň ýa-da işlerini (proseslerine) edýän täsirini häsi-ýetlendirýän hadysa K.Lewiniň okuwçysy Zeýgarnik mugallymyň çaklamasyny tejribede barlap, arasy kesilen ýumuşlaryň öz motiwasiýasy dartgynlygy saklaýanlygy üçin doly işlenen ýumuşlara garanyňda oňat ýatda galýandygy subut edilýär.

Del Gadonyň işlerinde emosiýalaryň meseleleri. Emosiýalar beýniniň ýörite mehanizmleri esasynda döredilýär. Beýniniň gabyk asty ýerinde (oblastynda) tümmek diýip atlandyrylýan aşak ýanynda ("lezzetlilik", "hasrat") merkezleri bolup, olar gyjyndyrylan ýagdaýynda adamda, haýwanda degişli emosiýalar döreýär. Günbatar Ýewropada Del Gado diýen alym ýokary aýdylanlara degişli birnäçe tejribe işlerini ge-çiripdir, ýagny öküziň hasrat merkezlerine täsir edilende, öküz däli derejä ýetip hereket edýär.

Ýorks-Dadsonyň kanuny. Amala aşyrylýan işiň hiliniň (netijeliliginiň motiwasiýasynyň) işjeňligine, derejesine baglylygyny ýüze çykarmak. Ýorks-Dadsonyň kanunynyň tassyklamagyna görä, motiwikasiýanyň işjeňliginiň artmagynyň işiň hili jaňa meňzeş egrem boýumça üýtgedýär. Ilki ýokarlanyp, işiň şowlulygynyň görkezijileri iň ýokary derejä ýetensoň, kem-kemden peselýär. Işiň netijeliliginiň iň ýokary derejesini dogry gelýän motiwasiýanyň optiwasiýasy diýilýär. Ýorks-Dadsonyň kanunynyň ykrar etmegine görä, subýektiň alyp barýan işi näçe çylşyrymly boldugyça, motiwasiýanyň has pes derejesi bu iş üçin optimal bolýar.

# III. E D E B I Ý A T :

**Esasy:**


1. Berdimuhamedow Gurbanguly. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. 1-nji tom. – Aşgabat, 2008.
2. Berdimuhamedow Gurbanguly. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. 2-nji tom. – Aşgabat, 2009.
3. Berdimuhamedow Gurbanguly. Ahalteke bedewi – biziň buýsanjymyz we şöhratymyz. – Aşgabat, 2009.
4. Berdimuhamedow Gurbanguly. Döwlet adam üçindir. – Aşgabat, 2008.
5. Berdimuhamedow Gurbanguly. Türkmenistan – sagdynlygyň we ruhubelentligiň ýurdy. - Aşgabat, 2007.
6. Berdimuhamedow Gurbanguly. Türkmenistanda saglygy goraýşy ösdürmegiň ylmy esaslary. - Aşgabat, 2007.
7. Berdimuhamedow Gurbanguly. Garaşsyzlyga guwanmak, Watany, halky söýmek. – bagtdyr. - Aşgabat, 2007.
8. Saparmyrat Türkmenbaşy. Ruhnama. A., 2001.
9. В.Г.Асеев.W. Роль мотива в формировании личности . М.1976.
10. Л..И. Божевич.Особенности в формировании личности в детском возрасте. М.1968.
11. В.М.Вильюнас.Мотивации эмоциональной псхологии. М.1976.
12. В.С.Дерьябин. Чувство. Эмоция. L. 1974.
13. Хайуз Хек Хаузен. Мотивация и деятельность Москва. 1986.


**Gosmaça:**


1. В.И.Додонов. Emosiya gymmatlyk hökműnde М.1978.

2. B. W. Zeygarnik, K. Lewiniñ şasyýet taglymaty. M. 1981.
3. I. Izard. Adamyñ emosiiýasy. M. 1980.
4. W. I. Kowalyew. Motiwasiýa meseleleri. Psihol. Jurnal. T. 2. 1. M. 1981.
5. L. A. Kitayew-Smyk. Adatdan daşary ýagdaýlaryñ psihologiyasy. M.1980.

## MAZMUNY

Giriş.....................................................................7
1-nji bap. Motiwleriň fiziologik esaslary ......................8
2-nji bap.Gaharjaňlyk meýliniň başlangyjy we
şahsy aýratynlyklar ......................................................12
3-nji bap. Maksat we
motiwler................................................................... 19
4-nji bap.Kömek
meýilleri.................................................................. 24
5-nji bap. Höküm etmek meýli.....................................30
6-njy bap. Gapma-garşylyk, çaknyşmak
(konflikt) taglymaty....................................................38
7-nji bap. Motiwler we emosiýalar, endikler................ 43
8-nji bap. Çagalarda motiwiň ösüşi...............................47
9-njy bap. Motiwleri öwrenmegiň usullary................. 50
10-njy bap.Islegler barada düşünje…………………....... 53
11-nji bap. Biologik islegler …………………...............57
12-nji bap. Adamyň islegleri.......................................60
13-nji bap. Islegleriň psihologik
taglymatynyň tankydy..................................................63
14-nji bap. K. Lewiniň islegler hakyndaky
taglymaty.....................................................................65
15-nji bap: Islegleriň dinamikasynyň
tejribe barlaglary......................................................... 68
16 –njy bap: Psihologiýada meýilleriň meselesi. .........73
17-nji bap. Ýewropa alymlarynyň meýilleri
öwrenişi...................................................................76
18-nji bap. Meýiller, islegler, maksatlar.......................80
19-njy bap:Adamyň durmuştndaky meýilleri
öwrenmegiň taryhyndan.............................................85
20-nji bap. Meýilleriň
gurluşy.....................................................................90
21-nji bap : Meýilleriň tejribe barlaglary......................93
22-nji bap.Emosiýalaryň kadalaşdyryjy

işi (funksiýasy)..........................................................96
23-nji bap. Adamlaryň durmuşynda
emosiýalaryň orny.....................................................101
24-nji bap.Emosiýanyň taglymaty...............................105
25-nji bap. Emosiýanyň fiziologik taglymatlart........115
26-njy bap. Emosiýlaryň toparlaýyn bölünişi..............117
27-nji bap. Adamyň keýpi..........................................121
28-nji bap. Duýgylar we olaryň görnüşleri..................124
29-njy bap. Adamlaryň duýgylarynyň taryhy
taýdan öwrenilişi........................................................ .129
Edebiýat.......................................................................132